Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**A. S. Sagdullaýew, W. A. Kosteskiý**

# GADYMY DÜNÝÄ TARYHY

*Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 6-njy synp okuwçylary üçin derslik*

*Düzedilen we üsti dolduryIan bäşinji neşirden terjime*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan hödürlenilen*

**«Yangiyo'l Poligraf Servis»**
**Daşkent – 2017**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**UOʻK: 94(100)=512.164(075.3)**
**KBK: 63.3(5Oʻ)**
**S 15**
**Sagdullaýew, A.**
**Gadymy dünýä taryhy:** umumy orta bilim berýän mekdepleriň 6-nji synpy üçin derslik / A. Sagdullaýew, W. Kosteskiý. - Düzedilen we üsti doldurylan bäşinji neşirden terjime. - Daşkent.: «Yangiyoʻl poligraf servis», 2017. - 192 s.

UOʻK: 94(100)=512.164(075.3)
ISBN 978-9943-382-94-7 KBK: 63.3(5Oʻ)ya72

**Syn ýazanlar:**

*taryh ylymlarynyň doktory, akademik* **Ýu. F. Burýakow**,
*taryh ylymlarynyň doktory* **Oʻ. M. Mawlanow**,
*taryh ylymlarynyň kandidaty,* Özbegistan halk tälimi otliçnigi **N. T. Pälwanow**,
*filosofiýa ylymlarynyň kandidaty* **A. Matlýubow**.

Dersligiň materiallary umumy orta bilim berýän mekdepleriň taryh ylmy boýunça standartlaşdyrylan okuw maksatnamasy esasynda gaýtadan işlenen. Döwlet tälim standartyna laýyk. Awtorlar Özbegistanyň we daşary ýurtlaryň taryh mugallymlarynyň iş tejribeleri esasynda döredildi.

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

© «Yangiyoʻl Poligraf Servis», 2013, 2017
© A. Sagdullaýew, W. Kosteskiý, 2013, 2017
ISBN 978-9943-382-94-7

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY


Giriş ....................................................................................5

## I BÖLÜM
## Iň gadymy düzüm

1 - §. Gadymy taryh – ösüşiň başlanyşy ....................................8
2 - §. Iň gadymy adamlaryň ösüş basgançaklary .......................13
3 - §. Urugçylyk jemgyýeti ..........................................................18
4 - §. Eneolit we bürünç döwri ....................................................22
5 - §. Demir döwrüne geçişde Orta Aziýanyň ösüşi ......................25

## II BÖLÜM
## Gadymy Gündogar we Orta Aziýa

6 - §. Nil jülgesi we onuň ilaty ......................................................28
7 - §. Gadymy Müsür ....................................................................32
8 - §. Gadymy Müsürde din ..........................................................35
9 - §. Piramidalar we saganalar ....................................................37
10 - §. Gadymy Müsür medeniýeti.................................................40
11 - §. Mesopotamiýa siwilizasiýalary...........................................43
12 - §. Wawilon patyşalygy ...........................................................49
13 - §. Alynky Aziýa döwletleri .....................................................53
14 - §. Ahemeniler döwleti ............................................................57
15 - §. Gadymy Hindistan siwilizasiýasy.......................................61
16 - §. Miladydan öňki I müňýyllykda Hindistan............................65
17 - §. Gadymy Hytaýyň siwilizasiýalary .......................................68
18 - §. Miladydan öňki III–mil. II asyrlarda Hytaý..........................72
19 - §. Özbegistanyň çägindäki irki döwletler ................................75
20 - §. Zarduştylyk ........................................................................80

## III BÖLÜM
## Gadymy Gresiýa

21 - §. Antik taryhyň başlanyşy......................................................84
22 - §. Gadymy Gresiýanyň gülläp ösmegi......................................86
23 - §. Grek koloniýalary...............................................................91
24 - §. Afinadaky demokratiýa .......................................................93
25 - §. Grek-pars uruşlary.............................................................98




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

26 - §. Gresiýanyň Makedoniýa tarapyndan basyp alynmagy.....102
27. - §. Raýat terbiýesi.....104
28 - §. Gadymy Gresiýanyň medeniýeti.....107
29 - §. Gadymy Gresiýanyň alymlary we akyldarlary.....111
30 - §. Gadymy Gresiýanyň mifleri.....115

## IV BÖLÜM
## Orta Aziýa mil. öň. VI – milady III asyrlarynda

31 - §. Orta Aziýada Ahemenileriň hökümdarlygy.....118
32 - §. Orta Aziýanyň ilatynyň grek-makedon basybalyjylaryna garşy göreşi.....123
33 - §. Salawkiler döwleti we Grek-Baktriýa patyşalygy.....129
34 - §. Gadymy Horezm. Kang we Dawan döwleti.....133
35 - §. Kuşan döwleti.....137
36 - §. Beýik Ýüpek ýoly.....142

## V BÖLÜM
## Gadymy Rim

37 - §. Gadymy Italiýa.....145
38 - §. Rim respublikasy.....148
39 - §. Rim respublikasynyň durmuşy.....152
40 - §. Ortaýer deňzinde hökümdarlyk ugrundaky göreş.....155
41 - §. Gullar we gladiatorlar.....160
42 - §. Rim respublikasynyň ýykylmagy.....164
43 - §. Rim imperiýasynyň ýykylmagy we krizise duçar bolmagy.....168
44 - §. Gadymy Rim medeniýeti.....172
Netije.....179
Taryhy adalgalaryň sözlügi.....181
Jemleýji gaýtalamak.....184
Gadymy dünýä taryhyna degişli taryhy we geografik adalgalar.....185
Gadymy dünýä taryhyndaky atlar.....186
Gadymy dünýä taryhy senelerde.....187



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# Giriş

5-nji synpda «Taryhdan hekaýalar» bilen tanyşypdyňyz. Siz indi uzak geçmiş hakyndaky bilimleriň nähili toplanýandygyny bilip aldyňyz.

6-njy synpda alys-alys zamanlara syýahatymyzy dowam etdireris, iň gadymky döwletleriň we halklaryň taryhy, medeniýeti we urp-adatlary bilen tanyşarys.

Dünýäde şäherler we döwletler peýda bolan döwürlerinden bäri aradan müňlerçe ýyllar geçdi. Emma adamlaryň şol gadymy zamanlarda döreden köp sanly zatlaryndan häzirki gündelik durmuşda peýdalanylýar. Olar zähmet gurallary, toýun önümleri, tigir, toýun suw turbalary, matalar, ýazuwlar we başga ençeme zatlardyr. Gadymy döwür awtorlarynyň ýazyp galdyran eserleri häli-henizlere çenli adamlar üçin sapak bolup terbiýeläp gelýär.

Alymlar Ýer ýüzünde haçandyr bir wagtlar bolup geçen wakalar hakyndaky maglumatlary gaýtadan dikeltmek üçin epesli güýç-gaýratlaryny sarplapdyrlar. Olar gadymy şäherleri gözläp tapyp gazuw-agtaryş işlerini geçirdiler, derä, toýun tagtalaryna, papirusa, şeýle-de teňňelerde ýazylan syrly ýazgylary okamagy başardylar. Siz indi şol arheologik tapyndylaryň nämeler hakynda gürrüň berýändigini bilýärsiňiz. Gadymy ýazgylary öwrenmek bilen *epigrafika*, teňňeleri öwrenmek bilen bolsa *numizmatika* diýen ýörite ylymlar meşgullanýar.


**Gadymy ýazuw nusgasy**

Adamzat ýönekeý zähmet gurallaryny ýasamakdan tä hünärmençilik dürdänelerini döretmäge çenli, iň ýönekeý ýaşaýyş jaýlaryny gurmakdan tä şäherleri gurmaga çenli uzak ýoly geçdi. Iň gadymy şäherleriň, ýazuwlaryň we döwletleriň döräp ösen döwrüni alymlar irki *siwilizasiýa* diýip



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

atlandyrýarlar. Ilkinji siwilizasiýalaryň taryhy Gadymy Gündogarda, soňra Gresiýadaky Krit adalarynda başlanypdy. Gadymy siwilizasiýalar dünýäniň köp ülkelerinde, şol sanda Orta Aziýada we Özbegistanyň çäginde hem kemala geldi.

Ýer ýüzünde adamyň peýda bolanyndan tä **476-njy milady ýylda**, ýagny Günbatar Rim imperiýasy ýykylýança bolup geçen wakalar, taryh ylmynda *Gadymy dünýä taryhy* diýilýär. Bu taryh dürli arheologik we ýazuw çeşmeleri esasynda öwrenilýär.

Gadymy dünýä taryhy Gadymy Gündogar, Gresiýa we Rimiň köşk emeldarlarynyň we patyşalarynyň ýyl ýazgylarynda, kanunlar toplumynda, terjimehallarda beýan edilipdir. Olarda ýörüşlar we söweşler, ybadathanalaryň, köşkleriň we galalaryň gurluşygy, hünärmentçilik we daýhançylyk, gadymy ylymlar we sungat barada hekaýa edilýär.

Alymlaryň okan gadymy tekstlerinde, meselem, “Piramidalaryň tekstleri” we “ Merhumlaryň kitaby” müsürlileriň taryhy hakynda, “Rigweda” – hindileriň, “Awesto” bolsa Orta Aziýa halklarynyň taryhyndan gürrüň edýär.

Nil jülgesindäki Müsür *piramidalary toplumy*, Tigr we Ýewfrat derýalarynyň aralygyndaky *Wawilon*, Hind jülgesindäki *Mohenjodaro*, Eýrandaky *Persepol*, Gresiýa, Rim we Orta Aziýanyň ençeme gadymy şäherleri bütin dünýä meşhurdyr.

Emma, entek gadymy dünýä taryhyna degişli syry açylmadyk zatlar az däl. Belki bu syrlary açmak siziň biriňize nesip eder. Taryh bizi köp zady öwredýär. Oňa “beýik mugallym” diýip ýöne ýere aýtmaýarlar. Şonuň üçin her birimiz öz Watanymyzyň taryhyny bilmeli we başga ýurtlaryň halklarynyň taryhyna we medeniýetine hormat goýmaly. Şu dersligi öwreneniňizde siz



**Teňňelerdäki ýazgylar**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

köp sanly düşünmesi kyn bolan sözlere, taryhy adalgalara we jümlelere duş gelersiňiz. Olary ýat tutup ýatda saklamak gerek bolar.

### Dersligiň teksti bilen işlemek

Şu maslahatlarymyzy üns berip okaň, olar öwrenilýän temany ýatda saklamagyňyza kömek eder.

Öýe berlen ýumuşlary taýýarlanyňyzda aşakdakylara amal ediň:

1. Sapakda ýazyp alanlaryňyzy birnäçe gezek okaň.
2. Okamazyňyzdan öň temanyň sözbaşysyna üns beriň, sapakda nämeler aýdylandygyny ýadyňyza salyň.
3. Her bir temanyň ahyrynda berlen soraglary okaň. Şonda siz sapakda ýazanlaryňyzy okanyňyzda nämelere üns bermelidigine we okanlaryňyzy nähili tertipde beýan etmelidigine düşünersiňiz.
4. Teksti takmynan böleklere bölüň we her biriniň esasy mazmunyny öz sözleriňiz bilen aýdyň, ondan soň bütin temany aýdyp beriň. Eger-de ony aýdyp berip bilmeseňiz, onda kyn ýerlerini ýene-de okaň. Gaýtalaň.
5. Teksti okanyňyzda onda ýatladylan suratlary we jedwelleri tapyň, olara berilýän düşündirişleri okaň, tekstde duş gelýän şäherleriň, ýurtlaryň atlaryny kartadan gözläp tapyň.
6. Soraglara jogap beriň we temanyň soňunda berlen tabşyryklary ýerine ýetiriň.

Eger-de siz her bir paragrafyň ahyrynda berlen daýanç konspektlerini ulanyp taryhy öwrenmekçi bolsaňyz, onda aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirmeli bolarsyňyz:

1. Dersligiň paragrafynyň tekstini daýanç konspektiniň sözleri bilen deňeşdirip okaň.
2. Konspekti ulanyp temany birnäçe gezek aýdyp beriň.
3. Daýanç düşünjeleri ýatdan aýdyp bermäge çalyşyň.
4. Birnäçe sagatdan soň ýene bir gezek daýanç konspektini gaýtalaň.

Biz, dersligiň awtorlary, size uzak geçmişe syýahat etmäge, medeni ýadygärlikler bilen tanyşmaga we ony öwrenmäge kömek ederis.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# I BÖLÜM
# IŇ GADYMY DÜZÜM

## 1-§. Gadymy taryh – ösüşiň başlanyşy



Gadymy şäher harabalary

**Gadymy taryhy öwrenmek**

Adamzadyň gadymy taryhyny dürli hünärdäki alymlar öwrenýärler. *Arheologlar* gadym zamanlarda adamlaryň ýaşap geçen *mekanlar*ynda gazuw-agtaryş işlerini geçirýärler.

*Antropologlar* gadymy adamlaryň süňküniň galyndylaryny öwrenip, olaryň daşky görnüşlerini gaýtadan dikeldýärler we ösüşini öwrenýärler.

*Etnograflar* gadymy adamlaryň köp urp-adatlaryny, hojalyk we medeni däplerini saklap galan häzir hem bar bolan taýpalary we halkyýetleri öwrenýärler

***Özüňizi synaň!***

***Arheologlar* – ...** ***Etnograflar* – ...**
***Antropologlar* – ...**



Gadymy golýazmalaryň galyndylary

**Gadymy taryh boýunça çeşmeler**

Ülkämiziň iň gadymy taryhyny biz nireden bilýäris. Ülkämiziň iň gadymy taryhyndan habar berýän çeşmeleriň biri-de arheologlar tarapyndan tapylan *maddy çeşmelerdir*. Oňa zähmet gurallary, toýundan ýasalan gap-gaçlar, ýarag-gurallar, şaý-sepler, mahlasy, gadymy adamlaryň elleri bilen döredilen ähli zatlar girýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýazuw çeşmeleriniň tapylmagy bilen alymlar üçin gadymy müňýyllyklaryň taryhyny dikeltmek aňsatlaşdy. Orta Aziýa taryhy boýunça gadymy ýazuw çeşmesi bu zarduştylaryň mukaddes "*Awesto*" kitabydyr. Onda ýurdumyzyň gadymy taryhy welaýatlary bolan *Baktriýa, Sogdiana* we *Horezm*iň ilatynyň medeniýeti hakynda beýan edilýär.

Gadymy taryhyň ýene-de bir möhüm ýazuw çeşmesi bolup *Behistun* gaýalarynyň ýazuwydyr. Behistun gaýalary Eýrandaky *Kirmanşah* şäheriniň golaýynda ýerleşen.

Pars şasy *Doro I*-niň buýrugyna görä daşa oýulyp ýazylan ýazgylarda onuň basyp alan ýurtlary we halklary, şol sanda Horezm, Sogdiana we Baktriýa sanap geçilýär.

**Miladydan öňki V asyrda** gadymy grek taryhçysy Gerodot dürli ýurtlara syýahat edip, 9 jiltli «Taryh» eserini ýazýar. Onda ülkämiziň gadymy ilaty barada maglumatlar berilýär.

**Miladydan öňki I asyr**yň ahyrlarynda ýaşap geçen gadymy grek taryhçysy we geografy *Strabon* «Geografiýa» diýen eserinde Orta Aziýa halklarynyň medeniýeti barada maglumatlary getirýär.

**Milady I asyrda** gadymy Rim taryhçysy *Kwint Kursiý Ruf* «Makedoniýaly Aleksandryň taryhy» diýen eserini ýazypdyr. Makedoniýaly Aleksandryň Orta Aziýadaky harby ýörişleri baradaky maglumatlary getiripdir.

**Milady II asyrda** grek taryhçysy *Arrian* hem «Aleksandryň harby ýörişleri» («Aleksandr anabasisi») diýlip atlandyrylýan eser ýazypdyr.

Şol çeşmeler, şeýle hem soňluk bilen döredilen ylmy işler arkaly alymlar ýurdumyzyň taryhyny dikeltmegi başardylar.



**«Awesto» golýazmasynyň sahypasy**



**Gerodot – gadymy grek taryhçysy**



**Toýun bölekdäki ýazue. Şinehat**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| **Gerodot – ...** | **Kwint Kursiý Ruf – ...** |
| **Strabon – ...** | **Behistun ýazuwlary – ...** |
| **Arrian – ...** | |



**Orta Aziýa daglary**

### Özbegistan we dünýä siwilizasiýasy

Geografik taýdan Özbegistan ep-esli uly çägi eýeleýär. Amyderýanyň we Syrderýanyň aralygy, Fergana, Zerewşan jülgeleri we Surhanderýa oazisi özüniň hasyllygy we howasynyň ýylylygy bilen gadymdan abat bolupdyr. Amatly geografik sebitde ýerleşendigi üçin, Gündogar we Günbatar ýurtlaryny birleşdiripdir. Şunda Özbegistanyň ençeme iri şäherleriniň üsti bilen geçen Beýik Ýüpek ýolunyň ähmiýeti aýratyn-da ulu bolupdyr. Özbegistan irki medeniýetiň taryhynda in gadymy mesgenleriň biridir.

Ol ýerde ýerli ilat birnäçe gadym döwürlerden bäri ýaşapdyr. Derýa-ýaka jülgeleriň ýanyndan möhüm söwda ýollary geçipdir. Uzak geçmişde Orta Aziýanyň gadymy ilaty bilen Gadymy Gündogaryň halkyýetleriniň arasynda giň medeni aragatnaşyklar başlanypdyr. Köne ýadygärliklerde gazuw-agtaryş işlerini geçirende arheologlar Hindistan, Eýran we Mesopotamiýa hünärmentleriniň taýýarlan toýun we metal gap-çanaklaryny, zergärlik önümlerini tapypdyrlar.



**Şowly awdan soň**

### Iň gadymy düzümi döwürlere bölmek

Dünýädäki ähli halklar *ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşyny* başdan geçiripdir.

Adamzadyň ösüşinde birinji basgançak adamlaryň *ilkidurmuş obşinasy*na birleşen bolup, ol obşina özüne gadymy adamlaryň uly jemgyýetini jebisleşdiripdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Iň gadymy urugçylyk gurluşy* — adamzat tary-hynyň ähli zähmet gurallarynyň umumy bolan, hemme adamlaryň bileleşip zähmet çeken bir döwrüdir.

*Ilkidurmuş obşinasy* — durmuş we zähmet umumylygy şekilinde birleşen gadymy adamlaryň jemgyýetidir.



**Dolup akýan Amyderýa**

Iň gadymy obşina ýuwaş-ýuwaşdan bölünip gitdi, ol garyndaşlaryň aýratyn alnan üýşmelerine – urug jemgyýetine öwrüldi.

**Ýatda saklaň!**
Uzak geçmişde Orta Aziýanyň gadymy ilaty bilen Gadymy Gündogar halkyýetleriniň arasynda giň medeni gatnaşyklar başlanypdyr.

*Urug bu* – bilelikde ýaşan we zähmet çeken, umumy zähmet gurallary we gural-ýaraglara eýe bolan garyndaşlar jemgyýetidir.

Ilkinji urugçylyk obşinalary aýallaryň, ýagny eneleriň töweregine jebisleşip başladylar. Adamzat taryhyndaky şeýle basgançaga – *matriarhat* döwri diýilýär.

Ep-esli soň, zähmet gurallary we hojalygy ýöretmek usullary kämilleşdigi saýyn baştutanlyk ýuwaş-ýuwaşdan erkek adamlara geçip başlaýar, netijede indi erkek uruga serdar boldy. Alymlar adamzat taryhyndaky bu döwri *patriarhat* diýip atlandyrýarlar. Patriarhat bilenem iň gadymy urugçylyk gurluşy özüniň ahyryna ýetdi.



**Adamlar bilelikde zähmet çekipdirler**

Iň gadymy adamlaryň zähmet gurallaryny daşdan ýasandyklary zerarly arheologlar adamzat taryhynyň ilki durmuşyny «*daş asyry*» diýip atlandyrypdyrlar. Daş döwri uzak wagtlap dowam edipdir we şonuň üçin hem ol aşakdaky ýaly basgançaklara bölünýär, ýagny:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Ýabany atlaryň awlanyşy**

– gadymy daş döwri – *paleolit* (grekçe «paleos» – «*gadymy*» we «*litos*» – «daş» sözlerinden);

– orta daş döwri – *mezolit* («mezos» – «*orta*»);

– täze daş döwri – *neolit* («neos» – «*täze*»);

– misdaş döwri – *eneolit* (latynça «eneus» – «mis» we grekçe «litos» – *«daş»* sözlerinden).

Ýatda saklaň!

Paleolit:
- ***ilk*** → mil.öň. 1 mln. – 100 müňýyl.
- **orta** → mil.öň. 100 – 40 müňýyl.
- **soňky** → mil.öň. 40 – 12 müňýyl.



**Daşdan ýasalan zähmet gurallary**

***Daýanç konspekti***

taryhy çeşmeler:
- maddy çeşmeler → zähmet gurallary; şaý-sepler; gural-ýaraglar
- ýazuw çeşmeleri → «Awesto»; Gerodot; Strabon; Kwint Kursiý Ruf; Arrian

- arheologlar
- antropologlar
- etnograflar
- paleolit → mezolit → neolit → eneolit
- matriarhat → patriarhat



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Näme üçin arheologlar adamzat taryhynyň başyny «daş döwri» diýip atlandyrýarlar?
2. Daş döwürlerini sanap beriň. Näme üçin olar şeýle atlandyrylan?
3. Alymlar tarapyndan taryhy gaýtadan dikeldýän çeşmeler adyny aýdyp beriň.
4. Taryhy öwrenmekde peýdalanylan haýsy maddy çeşmeleri bilýärsiňiz?
5. Arheologlar, antropologlar we etnograflar nämeleri öwrenýärler?



**Soňky paleolit döwri menzilgähi**

## 2-§. Iň gadymy adamlaryň ösüş basgançaklary

**Iň gadymy adamlar**

Adam nähili peýda bolandygy barada ylmy, dini, mifiki we dünýewi garaýyşlar bolup, biz bu meseläni ylmy esasda, antropologiýa we arheologiýa maglumatlaryna daýanmak bilen öwrenýäris.

Ýer ýüzündäki Ilkinji adamlar kaddyny dik tutup ýöreýän, zähmet gurallaryny ýasamagy we olary ulanmagy başarýandygy üçin olar haýwanat dünýäsinden tapawutlanypdyr.

Daşdan ýönekeý zähmet gurallaryny ýasamagy başaran iň gadymy adam süňkleriniň galyndylaryny alymlar dürli sebitlerden tapyp öwrenipdirler, şol sanda Günorta Afrikadan - *awfstralopitek*, Gündogar Afrikadaky Zinj jülgesinden – *zinjantrop*, Ýawa adalaryndan (Indoneziýa) – *pitekantrop*, Hytaýyň çäginden – *sinantrop* şeýle hem Germaniýadan – *neandertal* we Fransiýadaky Kromanýon gowagyndan – häzirki keşpdäki adam – *kromanýon* süňkleri tapylypdyr.



**Dag deresi**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýer ýüzünde klimat ýyly bolanda adamlaryň menzilgähleri kiçi derýalaryň ýa-da bulaklaryň ýakalaryndaky depeliklerde ýerleşýärdi. Irki peolitiň ahyryna gelip *Beýik buzluk döwri* başlandy. Ilkidurmuş adamlary örän gazaply synaga duş geldiler. Bu ýagdaý adamlary täzeçe şertlerde ýaşamaga uýgunlaşmaga ündäpdir. Şonda diňe güýçlüler ýaşap bilipdirler.



**Aýy awy**

## Iň gadymy adamlaryň kärleri

Taryh ylmynda iň gadymy adamlara *ilkidurmuş adamlary* diýilýär. Olaryň mekanlary Afrika, Aziýa we Ýewropanyň ençeme çäklerinden tapylan.

Orta Aziýada daşdan ýasalan gadymy zähmet gurallary Fergana jülgesindäki *Selungur* mekanyndan we Daşkent oazisindäki *Kölbulak* menzilgähinden hem tapylan. Bular gödek daş gurallar bolup, olaryň bir tarapy urlup ýiteldilen. Arheologiýa ylmynda bu daş gurallar *çopperler* diýlip atlandyrylýar.

**Ýatda saklaň!**

Orta Aziýada daşdan ýasalan gadymy zähmet gurallary Fergana jülgesindäki *Selungur* mekanyndan we Daşkent oazisindäki *Kölbulak* menzilgähinden hem tapylan.

Zähmet gurallary adamlara iýmit tapmak üçin gerek bolupdyr. Ilkinji zähmet gurallary ýönekeýdi. Ujy ýiteldilen daş we taýak bilen ýaraglanan adam haýwanlary awlapdyr, ýiti uçly taýagyň kömeginde ösümlikleriň iýmäge ýaramly kökleri we kökmiwelerini köwläpdir.

Tebigat adama nämäni peşgeş berse, şony alypdyr, tapan iýmit önümleri bilen kanagatlanypdyr, şonuň üçin ilkidurmuş adamlarynyň iň gadymy işi bolan *ýygnamaklyk* we *awçylyk özleşdiririlýän hojalyk* diýip atlandyrylypdyr.

Baýsun daglaryndan tapylan *Deşikdaş* gowagy orta paleolit döwri medeniýetiniň dünýä meşhur ýadygärligi hasaplanýar. Deşikdaş gowagyndan daş gural-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lary we olaryň bölekleri, dag goçy, keýik, ýabany at, gaplaň, towşan, maýda gemrijiler, şeýle hem, guşlaryň süňkleri tapylan.

Deşikdaş gowagynda tapyp öwrenilen, daş asyryna degişli 8 – 9 ýaşly neandertal çaganyň süňk galyndylary iň meşhur tapyndydyr.

Çaganyň jesedi gabyra gömlen. Jesediň töwereginde dag goçunyň şahlary sanjylyp çykylan. Jesedi jaýlamak ilkinji dini ynançlar bilen bagly bolupdyr.



**Deşikdaş gowagyndan tapylan zatlar**

***Özüňizi synaň!***

***Çopperler – ...***
***Özleşdiriji hojalyk – ...***

**Dini ynançlaryň emele gelmegi**

Zähmet işi, daş-töwerekdäki älem barada toplanan bilimler ýuwaş-ýuwaşdan barha adamyň pikirlenme ukybyny we aňynyi özgerdipdir.

Adamlar düşnüksiz bolan hadysalar barada hem oýlanyp başladylar: gije we gündiz, ýylyň pasyllarynyň çalşygy, wulkanlaryň atylyşy, ýer titremesi we beýleki tebigy hadysalar adamlaryň ünsüni özüne çekýärdi.

Ine şeýle hadysalaryň düýp manysyny bilmeýän, adam gök gürlemesi, ýyldyrym, ýel öwüsmesi, ýagyn ýagmasy ýaly tebigy güýçlere sygynyp başlaýar.

Awçylyk we ýygnaýjylyk ösen döwründe adam özüni tebigy gurşawdan hem-de gurşaýan haýwanat we ösümlikler äleminden tapawutlandyrmandyr. Ol tebigaty janly hasaplapdyr. Adamlar tebigatdaky dürli hadysalaryň esasynda tebigy däl güýçler gizlenen diýip oýlapdyrlar. Olar şol güýçlere ynanypdyrlar.




**Paleolit döwri menzilgähleri**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Neandertal çaga (Deşikdaş)**



**Gadymy suratkeş**



**Ok-ýaý bilen aw edilişi**

Adamlar topary obşinasynyň käbir haýwan ýa-da ösümlik görnüşi bilen garyndaşlyk gatnaşygyna ynanmagyna *totemizm* diýilýär.

Adamy gurşaýan gurşawda janlaryň we ruhlaryň bolmagyna ynanç ylymda *animizm* adyny alypdyr.

Gadymy adamlar ol ýa-da bu zatlar şowlulyk getirmegine ýa-da belalary ýok etmegine hem ynanypdyrlar. Bu ynanç *fetişizm* adyny alypdyr.

Soňky paleolit döwrüne degişli gowaklaryň diwarlarynda tapyp öwrenilen suratlar hem gadymy adamlaryň dini düşünjeleri barada hekaýa edýär. Şeýle suratlardan iň gadymylary Ispaniýadaky *Altamir*, Fransiýadaky *Lasko* we Başgyrdystandaky *Kapowa* gowaklaryndan tapylan.

Adamlar geljekki awda suratlar özlerine kömek berer diýip ynanypdyrlar. Suratlaryň deňinde hereketlerini üýtgedip, tans edip başlapdyrlar, aw peýzažyny göz öňüne getiriş şolara naýza zyňmaga türgenleşipdirler.

Gadymy suratlar gymmatly taryhy çeşmelerdir. Olar adamyň näme hakynda oýlanýandygy, daş töweregine näçe ýaşynda akyl ýetirýändigi, haýsy haýwanlary awlandygy, nähili zähmet gurallaryny we ýaraglardan peýdalanandygyny bilmäge we düşünmäge ýardam berýärler.

Adamyň özüni gurşaýan daşky dünýäsine dü-şünmäge bolan ymtylyşy iň gadymky şekillendiriş sungatynyň rowaçlanmagy üçin esas bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## *Daýanç konspekti*

→ irki paleolit < awstralopitek, zinjantrop, pitekantrop we sinantrop

→ orta paleolit → neandertal → Deşikdaş

→ soňky paleolit → kromanýon

→ iň gadymy suratlar < Altamir, Lasko, Kapowa gowagy

→ dini ynançlar → totemizm → animizm → fetişizm

**Ýatda saklaň!**

Gowak diwarlaryndaky suratlardan iň gadymylary Ispaniýadaky **Altamir**, Fransiýadaky **Lasko**, Başgyrdystandaky gowaklardan tapylan.

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Iň gadymy adamlar barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Özbegistanyň çägindäki haýsy paleolit menzilgähini bilýärsiňiz?
3. Iň gadymy adamlaryň kärlerini sanap beriň.
4. Dini ynanç kurtaklari emele gelmeginiň sebäplerini aýdyň.
5. Ilkinji suratlar haýsy döwürde peýda bolupdyr?



Irki suratkeşler



**Awa taýýarlyk däbi**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 3-§. Urugçylyk jemgyýeti



Gyşyň başlanmagy

**Soňky paleolit döwri**

Soňky paleolit döwründe **(miladydan 40 – 12 müň ýyl öň)** ençeme wakalar bolup geçipdir. Bu döwürde daşy işläp bejermek tehnikasy we zähmet gurallaryny ýasamak usullary özgeripdir. Adamyň özi hem, daşky keşbi hem özgerip barypdyr. Şol döwürde häzirki keşpli adam – *kromanýon* adamy ýaşapdyr edi.

Soňky paleolit döwrüniň adamynyň mekanlary Samarkant şäheriniň çäginden, Daşkent welaýatynyň Ahangaran derýasynyň oazsindäki Kölbulak diýen ýerinden, şeýle hem Fergana jülgesinden tapylypdyr.



Kromanýon

Soňky paleolit döwründe adamlar ep-esli kämilleşen kesýän we byçgylaýan zähmet gurallaryny ýasaýan bolupdyrlar. Adam indi şaýsepler – monjuklar, tumarlar we ýüzükler hem ýasap başlapdyr.

Şeýlelikde, soňky paleolitde adamzat özüniň ösüşinde ýene-de bir basgançaga göterildi. Adamlar garyndaşlardan düzülen kiçi toparlara – urug obşinalaryna birleşipdirler.

Urugyň agzalary bir menzilgähde ýaşapdyrlar. Bir ýerde ýaşap oturan birnäçe uruglar bir taýpany düzýärdi.



**Buzluk döwründe ýaşan şir.**
*Dikeldilen*

Ýaşaýyş jaýlaryny gurmak soňky paleolit döwrüniň adamlarynyň möhüm açyşy boldy. Geýim-gejim taýýarlananda haýwanlaryň, derisinden peýdalanylýardy. Adam şol döwürde ot ýakmagyň emeli usulyny (agajy we daşy bir-birine sürtmek) hem öwrendi.

**Mezolit döwri**

Mezolit döwri (orta daş döwri) **miladydan öňki 12 – 7-nji müňýyllyklary** öz içine alýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Urugçylyk obşinasy



Reňkli daşlardan ýasalan monjuk



Mamont süňkünden gurlan jaý



Oduň alnyşy

Mezolit döwrüniň başlanmagy bilen Buzluk döwri ahyryna ýetdi, bu waka klimatyň ep-esli maýlamagyna we adamlaryň durmuşynyň özgermegine getirdi.

Mezolit döwründe adam *ok-ýaý* ýasamagy öwrendi. Ok-ýaý açyş edilmegi bilen adamlarda çapyk haýwanlary we guşlary awlamak mümkinçiligi emele geldi.

Mezolit döwrüniň ahyrynda adam haýwanlary eldekileşdirýär. Awçylar iti eldekileşdirýär. Itler bilen bile aw edilende olja öňküsine garanda köp bolupdyr. Diri tutup alnan haýwanlary (guzujyklar, owlajyklar, doňuzlar) indi adamlar öldürmezden, ätiýaçlyk iýmit hökmünde saklap goýýan bolupdyrlar.

Mezolit döwrüniň ahyrynda Alynky Aziýada hojalygyň täze pudagy – **ilkidurmuş ekerançylygy** we **maldarçylyk** emele geldi.

Häzirki günde Orta Aziýada mezolit döwrüniň menzilgähleriniň ýüzden gowragy tapyldy. Fergana jülgesiniň dag eteklerinde we dagly çäklerde, Daşkent oazisinde hemde Özbegistanyň günortasynda şeýle menzilgähler köp duş gelýär. *Obişir, Koşiliş* we *Ma-*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*çaý* menzilgähleri, şonuň ýaly-da *Zarautsaý* deresindäki daşa çekilen suratlar has içgin öwrenildi.



Zähmet guralyny ýasamak

## Ekerançylyk we maldarçylygyň ösüşi

Neolit – täze daş döwründe adam Gadymy Gündogaryň dürli welaýatlarynda *öndüriji hojalyk* – ekerançylyga we maldarçylyga geçip başlaýar. Maldarçylyk we ekerançylyk neolit döwrüniň iň uly oýlap tapmasy hasaplanýar. Orta Aziýada neolit döwri **miladydan öňki 6–4-nji müňýyllyklar** hasaplanýar. Arheologlar neolit döwri başlanmagyny toýun gaplar ýasamagyň açyş edilmegi bilen baglaýarlar.

Bu döwürde gadymy adamlar mezolit döwründe açyş edilen maýda daş gurallary – *mikrolitlerden* peýdalanyp, daşy işläp bejermegiň öň mälim bolmadyk usullaryny: ýylmamak we deşmek usullaryny açyş edipdirler.

Ýatda saklaň!

**Öndüriji hojalyk** – ekerançylyk we maldarçylyk hojalygy bolup ol zerur önümleri özi öndüripdir.

Neolit döwründe taýpalar oturymly ýaşaýşa geçip, hemişelik ýaşaýyş jaýlaryny gurup başlapdyrlar. Şol döwürde pagsadan jaýlar gurlup başlanypdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan urug obşinalarynyň menzilgähleri şekillenip başlapdyr.

Oturymly ýaşaýyş we zähmet gurallarynyň has-da kämilleşmegi obşinalaryň ekerançylyga geçip başlamagyna mümkinçilik döredipdir. Ekerançylygyň we maldarçylygyň ösmegi hünärmentçiligiň şekillenmegine getirdi.



Daşdan ýasalan zähmet gurallary. Mikrolitler

*Özüňizi synaň!*

***Mikrolitler – ...***
***Öndüriji hojalyk – ...***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Laýdan ýasalan we otda bişirilen gaplary ýasamak pudagy – *küýzegärçilik*, süýümden we ýüňden egin-eşik taýýarlaýan pudak – *dokmaçylyk* hünärmentçiligi neolit döwrüniň möhüm açyşy we oýlap tapmalarydyr.



**Laýdan ýasalan we otda bişirilen gap**

## *Daýanç konspekti*

**Soňky paleolit döwri (mil. öň. 40 – 12-nji müňýyllyklar)**

- kromanýon adamy
- emeli oduň açyş edilmegi
- Kölbulak menzilgähi (Daşkent welaýaty), Samarkant mekany, Fergana jülgesi
- urug obşinalary
- şaý-sepler, ýaşaýyş jaý gurluşygy, kesýän, byçgylaýan zähmet gurallary

***Mezolit döwri (mil. öň. 12–7-nji müňýyllyklar)***

- ok-ýaý, haýwanlary eldekileşdirmek
- Abişir, Goşulyş, Maçaý, Zarautsaý
- ekerançylyk we maldarçylyk (Alynky Aziýa)

***Neolit döwri (mil. öň. 6 – 4-nji müňýyllyk)***

- öndüriji hojalyk
- mikrolitler, küýzegärçilik, dokmaçylyk
- oturymly ýaşaýyş



**Toýun gap ýasamak**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Soňky paleolit döwri adamynyň daşky keşbini häsiýetlendirip beriň.
2. Soňky paleolit döwrüniň möhüm oýlap tapmalaryny aýdyň.
3. Özbegistanyň çäginden tapylan mezolit döwrüne degişli haýsy arheologik ýadygärlikleri bilýärsiňiz?
4. Neolit döwrüne degişli menzilgähdäki arheologik gazuwlary göz öňüne getiriň. Bu menzilgähde nämeleri tapmak mümkin?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 4-§. Eneolit we bürünç döwri



Toýun gaplar



Kamon oklarynyň uçlary



**Bürünçden ýasalan ilgençek we daş monjuklar.** *Mil. öň. XVII asyr*

### Metal döwrüniň esasy aýratynlyklary

Neolit döwrüniň ahyrynda adamlara oýlap tapyşlaryň we açyşlaryň arasynda iň beýiklerinden birini döretmek miýesser etdi: ýagny misden peýdalanmaga we ondan zähmet gurallaryny ýasamaklyga geçildi.

Misden ýasalan zähmet gurallary daşdan ýasalanlary bilen bile ulanylan döwri *eneolit*, ýagny *mis-daş döwri* diýlip at berilen. Ol **miladydan öňki 4–3-nji müňýyllyklaryň ortalaryna** gabat gelýär.

Metallurgiýanyň ösmegi adamlaryň maddy we ruhy medeniýetine uly täsir etdi. Mil. öň. 4-nji müňýyllykda Gadymy Gündogarda irki şäherler we döwletler emele gelip başlady.

Orta Aziýa günortasynda *emeli suwaryşa esaslanan ekerançylyk* emele geldi, çig kerpiçden köp otagly öýler gurlup başlandy, gaplary bişirmek üçin *küýzegärçilik humdanlaryn*dan peýdalanmaga girişildi.

Toýun gaplar haýwanlaryň, guşlaryň şekilleri we ösümlik nagyşlary (ýapraklar, güller) bilen bezelip başlandy.

Adamlar misi eredip qalaýy, gurşun ýa-da sink bilen goşup, bürünç almagy öwrenipdirler. Bürünç misden görä ep-esli gatylygy sebäpli **mil. öň. 3-nji müňýyllygyň** ortalaryndan başlap ýuwaş-ýuwaşdan zähmet gurallary, gural-ýaraglar we şaý-sepler taýýarlamakda ulanylmagy esasy serişdä öwrüldi.

Bürünç zähmet gurallaryna eýe bolan adamlar indi ekin meýdanlaryny gowy işläp bejerip we olary giňeltmäge mümkinçilik ga-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

zandy. Netijede olaryň ygtyýarynda artykmaç mukdarda oba hojalyk önümleri emele geldi. Maldarçylyk ýuwaş-ýuwaşdan ekerançylykdan bölünip başlady.

**Ýatda saklaň!**

*Patriarhal maşgala* – ata tarapyndan ýakyn garyndaşlaryň birnäçe nesillerinden ybarat maşgala.

### Patriarhatyň başlanmagy

Taryhyň köp döwürleri dowamynda urug obşinasyndaky möhüm işler aýallara ýüklenen bolup (çagalary terbiýelemek, nahar taýýarlamak, haýwan derilerini arassalamak, egin-eşik taýýarlamak), obşinada olaryň, aýratynam, ýaşy uly aýallaryň abraýy erkekleriňkä garanda ep-esli belentdi.

Omaç bilen ýer sürmek, ekerançylyk etmek, maldarçylyk, hünärmentçiligiň emele gelmegi netijesinde urugy ýeterli önümler bilen üpjün etmek erkekler geçdi. Öý hojalygy ýumuşlary aýallara degişlidi.

Indi urugçylyk maşgalasynda erkekler möhüm orun tutup başlady. Garyndaşlyk erkekler tarapyndan kesgitlenýän boldy we *patriarhat* döwri başlandy. Maşgala ata tarapyndan ýakyn garyndaşlaryň birnäçe nesillerinden emele gelýän boldy.



**Ýylan suratly daş tumar.** *Mil.öň. 2-nji müňýyllyk. Fergana jülgesi*

### Bürünç döwri menzilgähleri

Mil. öň. 3-nji müňýyllygyň ahyrlary – 2-nji müňýyllyga degişli menzilgählerden biri Zerewşan derýasynyň basseýnindäki **Zamanbaba** kölüniň golaýyndan tapylan (Buhara welaýaty, Garaköl tümeni). Horezm oazisinde hem bürünç döwrüne degişli menzilgähler öwrenilen.

Arheologlar Surhanderýa oazisinden gadymy ekerançylaryň menzilgählerinden biri bolan **Sopollydepäni** tapdylar (Muzrabat tümeni). Gazuwlar dowamynda bu ýerden çig kerpiçden gurlan ýaşaýyş jaýlary, toýun



**Bürünçden ýasalan bilezik.** *Mil. öň. XII asyr*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Jarkotan menzilgähinde gazuw işleri



Nagyşlar bilen bezelen toýun gap



**Bürünç aýnalar.** *Zamanbaba menzilgähi*

gaplar, bürünçden ýasalan zähmet gurallary we şaý-sep ussahanasy galyndylary, şonuň ýaly-da, iri humlarda saklanan bugdaý we arpa tapylan.

Surhan oazisinde, häzirki Şirabata golaý ýerde bürünç döwründe **Jarkotan** menzilgähi emele gelipdir. Onuň gurluş taryhynda ilkinji şäher alamatlary aýdyň görünýär. Ol iki bölekden ybarat bolupdyr: gala we onuň daşynda obşina agzalary bolan hünärmentleriň we daýhanlaryň öýleri ýerleşen. Jarkotanda ybadathana galyndylary tapylan.

Bürünç döwrüniň ilaty dürli hünärmentçilik, dokmaçylyk, küýzegärçiligi ösdürmekde, şaý-sep ýasamak, gurluşyk ugrunda uly üstünlikler gazandy. Bu döwürde adamlar *küýzegärçilik çarhyny* we *tigir*i açyş edipdirler. Şeýdip ilkinji arabalar emele gelipdir.

## *Daýanç konspekti*

***Eneolit döwri (mil. öň. 4-nji müňýyllyk – 3-nji müňýyllygyň ortalary)***

- misdan ýasalan zähmet gurallary
- suwarymly ekerançylyk (emeli suwarma)
- köp otagly jaýlar
- Gündogardaky ilkinji döwletler we şäherler

***Bürünç döwri (mil. öň. 3-nji müňýyllygyň ortalary – 2-nji müňýyllyk)***

- patriarhat
- Zamanbaba, Jarkotan, Sopollydepe küýzegärçilik çarhy, tigir
- ybadathana



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Soraglar we ýumuşlar

1. Eneolit döwrüniň neolit döwründen esasy tapawutlaryny aýdyň.
2. Mis haçan açyş edilipdir?
3. Näme üçin matriarhatdan patriarhata geçmek prosesi bolupdyr?
4. Bürünç döwri Sopollydepe menzilgähi barada hekaýa ediň.
5. Bürünç asyryna syýahat ediň. Şol döwrüň adamlarynyň nähili ýaşandygy barada aýdyp beriň.



**Gadymy demirçiler**

## 5-§. Demir döwrüne geçişde Orta Aziýanyň ösüşi

**Demirden peýdalanmak**

Adamlar misden we bürünçden zähmet gurallary ýasamagy öwrenen döwürlerden bäri aradan köp asyrlar geçip, demirden zähmet gurallary ýasamak mümkinçiligi peýda boldy. Bu proses ep-esli kyn bolupdyr, sebäbi demir mise garanda ep-esli ýokary temperaturada (1500°C) ereýär. Emma demir mise we bürünje garanda almaga oňaýly bolupdyr: demir olardan gatyrakdy.



**Toýun gaplar**

**Ýatda saklaň!**

Demirden birinji bolup Kiçi Aziýadaky hettler peýdalanyp başlapdyrlar (mil. öň. XIV–XIII asyrlar), soňrak olara goňşy bolan Mesopotamiýa, Eýran, Kawkazaňyrsy ýurtlarynyň ilaty hem demirden peýdalanypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Bürünçden ýasalan gazan.** *Mil. öň. VI–V asyr*

**Ýatda saklaň!**

**Harby demokratiýa** – irki döwletlilige geçiş döwründe taýpalar bileleşiklerine saýlap goýlan harby serdarlar ýolbaşçylyk eden dolandyryş şekli.



**Gäminyň oklarynyň demir uçlary**

Demirden birinji bolup Kiçi Aziýadagi *hettler* (mil. öň. XIV–XIII asyrlar), soňra goňşy sebitlerdäki (Mesopotamiýa, Eýran, Kawkazaňyrsy) halklar peýdalanyp başlapdyrlar. Demir önümleriniň ýaýraýşy haýallyk bilen geçipdir.

Sap demir tebigatda seýrek metal bolany üçin ondan ilkibaşda şaý-sep önümlerini ýasamakda peýdalanylypdyrlar. Şeýle bezegler Müsür faraony *Tutanhamonyň* kümmetinden we Kawkazdaky *Maýkop* galasynyň ýadygärliginden tapylypdyr.

Zähmet gurallarynyň demirden ýasalmagy, ilki bilen, daýhançylygyň ösmegine täsir etdi. Demir omaç we paltalar peýda boldy. Bu zähmet gurallary uly meýdanlarda ekerançylygyň ösmegine mümkinçilik döredip berdi.

**Miladydan öňki IX-VIII asyrlarda** demirden ýasalan ilkinji zähmet gurallary Orta Aziýadan hem tapylypdyr.

## Jemgyýetçilik gurluşy

Demir gurallaryň giňden ýaýramagy zähmet öndürjiligini ýokarlandyrdy. Bu bolsa önümçiligiň has ösen usulyna geçmäge esas döretdi.

Taýpa-urug aksakgallarynyň täsiri barha güýçlenipdir. Hemişelik harby çaknyşyklar şertinde taýpa bileleşikleri peýda bolýar. Bu bileleşiklere harby baştutanlardan saýlanan adamlar ýolbaşçylyk edipdirler, jemgyýet bolsa *harby demokratiýa* prinsipleri esasynda ýaşap başlaýar. Demir asyrynyň başlarynda Orta Aziýada ilat dört topara bölünipdir: *ruhanylar, söweşijiler, daýhanlar, hünärmentler.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Orta Aziýada jemgyýetiň esasynyň *«nmana»* diýlip atlandyrylýan uly patriarhal maşgala bolandy-gyny «Awesto»dan bilýäris. Birnäçe «nmana»lar urug obşinasy – *«wis»*i düzüpdir. Goňşuçylyk obşinasyna bolsa *«warzana»* diýlipdir. Beýle obşinalar *«zantu»* diýilýän taýpa birleşipdir. Öz çägini goramak üçin bir näçe taýpalar *«dahýu»* raýanlygyna birleşipdir. Orta Aziýada demir asyryna geçiş döwründe jemgyýetiň gurluşy şeýle bolupdyr.

**Ýatda saklaň!**

Ilkidurmuş düzümiň ösüşi: **ilkidurmuş topar → urug → taýpa → → taýpalar bileleşigi.**



**Demir pyçak.** *Mil. öň. VII–VI asyrlar*

## *Daýanç konspekti*

- mil. öň. XIV–XIII asyrlar – hettler (Kiçi Aziýa) birinji bolup demirden zähmet gurallaryny ýasapdyrlar
- mil. öň. IX–VIII asyrlar – Orta Aziýada demirden ýasalan irki zähmet gurallary
- urugçylyk obşinasy – goňşuçylyk obşinasy
- harby demokratiýa geçmek
- «Awesto»: nmana, wis, warzana, zantu, dahýu

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Demir önümlerinden peýdalanmak haçan başlanypdyr?
2. Demirden zähmet gurallary ýasamagyň başlanmagy jemgyýetde nähili özgerişlere getirdi?
3. «Awesto»da patriarhal maşgala, urugçylyk obşinasy we taýpa nähili atlandyrylan?



**Demirden işlenen hanjar we gyn.** *Mil. öň. I müňýyllyk*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# II BÖLÜM

# GADYMY GÜNDOGAR WE ORTA AZIÝA



**Nil jülgesi**

**Ýatda saklaň!**

Nil derýasy baryp-baryp Ortaýer deňzine guýulýar. Nil derýasy guýulýan ýere grekler delta diýipdirler.



**Nil derýasynyň kenarlarynda**

## 6-§. Nil jülgesi we onuň ilaty

**Müsür – Nil peşgeşi**

Özi bilen birlikde hoşboý salkyn howany we bol hasyly alyp gelýän Nil derýasy towlanyp akýar. Bu äpet uly derýa Afrikanyň demirgazyk — gündogarynda siwilizasiýanyň emele gelmegi üçin esas taýýarlady. Ençeme gollara bölünip akýan Nil derýasy baryp-baryp Ortaýer deňzine guýýar. Nil derýasynyň guýulmagyna grekler **delta** diýipdirler, çünki deňze guýýan gollaryň ýerleşiş ýagdaýy üçbürçluk görnüşinde bolup, ýagny grekçe "delta" harpyna meňzeş bolupdyr.

Nil 6 müň km uzynlykdaky dolup akýan uly derýadyr. Derýanyň aşaky bölegi 3 km-dan 22 kilometre çenli giňlikdäki gara toprakly hasylly ekin meýdanlaryndan ybarat. Jülgeliler ýurda – «Gara toprak» ýa-da «Nil peşgeşi» diýýärler.

Gadym geçen zamanlarda Nil jülgesi adam aýagyny basyp bilmeýän, *papirus* ösümlikleri bir-birine ýapyşyp ýatan batgalyklar bilen örtülen, suwda san-sajaksyz ýyrtyjy krokodiller ýaşaýan, gury ýerlerinde bolsa ýabany haýwanlaryň toparlary gezýärdiler, batgalyklarda bolsa zäherli ýylanlar bolupdyr.

Wagt geçdigiçe klimat özgerip barýar, suw hem ýyldan-ýyla kemelýär. Demirgazyk Afrika hem barha çöle öwrülýär. Adamlar Nil jülgesini we deltasyny özleşdirmäge başlapdyrlar. Şeýlelik bilen ekerançylyk ilatyň meşgullanýan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

esasy işine öwrülipdir. **Miladydan öňki IV müňýyllygyň başlarynda** adamlar Nil derýasynyň kenarýaka ýerlerini özleşdirmäge girişipdirler.

**Müsürlileriň kärleri** Nil derýasy meýdanlary suwa basdyryp, dolup-daşyp akan ýyllarynda müsürli daýhanlaryň hasyllary hem bol, bereketli bolupdyr.

Müsürli daýhanlar bugdaý we arpa hem-de bakja ekinlerini ekipdirler, ýetişdirilen kenepden bolsa matalar dokapdyrlar. Nil jülgesinde üzüm, gawun, nar, hurma, sogan, hyýar, noýba ýaly miwe we gök önümler ýetişdirilýärdi.

Gadym zamanda ýerler omaç bilen sürülýärdi, tohum hem el bilen sepilip, soňra tohumy ýere gömmek üçin gara mallary şol ekilen meýdandan sürüp geçirýän ekenler. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi bilen kündäniň we gara mallaryň güýjünden peýdalanyp başlapdyr. Müsürliler sygyrlary, öküzleri, goýunlary, geçileri, doňuzlary bakýardylar. Daýhanlar öküzlerden meýdan işlerinde peýdalanypdyrlar.

Müsürli daýhanlar tohum sepmek we hasyly ýygnap almak işlerini gysga möhletlerde geçiripdirler. Iýul-sentýabr aýlarynda dynç alynýardy, ekiljek tohumlar ekmäge taýýarlanylýardy, sebäbi şol pursatlarda ähli meýdanlary diýen ýaly suw basýardy.

Güýzde meýdanlara tohum taşlanyp, gyşda bolsa hasylyň ýygymy başlanýardy. Sümmülleri mis orak bilen orup alyp, soňra ýörite ýere daşap, bugdaýyň we arpa desseleriniň üstünden haýwanlary sürüp geçirip, hasyly ýenjipdirler. Harmandan çykan däneleri soňra toýundan ýasalan humda saklanypdyr. Bu



**Nil derýasy jülgesi**




**Müsür patyşalygy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çäreler dänäni san-sajaksyz gemrijilerden – zyýankeşlerden aman saklardy.



Söwda-satyk

## Hünärmentçiligiň ösüşi

Gadymy Müsür hünärmentleriniň 30-dan gowrak kärleri bolupdyr. Misgärler misi eredip, ondan zähmet gurallaryny guýupdyrlar. Küýzegärler toýundan dürli-dürli gapgaçlary ýasap, olary peçlerde bişiripdirler. Gurluşykçylar köşkleri, ybadathanalary we öýleri gurupdyrlar. Ýönekeý müsürlileriň öýleri laý suwalan papirus paýalaryndan, asylzadalaryň öýleri bolsa günde oňat guradylan çig kerpiçden gurlupdyr.

Faraonlaryň köşkleri we ybadathanalar bolsa daşdan gurlupdyr. Agaç ussalary äpişgeleri we gapylary ýasaýardylar. Gämiçiler gamyşdan kiçijik gaýyklary, agaçdan bolsa gämileri ýasapdyrlar. Dokmaçylar geýim-gejim üçin materiallary taýýarlapdyrlar, tikinçiler bolsa dürli lybaslary tikipdirler.

## Müsür döwletiniň döremegi

Adamlar Nil jülgesindäki agyr durmuş şertlerine öwrenişip başladylar. Dagynyk ýerler «*nom*» diýilýän kiçi döwletlere birleşýär. Her bir döwleti «*nomarh*» dolandyrýar.



Müsür faraonlarynyň täçleri

Wagtyň geçmegi bilen nomarhlar hökümdarlara – patyşalara öwrülipdirler.

Müsürde iki patyşa hökümdarlyk eden: biri Aşaky (Demirgazyk) Müsürde, beýlekisi Ýokarky (Günorta) Müsürde döwleti dolandyrypdyr. **Mil. öň. 3000-nji ýylda** iki döwletiň arasynda başlanan uruşda Ýokarky Müsüriň hökümdary *Menes* üstün çykýar. Ol birleşen döwletiň ilkinji hökümdary, ýagny *faraon* bolýar. Ýeke-täk, birleşen täze paýtagty diýlip *Memfis* şäheri gurulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Köp ýyllaryň dowamynda «nom»lar hökümdarlary öz emlägini köpeldip, netijede Müsür özbaşdak döwletlere öwrülen aýratyn «nom»lara dargapdyr. Wagtyň geçmegi bilen ýurt gaýtadan birleşipdir. Bu döwletiň paýtagty *Fiwa* şäheri bolupdyr. Alymlar Müsüriň taryhyny *Irki*, *Gadymy, Orta, Täze* we *Soňky* patyşalyk döwürlerine bölüpdirler.



**Ýeriň işläp bejerilmegi**

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***«Nom» – ...*** | ***Memfis we Fiwa – ...*** |
| ***Menes – ...*** | ***Faraon – ...*** |

**Ýatda saklaň!**

Alymlar Müsür taryhyny **Irki**, **Gadymy**, **Orta**, **Täze** we **Soňky patyşalyk** döwürlerine bölüpdirler.

***Daýanç konspekti***

- Afrika demirgazyk-gündogary – mil. öň. 4-nji müňýyllygyň başy
- Niliň uzynlygy – 6 müň km → delta → Ortaýer deňzi
- Nil jülgesi – giňligi 3 km-dan 22 km çenli, ekerançylyk, maldarçylyk
- papirus – jaý gurluşygy
- döwletler – «nom» – «nomarh»
- mil. öň. 3000-nji ýyl – Ýeke-täk birleşen
- Müsüriň paýtagty – Memfis



**Kanallardan we ýaplardan ekinleri suwarmak**

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Näme üçin müsürliler öz ýurduny «Nil peşgeşi» diýip taryplapdyrlar?
2. Gadymy Müsüriň tebigy şerti näme sebäpden ekerançylyk üçin amatlydy?
3. Özüňizi Gadymy Müsür daýhany hökmünde göz öňüne getirip, müsürli daýhanlaryň zähmeti barada hekaýa ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 7-§. Gadymy Müsür

**Ýatda saklaň!**

Nubiýa, Palestina, Liwiýa, we Siriýa ýurtlary gadymy müsürlilere goňşy bolupdyr.



**Tutanhamonyň tagty**



**Gadymy Müsür söweşijileriniň toýundan ýasalan heýkelleri**

**Gadymy müsürlileriň goňşulary**

Müsür günortadan *Nubiýa* bilen serhetleşen. Bu ýurda müsürliler Niliň boýy bilen altyn, smola, piliň süňküni, seýrek görnüşli agaçlary alyş-çalyş etmek üçin barýardylar.

Müsüriň günbatarynda, *Liwiýa* çölünde şeýle atlandyrylýan döwlet ýerleşýärdi. Sähra ilaty göçme çarwalar bolupdyr. Aşaky Müsürdäki Memfis şäheri arkaly geçýän ýol Sinaý ýarymadasyna eltipdir, bu ýerde bolsa mis gazylyp alnypdyr. Sinaý ýarymadasyndan demirgazygrakda *Palestina*, onuň ýanynda bolsa *Siriýa* ýerleşýärdi. Bu ýurtlar mise we demir magdanyna hem-de başga-da köp gazylyp alynýan zatlara baýdy.

Müsürliler Palestinadan we Siriýadan hünärmentler ýasan seýrek önümleri we gymmatbaha daşlary getiripdirler.

**Faraonlaryň basybalyşlary**

Gadymy patyşalyk döwründe Sinaý ýarymadasy basylyp alynýar, ýerli taýpalar Müsüre salgyt töläp başlaýarlar. Faraonlar Nubiýa we Liwiýa hem ýörüş gurap, şäherlerini talaýarlar, ýesirler, çarwa mallary we başga baýlyklar eýelenýär. Orta patyşalyk döwrüniň faraonlary Günorta Palestinany we Nubiýanyň demirgazygyny Müsüre goşup almagy başardylar.

**Mil. öň. XVIII asyryň ahyrynda** göçme *giksos* taýpalary Müsüre hüjüm etdiler. Müsürlileriň pyýada goşunyndan tapawutlylykda giksoslaryň esasy kiçi ýeňil atlar goşulan söweş arabalary bardy. Bir esger atlary dolandyrýan wagty ikinjisi ok-ýaýdan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

duşmany nyşana alyp atýardy. Aşaky Müsüri basyp alan giksoslar müsürlileriň şäherlerine we obalaryna hüjüm edip, olary rehimsiz talaýar we adamlaryny ýesir alýar.

Bu mahalda Orta patyşalyk köp sanly maýda *«nomlara»* bölünip gidipdi, olar giksoslara salgyt töleýärdiler. Diňe Fiwa şäheriniň hökümdarlary giksoslara boýun egmediler.

Basybalyjylaryň zulmundan gutulmak maksadynda «nomlaryň» hökümdarlary Fiwa şäheriniň töweregine jemlenip başladylar.

Birnäçe söweşlerde Fiwa "nomu"nyň faraony *Ýahmos* giksoslary derbi-dagyn edip, basybalyjylary Müsürden kowdy. Özbaşdak hökümdarlary özüne tabyn eden Ýahmos täze faraonlar dinastiýasynyň esaslandyryjysyna öwrüldi. Ine şu faraonyň döwründen hem Täze patyşalyk döwri başlandy.



**Tutmos III söweşijileri şähere hüjüm edýärler**

## Faraonlar ýörüşleriniň netijeleri

Täze patyşalygyň hökümdarlary goňşy döwletler bilen göreşi indi basybalyjy hökmünde dowam etdirdiler. Faraonlar Nubiýa we Alynky Aziýa ýurtlaryna hüjüme başlaýarlar.

Faraon Tutmos II Papestinany we Siriýany basyp alyp başlaýar. Ondan soň faraon Tutmos III ýörüşleri dowam etdirýär. Alynky Aziýada müsürlileriň hökümdarlygy ornaşdyrylýar.

Boýun egdirilen halklar müsürlileri ýigrenýärdiler, olar hemişe öz erkleri we azatlyklary üçin göreşýärdiler. Müsür faraonlary birnäçe ýyllar ýerli taýpalar bilen uruşdylar. Bu faraonlary güýçden gaçyryp, döwlet gowşaýar. Täze patyşalyk hem aýry-aýry «nomlara» dargap gitdi.

**Ýatda saklaň!**

Faraon **Ýahmos** giksoslary derbi-dagyn edip, basybalyjylary Müsürden kowup çykardy. Ýahmos täze faraonlar dinastiýasynyň esaslandyryjysyna öwrüldi we Täze patyşalyk döwri başlandy.

3 – Taryh, 6-njy synp.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mil. öň. VII asyrda Müsür ýene bitewi döwlete birleşdi, ýurduň ykdysadyýeti we medeniýeti ösüp başlady. Emma tiz arada Müsüre başga bir duşman çozup girdi. Parslardan uly leşger toplan Eýran şahanşahy *Kir II*-niň ogly *Kambiz II* **mil. öň. 525-nji ýylda** Müsüri basyp aldy.

**Ýatda saklaň!**
Kir II niň ogly Kambiz II **mil. öň. 525-nji ýylda** Müsüri basyp aldy.

***Özüňizi synaň!***

***Giksoslar – ...*** ***Ýahmos – ...***
***Tutmos III – ...***



**Müsürlileri gadymy pars patyşasy Kambiz II ýesir alyp barýar**

***Daýanç konspekti***

- Müsüriň goňşulary – Nubiýa, Liwiýa, Palestina, Siriýa
- Goňşy ýurtlaryň Müsür tarapyndan basyp alynmagy
- Quyi Müsüriň giksoslar tarapyndan basyp alynmagy – mil. öň. XVIII asyr
- Ýahmos → giksoslaryň gyrylmagy → Täze patyşalyk
- Mil. öň. 525-nji ýyl – Müsüriň pars şasy Kambiz II tarapyndan basyp alynmagy



**Apis. Öküz sypatly hasyldarlyk hudaýy**

***Soraglar we ýumuşlar***

1. Gadymy Müsüre goňşy bolan döwletleri sanap beriň we olary kartadan görkeziň.
2. Gadymy Müsür faraonlary haýsy ýurtlary basyp alypdy?
3. Näme sebäpden göçme giksoslar Müsür üçin gorkuly güýje öwrüldi?
4. Haýsy faraon hökümdarlygy döwründe giksoslary ýurtdan kowup çykarmak başartdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 8-§. Gadymy Müsürde din

### Müsürlileriň hudaýlary

Müsüriň ilaty üçin din gündelik durmuşyň aýrylmaz bir bölegi hasaplanypdyr. Gadymy müsürliler hudaýlaryň haýwanlaryň keşbine girip, pişik, goýun, öküz, arslan, sygyr şeklinde adamlaryň arasynda ýaşaýar, diýip hasaplapdyrlar.

Müsürliler hudaýlaryň birnäçe jany bar: olardan biri haýwanyň bedeninde başgasy bolsa heýkelinde ýaşaýar diýip oýlapdyrlar. Žresler – ybadathana ruhanylary, hudaýlary dindarlaryň berýän sowgatlary bilen bakýarlar diýip hasaplapdyrlar.

Gadymy Müsür patyşalygynyň paýtagty *Memfisiň* öz hudaýy – *Ptah* bolupdyr. Ptah müsürlileriň ynançlaryna görä şeýle bir gudratly welin, ony asyl keşbinde görmek mümkin däl. Şonuň üçinem Ptah diýen hudaýyň Ýer ýüzündäki keşbi *Apis* bolup, ol maňlaýynda we bilinde ak belgisi bolan daýaw gara öküz hökmünde göz öňüne getirilipdir.

Mil. öň. 2-nji müňýyllykdan başlap bolsa Gün hudaýy *Amon-Ra* faraonlaryň baş hudaýy we howandary bolupdyr. Ilki iki hudaý bolan: Fiwa şäheriniň howandary Amon we Gün hudaýy Ra, soňra olaryň ikisi birleşipdir.

Faraonlar Gün hudaýynyň ogullarydyr, hökümdarlar hemme işlerini özüniň asman atasynyň emri bilen amala aşyrýarlar diýen düşünje bardy.

*Hapi* – Niliň hudaýy – Müsürdäki durmuşyň ilkinji çeşmesi we goragçysy, *Osiris* – ýerasty soltanlygyň hudaýy hasaplanypdyr. Rowaýata görä, Osiris Müsüriň ilkinji patyşalaryndan biri bolup, öz halkyna daýhançylygy öwreden



**Gün hudaýy – Amon-Ra**



**Isida – Osirisiň aýaly**



**Tot – Aý, danyşmentlik we tebipçilik hudaýy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Anubis – merhumlar we mumyýalananlar hudaýy**

eken. Ýakyn dosty bolan Set bolsa, Osirisi öldürýär. Emma Osirisiň aýaly *Isida* ony mumyýalaýar hem-de gaýtadan direldipdir. Ine şondan başlabam janyň gaýdyp gelmegi üçin ençeme merhumlar mumyýalanypdyr.

Žresler hudaýlaryň we adamlaryň arasynda baglaýjy bolup, dini däpleri bilýärdiler, gurbanlyk edýärdiler. Gündelik durmuşda hem žreslersiz haýsydyr bir işi etmek kyndy. Olar Nil derýasynyň joşjak wagtyny, haçan tohum sepilmelidigini we hasyly haçan ýygnamalydygyny anyk bilýärdiler. Ähli «nomlarda» ybadathanalar bolup, faraonlar olara köp ýerleri we uly baýlyklary beripdirler.



**Maat – hakykat we adalat ylahy**

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Ptah – ...*** | ***Hathor – ...*** |
| ***Apis – ...*** | ***Isida – ...*** |
| ***Amon-Ra – ...*** | ***Maat – ...*** |
| ***Tot – ...*** | ***Osiris – ...*** |



**Hathor – saz, gözellik we söýgi hudaýy**

### *Daýanç konspekti*

- → müsürliler, hudaýlar adamlaryň arasynda ýaşaýar, diýip hasaplapdyrlar
- → Amon-Ra
- → Ptah → Apis
- → Hapi, Osiris, Tot, Set, Isida, Hathor, Anubis, Maat
- → ybadathanalar → ruhanylar → gurbanlyk etmek

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Müsürlileriň haýwan sypatly hudaýlara uýşy barada aýdyp beriň.
2. Näme üçin faraonlar Gün hudaýynyň ogullary hasaplanypdyr?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Rowaýatlara görä, haýsy hudaý müsürlileri ekerançylyga öwredipdir ?
4. Gadymy Müsür hudaýlaryny sanap beriň.
5. Müsür ruhanylarynyň abraýy we güýjüniň sebäbi nämede?



**Piramida gurluşygynda**

## 9-§. Piramidalar we saganalar

**Hemme zat wagtdan gorkýar, wagt bolsa piramidalardan!**

Gadymy we Orta patyşalyklar döwründe müsürlileriň guran äpet *piramidalary* faraonlar jaýlanýan ýer – kümmetler bolupdyr. Geçen müňýyllyklar dowamynda ençeme şäherler we döwletler ýok bolup gitdi, ybadathanalar we köşkler haraba öwrüldi, diňe piramidalar wagtdan gorkmaýar, diňe piramidalar dört müň ýyldan artyk wagtyň dowamynda üýtgemän durlar.

Iň meşhur piramidalar Memfis şäheriniň golaýynda üç faraon – *Hufu, Hafra* we *Menkaura* üçin gurlan. Bu piramidalar dünýäniň ýedi täsinliginden biri bolup, olar häzire çenli saklanyp galan ýeke-täk desgalardyr. Iň uly piramida *Hufu* üçin (grekler oňa *Heops* diýýärler) **mil. öň. 2600-nji ýyl** töweregi gurlan. Onuň beýikligi 147 metr bolupdyr. Piramidalary gurmak üçin daşlar Nil derýasynyň sag kenaryndaky ýasy daglardan getirilipdir.



**Gadymda piramidalar jülgesiniň görnüşi**

Piramida her biri iki tonnadan agyrrak bolan 2,5 million sany daş böleklerinden ybarat.

Piramidanyň içinde däliz bilen baglanyşyp gidýän birnäçe otaglar ýerleşendir. Olaryň birinde faraonyň mumyýalaşdyrylan jesedi salnan *daş tabyt – sarkofag* ýerleşdirilen.



**«Sähra patyşasy» – sfinks**

Kümmetleriň içi bolsa mynajatlar we beýleki ýazgylardan düzülen şygarlar bilen örtülip-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dir. Olaryň manysy faraona hemaýat etmek o dünýä baranda oňa kömek etmegi nazarda tutulan.



Tutanhamon

Piramidalary göwresi ýolbars kellesi adamsypat bolan *sfinks*ler goraýarlar. «Sähra patyşasy» – sfinks heýkeli daşdan işlenen bolup, onuň beýikligi 20 metre deň.

Täze patyşalyk döwrüne gelip piramida gurluşygy bes edilipdir. Faraonlary daglara oýulan daş kümmetlere jaýlaýan bolupdyrlar. Iň meşhur kümmet faraon *Tutanhamona* degişli bolupdyr. Kümmetiň içindäki aklyňa sygmajak baýlyklar biziň döwürlerimize çenli ýetip gelipdir.

**Mumyýalama**

Gadymy müsürliler ölenden soň merhumlar soltanlygyna gidýärler, şol ýerde hem ömürlerini dowam etdirýärler, diýip hasaplapdyrlar. Emma merhumlar soltanlygyndaky durmuş müsürlileriň pikiriçe, Osirisiň sudunyň çözgüdine baglydy. Tereziniň bir tarapyna merhumyň ýüregi, beýleki tarapyna bolsa guşuň perleri goýulýan eken.



Ybadathananyň diwarlary we sütüni

Eger-de tereziniň pelleleri deňeçer bolsa, onda ol adam bu dünýäde oňat işler edipdir, diýmek ol ölensoňam ajaýyp amatly şertde ýaşamagyny dowam etdirer. Eger-de tereziniň ýürek tarapy agyr gelse, onda bu adam ençeme ýaramaz işleri edipdir, netijede ol eýmenç jandarlara iýmit bolmaly.

Osirisiň öňünde gözel keşpde gelmek üçin bolsa müsürliler adamlaryň jesedini mumyýalapdyrlar. Mumyýalama bilen lukmançylyk bilimlerine eýe ruhanylar meşgullanypdyrlar.

Adatça mumyýalamak 70 gün dowam edip-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dir. Jesetde zerur işlenmeler geçirilensoň örän köp matalar bilen dolanyp çyrmalandan soňra gymmatbaha şaý-sepler bezelipdir. Matalaryň gatlarynyň arasynda üstünlik getiriji tumarlar goýlupdyr. Mumyýalamak işi diňe merhumyň yzynda galan gurply garyndaşlaryna nesip edýärdi.



Osiris – merhumlar dünýäsiniň hudaýy

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Piramidalar – ...*** | ***Daştabyt – ...*** |
| ***Mumyýalama – ...*** | ***Sfinks – ...*** |

### *Daýanç konspekti*

→ piramida – faraonyň kümmeti
→ Hufu → Hafra → Menkaura
→ Hufu (grekçe – Heops) – mil. öň. 2600-nji ýyllar
→ sfinks
→ Tutanhamon
→ mumyýalama – 70 gün
→ Bastet – gözellik hudaýy



Pişk görnüşindäki gözellik hudaýy – Bastet

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Gadymy Müsüriň hökümdarlary piramidalary nähili maksatda gurdurypdyr?
2. «Hemme zat wagtdan gorkýar, wagt bolsa piramidalardan!» diýen jümläni nähili düşünýärsiňiz?
3. Müsürdäki iň meşhur piramidalar nirede gurlan?
4. «Sähra patyşasy» – sfinksi häsiýetlendirip beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 10- §. Gadymy Müsür medeniýeti



Hatdat heýkeli

**Ýazuw** Gadymy müsürlileriň ýazuwy dünýäde ilkinjiler hatarynda ýüze çykan ýazuwlaryň biridir. Öňler her bir söz surat şekilinde ýazylýar eken. Ýazuwdan dogalary we däp-dessurlary ýazyp barmak üçin peýdalanypdyrlar, şonuň üçinem ony *«mukaddes»* ýa-da *«hudaýlar kelamy»* diýipdirler.

Gadymy grekler olara *«iýeroglifler»* diýipdirler (*«daşa ýazylan mukaddes ýazuwlar»* manysyny aňladýar). Ýazgylar kümmetleriň diwarlaryna we hudaýlaryň heýkellerine oýulyp ýazylypdyr. Ýazuw üçin daşdan we toýundan hem peýdalanylypdyr.



Papirus

Müsürlileriň elipbiýi 750 iýeroglifden ybarat bolupdyr. Her bir söz özünde birnäçe simwollary we tymsallary beýan edipdir. Iýeroglifleri öwrenmek juda kyn iş bolupdyr, şonuň üçin sowatlylyk köp adamlara başartmandyr. Iýeroglifleri gamyşdan ýasalan galam bilen papirusdan taýýarlanan kagyza ýazypdyrlar. Dürli reňkli mineral boýaglar syýa ornuna ulanylypdyr. Okadylanda toýun gaplaryň böleklerine ýa-da ak daşlara ýazýan ekenler. Dürs ýazuwyň abyny-tabyny bilýänler ýokary derejeli bilimli-sowatly adamlar hasaplanypdyr, olara hatda köp ýeňillikler berlip, aýratyn hezzet-hormat edilipdir.



Daş plita

**Iýeroglifleriň syrynyň açylmagy** Görnükli fransuz alymy *Žak-Fransua Şampolýon* 1822-nji ýylda bütindünýä ähmiýetli açyş edipdir: Müsüriň tekstlerini okamagyň açaryny tapýar. Bu açyşa *Kair* şäherinden onçakly uzak bolmadyk *Rozett* şäheriniň ýanyndaky daşa çekilen gadymky



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

müsür we grek dillerindäki birmeňzeş manydaky hat-ýazgy sebäp bolupdyr. Grek dilinden terjime etmek onçakly kyn bolmandyr, teksti deňeşdirip görüp her iýeroglifiň aňladýan manysyna düşündiriş bermek mümkin boldy.

Ine, şu açyşdan soňra papiruslara ýazylan köp sanly tekstleri, ybadathanalardaky we piramidalardaky, diwarlardaky ýazgylary okamak başartdy, olar köpýyllyk ümsümlikden soňra dil açdylar. Taryhçylar bolsa Gadymky Müsür siwilizasiýasyny öwrenmek üçin möhüm we ynamly çeşmelere eýe boldolar. Häzirki günde Rozett ýazgy daşy Londondaky Britaniýa muzeýinde saklanylýar.



**Nefertiti – Müsür melikasi**

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Iýeroglifler – ...*** | ***J.-F. Şampolýon – ...*** |
| ***Papirus – ...*** | ***Rozett ýazgydaşy – ...*** |

**Nazary bilimleriň dünýä gelmegi** Müsürde nazary bilimleriň döreýşi we ösüşi olaryň gündelik durmuşy bilen bagly bolupdyr. Ekerançylaryň tohumy haçan topraga taşlamalydygyny, hasylyny haýsy wagtda ýygnamalydygyny anyk bilmekleri zerurdy. Olar bu möhletleri ýyldyzlara garap kesgitläpdirler. Şeýlelikde, astronomiýa, ýagny ýyldyzlar hakyndaky ylym dünýä inipdir.



**Astronom-alym**

Ýyldyzlara syn edip, müsürliler bir ýylyň dowamlylygyny 365 gün diýip anyk hasaplapdyrlar, şeýdibem birinji bolup kalendar düzüpdirler. 365 güni hem 30 günden 12 aýa bölüpdirler, artyp galan 5 güni bolsa baýram günleri diýip hasaplap, hasaba girizmändirler.



**Müsürlileriň şepagat gurallary**

Kanallaryň gazylýan, islendik ymarat we desga gurlanda onuň meýdanyny, göwrümini



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Patyşa tirsegi» – ölçeg birligi



Gadymy Müsür suw sagady



Osiris – merhumlar dünýäsi hökümdary

ölçemek zerurdy. Şeýdip geometriýa ylmy – ýer meýdanyny ölçemek ylmy döredi. Müsürliler diňe bir ýönekeý arifmetik hasaplamalary däl, eýsem drobly, umumy maýdalawjyly we çylşyrymly hasap-hesipleri-de bilipdirler. Matematika ylmy ine, şu esasda ösüpdir.

Müsürde esasy ölçeg birligi *«tirsek»* bolup, ol tirsekden barmaklaryň ujuna çenli bolan uzynlyga deňdi. Elleriň uzynlygynyň dürli-dürli bolýandygy üçin *«patyşa tirsegi»* diýen ýeketäk ölçeg girizilipdir, ol 52,5 santimetre deň bolupdyr. Mundan gysga uzynlyklar ölçelende bolsa aýalardan ýa-da barmaklardan peýdalanylypdyr.

Müsürde wagt 24 şkala bölünen ýörite gapdan ybarat bolan suw sagatlarynyň kömeginde ölçelipdir. Bir şkaladan ikinjisine çenli akyp geçen suwuň göwrümi bir sagat diýlip hasaplanypdyr.

### *Daýanç konspekti*

- → iýeroglifler – 750 sany – «hudaýlar kelamy», «ylahy ýazgylar»
- → papirus
- → Žak-Fransua Şampolýon (1822-nji ýyl)
- → Rozett ýazgy daşy – gadymy Müsür we gadymy grek dilleri
- → astronomiýa → kalendar → geometriýa

### Soraglar we ýumuşlar

1. Gadymy Müsür ýazuwunyň özboluşlylygy nämede?
2. Näme üçin müsürliler iýeroglifleri «mukaddes kelam» diýip atlandyrypdyrlar?
3. Müsür ýazuwuny kim okamagy başarypdyr? Nädip?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 11-§. Mesopotamiýa siwilizasiýalary

### Tebigy şerti we ilaty

Tigr we Ýewfrat derýalarynyň araly-gyndaky jülgäni grekler *Mesopotamiýa* diýip atlandyrypdyrlar. Bu sözüň manysy *iki derýanyň aralygy* diýen düşünjäni aňladýar. Adamlar Mesopotamiýa gadym zamanlardan göçüp gelip ornaşypdyrlar.

Mesopotamiýa derýalaryň joşgun suwlary dürli toprakdan we dag jynslaryndan ybarat bulanygy akdyryp getiripdir. Olar ýerleri dökünläpdirler. Şu sebäpli Mesopotamiýanyň ýerleri işlemek üçin amatly, hasylly bolupdyr. Gyşda yzy üzülmeýän ýagyşlar we derýalaryň joşmagy sebäpli Mesopotamiýada jahandaky iň gadymy rowaýatlardan biri — bütindünýä suw joşguny baradaky *Tupan rowaýaty* döräpdir.



**Şumer toýun gaplary**

**Mil. öň. 4-nji müňýyllykda** Mesopotamiýada *şumerler* menzilgähleri döräp başlapdyr. Olar Günorta Mesopotamiýada ýerleşip, ol ýurda hem *Şumer* diýip at beripdirler. Ýurduň *Akkad* diýlip atlandyrylýan demirgazyk böleginde maldarlar - *akkadlar* ýerleşipdirler.



**Kätip iş başynda**

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Şumer – ...*** | ***Akkad – ...*** |

### Mesopotamiýa ilatynyň kärleri

Mesopotamiýanyň ilatynyň esasy käri ekerançylyk bolupdyr. Tigr we Ýewfrat derýalary her ýylda daşgynlar mahalynda ekin ýerlerine köp mukdarda gyrmançalar suw bilen akyp gelýän eken.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Hurma daragty – «Ýaşaýyş agajy»**

> **Ýatda saklaň!**
>
> Şumerler Günorta Mesopotamiýa ýerleşip, bu ýurda **Şumer** diýýärler.Mesopotamiýanyň **Akkad** diýilýän demirgazyk bölegine göçme çarwadarlar – **akkadlar** ornaşypdyr.



**Gadymky Şumerler**

Mesopotamiýada agaç we metal ýaly hojalykda zerur materiallar bolmandyr, emma galla örän köp taýýarlanylýardy, çarwaçylyk önümleri-de köpdi. Şonuň üçin Mesopotamiýanyň ilaty söwda-satyk bilen meşgullanypdyr. Goňşy ýurtlar bolan *Zakawkazýeden* we *Eýrandan* dänäniň ornuna altyn, mis, kümüş we galaýy, gymmatbaha daşlar getirilýärdi.




**Mesopotamiýa**

Mesopotamiýada dürli önümler we hünärmentçilik enjamlary bilen söwda edipdirler. Metal önümler, bezeg, gural-ýarag we toýundan ýasalan önümler aýratyn gadyrlanypdyr. Söwda-satykda kümüş guýmasy görnüşindäki teňňeler ulanylypdyr. Agyrlyk ölçegi bolan *"mino"* 550 gram kümüşe deň bolupdyr.

**Mil. öň. 4-nji müňýyllykda** şumerler dünýädäki iň gadymy ýazuwlardan biri *klinopisi* oýlap tapypdyrlar. Şumerler ujy ýiteldilen taýajyklar bilen toýun plitalara ýazypdyrlar. Şumerler bilimli, tejribeli gurluşykçy we hünärment bolupdyrlar.

**Şäher-döwletler**

Wagtyň geçmegi bilen ýuwaş-ýuwaşdan menzilgähler örän giňelipdir. Mesopotamiýada *Uruk*, *Umma*,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Lagaş*, *Ur* we başga şäherler emele gelip başlady. Olar şäher we oňa utgaşýan ekerançylyk raýonlaryndan ybarat bolan *şäher-döwletler*di. Her bir şäheriň hökümdary ýokary hudaý – şäher howandary hasaplanypdyr.

Hudaýyň adyndan žresler hökümdarlyk edipdirler, hudaýlaryň ybadathanalary bolsa döwletdäki häkimiýet merkezi bolupdyr. Mesopotamiýanyň gadymky ybadathanalary – *zikkuratlar* çig kerpiçden örülip çykylan kaşaň basgançakly desga bolupdyr.

Gün hudaýy *Şamaş* aýratyn hormatla sezewar bolupdyr. Şamaş ýokary kazy hasaplanypdyr, ýaman işleri üçin adamlary sud edipdir. Şonuň ýaly-da şumerliler Aý hudaýy *Sina*, suw hudaýy *Ea*, hasyldarlyk, söýgi hem-de uruş we ýeňiş hudaýy *Iştara* sygynypdyrlar.

Mesopotamiýadaky uly-uly ýer mülkleri hökümdarlaryň we žresleriň elinde bolupdyr. Meýdanlarda gullar we hakyna tutma adamlar işläpdirler. Şäherleriň töwereginde ýaşaýan ilat kiçijik ýerjagazlara eýelik edýän ekenler. Öz maşgalalaryny eklemek üçin garyplar patyşanyň we ybadathananyň ýerlerinde işläpdirler.

Şumer şäherleri goranyş diwarlary bilen gurşalyp alnandy. Şäheriň baş derwezesinden başlanýan köçeler merkezi meýdana, ybadathana we hökümdaryň köşgüne eltýär. Gurluşyklar daşlar, çig we bişen kerpiçler bilen alnyp barylýardy. Ybadathana hudaýlaryň heýkelleri bilen haşamlanyp bezelipdi.

Uruş wagtynda şäher ilaty öz serdaryny saýlapdyr. Dura-bara olaryň abraýy artyp, serdarlar hemişelik hökümdarlyk edip başlapdyrlar. Olara patyşalar diýipdirler.



**Klinopis**



**Şumeriň Ur şäheri**

**Ýatda saklaň!**

Mesopotamiýada **Uruk, Umma, Lagaş**, **Ur** we başga şäherleri emele gelipdir. Olar **şäher-döwletler**di.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Iştar – hasyldarlyk, söýgi we uruş hudaýy**



**Uruk şäheriniň patyşasy Gilgamyş.** *Assiriýa güberçek teswiri*

Patyşa şäher-döwleti asylzadalara, žreslere we goşuna daýanmak bilen emeldarlaryň kömeginde dolandyrypdyrlar.

**Gilgamyş baradaky rowaýat**

Mesopotamiýanyň rowaýatlarynyň iň söýgüli gahrymany *Gilgamyş* Uruk şäheriniň patyşasy bolupdyr. Onuň ömri soňluk bilen köp rowaýatlara öwrülipdir.

*Şol rowaýatlara görä, Gilgamyş dünýä inenden soň, ýurduň hökümdary bolan babasy ondan tagty çekip almagyndan howatyr edip, Gilgamyşy çuň jara zyňyp goýbermegi buýurýar.*

*Jaryň düýbüne zyňlan Gilgamyşy bir bürgüt tutup alyp, göterip bir bagbana eltip beripdir. Bagban ony mähirli terbiýeleýär. Ýigit ýeten Gilgamyş öz babasynyň elinden häkimiýeti basyp alýar, özi Uruk şäherini dolandyryp başlaýar.*

*Gilgamyş Enkidu diýen pälwan bilen dostlaşýar. Ikisi bilelleşip ýowuz jandarlara garşy göreşýärler. Munuň üçin hüdaýlar Enkiduny jezalandyrýarlar we ol wepat bolýar.*

*Bakylykda ýaşamaga çalşyp, Gilgamyş deňziň düýbünde ösýän jadyly güli yzarlap tapýar, ony öz halky bilen paýlaşmagy karar edýär. Emma yzyna gaýdyp gelýärkä bir kölde suwa çümüp çykan mahalynda gülüň ysyny bir ýylan duýýar hem-de ol gymmatly ösümligi ogurlaýar.*

*Hut şondan bäri-de rowaýatda aýdylyşyna görä, ýylanlar daşky gowuny taşlap ýaşaýarlar. Gilgamyş bolsa janajan şäheriniň diwarlarynyň özüni halas edendigine, diňe gowy işleriň ony baky ýaşatjakdygyna düşünip galýar.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Akkadyş ýokarlanmagy**

Şäher-döwletler bir-birleri bilen dynuwsyz uruşýardylar. Hut şeýle uruşlaryň netijesinde *Sargon* I bütin Mesopotamiýa patyşa bolýar. Ol **Mil. öň. 3-nji müňýyllygyş ikinji ýarymynda** Akkady we Şumer şäherlerini öz häkimiýeti astyna birleşdirýär.

Söwda-satygy ösdürmek maksadynda Sargon I ähli şäher üçin ýeke-täk ulanylmaly uzynlyk, meýdan we agyrlyk ölçeglerini girizýär. Ol dünýäniň taryhynda ilkinji bolup hemişelik goşun düzýär. Onuň leşgeri 5400 sany söweşijiden ybarat bolupdyr, soňluk bilen bolsa olar Sargona köp sanly şäherleri we döwletieri basyp almaga mümkinçilik beren uly goşunyň esasy güýjüne öwrülipdirler.

Sargon I öleninden soň onuň tagtyna oturan mirasdüşerlerine ýurtda ýalynlanyp duran gozgalaňlary basyp ýatyrmaly bolýar. **Mil. öň. 2-nji müňýyllygyň baş**larynda Şumer-Akkad döwleti göçme taýpalaryş zarbasyndan dargap gidipdir.



Güli alyp gaçýan ýylan. Gilgamyş baradaky rowaýata işlenen surat



**Sargon I – Şumer-Akkad patyşasy**



**Urdaky uly zikkurat (ybadathana)**

**Ýatda saklaň!**

Mesopotamiýa rowaýatlarynyň iň söýgüli gahrymany **Gilgamyş** hasaplanýar. Ol Uruk şäheriniň patyşasy we köplab rowaýatlaryň gahrymany bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Daýanç konspekti

- Mesopotamiýa → Iki derýa aralygy (Tigr we Ýewfrat derýalarynyň aralygy)
- ekerançylyk, hünärmentçilik, söwda-satyk
  şäherler – Uruk, Umma, Lagaş, Ur
- zikkuratlar – ybadathanalar
- hudaýlar – Şamaş, Sina, Ea, Iştar
- Gilgamyş – Uruk patyşasy
- Sargon I – Şumer-Akkad patyşasy
- mil. öň. 2-nji müňýyllyk – Şumer-Akkad
- döwletiniň dargamagy

**Ýatda saklaň!**

Patyşa **Sargon I** mil.öň. 3-nji müşýyllygyş ikinji ýarymynda öz hökümdarlygt astynda Akkady we Şumer şäherlerini birleşdirdi, goňşy ýurtlary zabt edip, «dört yklym ýurdy patyşasy» derejesini aldy.



**Gilgamyş baradaky rowaýat.**
*Şumer klinopisi*

### Soraglar we ýumuşlar

1. Kartadan Iki derýa aralygynda ýerleşýän şäher-döwletleri tapyň.
2. Taryhy adalgalaryň sözlüginden peýdalanyp, «siwilizasiýa» düşünjesine düşündiriş beriň.
3. Iki derýa aralygy gadymda nähili atlandyrylypdyr?
4. Mesopotamiýanyň haýsy bölekleri Şumerlar we akkadlar tarapyndan özleşdirilipdi? Haçan?
5. Göz öňüne getiriň, Siz, gadymy söwdagär hökmünde, Tigr derýasy arkaly gämide dürli önümler bilen ýüzüp, Şumeriň haýsy şäherlerinde söwda-satyk işlerini amala aşyrmak mümkinçiligine eýe bolardyňyz? Kartadan peýdalanyp, hekaýa ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 12-§. Wawilon patyşalygy

**Wawilon – «hudaýlar derwezesi»**

**Miladydan öňki II müňýyllykda** *Wawilon patyşalygy* Mesopotamiýanyň günortasyndaky iň iri güýçli döwlete öwrüldi. Wawilon amatly geografik ýerleşişine eýe bolup, Ýewfrat we Tigr derýalarynyň özenleri birbirine ýakynlaşýan çäkde ýerleşýärdi. Dürli önümleri gämilerde getiren söwdagärler bu şähere girip geçýärdiler. «Wawilon» sözüniň özi bolsa *«hudaýlar derwezesi»* diýen manyny aňladýar. Wawilon şäherinde ajaýyp köşkler, kaşaň ybadathanalar bolupdyr.



**Wawilon**

Wawilonyň baş köçesi ýeňiş hudaýy *Iştar derwezesinden* başlanypdyr. Wawilon döwletinde ekerançylyk, hünärmentçilik we söwdasatyk ösüpdir. Emma özara uruşlar muňa päsgel berýärdi.

**Mil. öň. XVIII asyrda** Wawilon patyşasy *Hammurapi* tutuş Mesopotamiýany bitewi döwlete birleşdirmegi başarypdyr. Hammurapi hökümdarlygy döwründe Wawilon iň güýçli döwlete öwrülýär.



**Nawuhodonosor II.** *Häzirki surat*

**Hammurapi kanunlary**

Hammurapi taryhda kanunlar düzüji hökümdar hökmünde at gazanypdyr. Bu kanunlary öň bar bolan hli kanunlardan üstündi. Hammurapiniň kanunlary hemmeler üçin – gurply we garyp adamlar üçin deň bolupdyr. Kanunlaryň tekstleri ýurduň ähli şäherlerinde ýerleşdirilen daş sütünlere ýazylyp goýlupdy.

Hammurapiniň kanunlary berkligi bilen adamy haýran galdyrýardy. Hususan-da,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lukman amala aşyran hirurgik operasiýasy netijesinde näsag biwagt aradan çyksa, hökman lukmanyň elleri çapylypdyr. Eger-de gurluşykçynyň guran jaýy tötänden ýykylyp, kimdir biri onuň aşagynda galsa, gurluşykçy öldürilipdir. Ýangyn mahalynda ogurlyk edip, tutulan adam hut şol wagt oda atylypdyr.



Söweşijiler gala hüjüm edýärler

Hammurapiniň kanunlary diňe bir patyşanyň karary bolman, eýsem ol hudaýlaryň isläni hökmünde kabul edilipdir, şoňuň üçin olary gürrüňsiz, oýlanyşmazdan berjaý etmek talap edilýär. Hammurapiniň kanunlary talaňçylyk we ogurlyk ýaly jenaýatlary togtatmakda uly ähmiýete eýe bolupdyr.

***Özüňizi synaň!***

***Wawilonyň manysy – ...***
***Hammurapi – ...***



Söweşdäki gämiçylar

Hammurapi aradan çykandan soň dagly *kassitler* taýpalary şäheri basyp alýar. Olar basybalyşlary Wawilonyň güýçden gaçmagyna sebäp bolýar, uzak dowam eden krizisden soň, miladydan öňki VII asyrda *Täze Wawil*on patyşalygy emele gelmegi bilen, Wawilon täzeden ýokarlanýar.

**Täze Wawilon patyşalygy**

*Nawuhodonosor* II hökümdarlygy döwründe Täze Wawilon patyşalygy öz ösüşiniň ýokary derejesine ýetýär. Bu hökümdar Müsüri *Täze Wawil*on patyşalygyna goşup alýar, *Iýerusalimi* (Kuddus) weýran edip taşlaýar, Wawilony bolsa berk gala öwürýär. Nawuhodonosor II ýaşaýyş jaýlaryny we goranma diwarlary gurluşygynda bişen kerpiç ulanmak barada perman çykarýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Onuň hökümdarlyk eden döwründe Wawilon şäheriniň sekiz sany derwezesi bardy, olaryň her biri ýurduň baş hudaýlarynyň biriniň ady bilen atlandyrylýardy. Aýratyn-da Iştar adyndaky derweze has owadan we nepis bolup, legendar haýwanlaryň we guşlaryň suratlary çekilen mawy nagyşlar bilen bezelipdir.



**Hudaý Iştar adyndaky derwezäniň nagyşlary**

Gadymy parslaryň leşgeri **mil. öň. 539-njy ýylda** Wawilona çozup girýär. Parslar şäheri eýeleýärler. Şu wagtdan başlap Täze Wawilon patyşalygy Pars döwletiniň düzümine girýär.

## Wawilon medeniýeti

Şumer we Akkad Wawilon medeniýetiniň iň gadymy ojaklarydy. Dünýädäki iň gadymy ýazuwlardan biri bolan Şumer klinopisi ilkibaşda «suw» «gün», we başga aýratyn sözleri aňladýan suratlardan ybarat bolupdyr.

> **Ýatda saklaň!**
> **Mil. öň. 539-njy ýylda** parslar Wawilony basyp aldylar. Täze Wawilon patyşalygy Pars döwletiniň düzümine girdi.

Hökümdarlaryň köşklerinde we ybadathanalarda aristokratlaryň we baý adamlaryň perzentlerini okadýan mekdepler gurlupdyr. Okuwçylar *toýun tagtajyklara* süňkden we agaçdan ýasalan taýajyklar bilen ýazýardylar.

Ol tagtajyklar ilki güneşde guradylyp, soňra otda bişirilýär eken. Bu tagtajyklar ilkinji kitaplardyr, okuwçylar olara hekaýatlary we rowaýatlary göçürip ýazypdyrlar, ösümlikleriň, guşlaryň haýwanlaryň we mör-möjekleriň atlary bellik edilen sanawlar düzüpdirler. Ol tagtalarda ýurtlaryň, şäherleriň, obalaryň, atlary hem sanalyp geçilýär.



**Şumer klinopisi**

Şumerler hasaplama ulgamyny, aý we gün kalendarlaryny hem döredipdirler. Gün ýylynyň dowamlylygy şumerliler tarapyndan 365 gün, aý ýyly bolsa 354 gün diýlip bellenen. Şumerli we wawilonly ruhanylar — münejjimler astronomiýa degişli bilimlere eýe bolupdyr-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Gadymy ýazuwyň emele gelşi**



**Wawilon minarasy.**
*P. Breýgel suraty 1563 ý.*

**Ýatda saklaň!**

Gadymy ýazuwlardan biri – Şumer klinopisi – **mil. öň.4-nji mingýyllykda** emele gelipdir. Şumerliler özleriniň hasaplama ulgamyny, gün we aý kalendarlaryny döredipdirler.

lar. Iň gadymky obserwatoriýalar belent, köp basgançakly ybadathanalar – *zikkuratlar* meýdançada gurlupdyr.

Mesopotamiýada dürli däri-dermanlary taýýarlamak boýunça düzgünnama çykarylýar.

Geografiýa ugrundaky bilimler şumerlilere we wawilonlylara gämilerde deňizde ýüzmäge mümkinçilik beripdir.

Älemiň döredilişi baradaky iň gadymy rowaýatlardan biri Mesopotamiýada döredilipdi.

## Daýanç konspekti

→ mil. öň.2-nji müňýyllyk – Wawilon patyşalygy
→ Wawilon – «hudaýlar derwezesi»
→ mil. öň.XVIII asyr → Hammurapi – bitewi patyşalyk
→ Hammurapi kanunlary
→ Nawuhodonosor II hökümdarlygy – gülläp ösmegi
→ mil. öň. 539-njy ýyl – Wawilonyň parslar tarapyndan basyp alynmagy
→ klinopis, kalendar

## Soraglar we ýumuşlar

1. Kartadan Wawilon patyşalygyny we onuň paýtagtyny tapyň.
2. Haýsy hökümdaryň döwründe we haçan Wawilon bitewi döwlete öwrüldi?
3. Hammurapiniň kanunlary haýsy maksatda döredilipdi?
4. Şumer okuwçysy, häzirki zaman mekdep okuwçysy ýaly, ir bilen mekdebe howlugardy, ol derse gijä galmakdan gorkýardy, mekdebe gelip… Hekaýany dolduryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 13-§. Alynky Aziýa döwletleri



Assiriýaly gäminçy

**Mil. öň. 2-nji müňýyllykda** Alynky Aziýanyň çäginde ýaşan halklary birleşdiren ilkinji döwletler emele gelip başlady: *Assiriýa*, *Hett*, *Mitanni*, ýaly döwletler we *Finikiýa şäher-döwletleri* şolara degişlidir. Bu döwletler hemişelik basybalyjylykly we goranma uruşlarynda gün geçiripdirler.

### Assiriýa patyşalygy

Gadym zamanlarda assiriýalylar Ýewfrat we Tigr derýalarynyň ýokary akymyndaky kiçi çägi eýeläpdirler. Ilki *Aşşur* şäheri, soň bolsa *Ninewiýa* şäheri paýtagt bolupdyr. Ilatynyň esasy käri ekerançylyk we söwda-satykdy.

Assiriýalylar söweşjeň halk bolupdyr. Olar goňşy ýerlere ýygy-ýygydan hüjüm edip durýardylar. Assiriýalylaryň güýçli leşgeri her ýyl täze ýerleri basyp almaga atlanýardy. Boýun egdirilen halklar Assiriýanyň hökümdaryna uly mukdarda paç töläpdir.



**Şir bilen söweş.** *Ninewiýa köşgi diwarynda oýup işlenen teswir*




**Assiriýa patyşalygy**



**Assiriýalylaryň şäheri basyp alyşlary**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Assiriýa paýtagty Ninewiýa şäheri.** *Dikeldilen*

Şäheri basyp alan assiriýalylar galanyň diwarla-ryny, öýleri we ybadathanalary ýykyp taşlap, ilaty ýesirlige alyp äkidipdirler.

Ýörişlerde bäsdeşlerden çekip alnan ähli zatlar paýtagta akyp gelýärdi. Äpet uly köşkler we ybadathanalar şol baýlyklardan dolup gidipdir. *Aşşurbanapal*yň hökümdarlygy ýyllarynda Ninewiýada Alynky Aziýadaky iň iri, toýun tagtaçalardan ybarat bolan kitaphanalar jemlenipdir.

**Mil. öňki 605-nji ýylda** Assiriýanyň goşuny bütinleý gyrlyp taşlanýar, soňra bu döwlet hem pese gaçýar.



**Aşşurbanapalyň klinopis ýazuwundaky kitaphanasy**

## Hett we Mitanni patyşalygy

Takmynan **mil. öň. XVIII asyrda** Kiçi Aziýanyň merkezinde (häzirki Türkiýäniň çäginde) *hettler* diýen demirgazykly halk öz döwletini esaslandyrýar. *Hattusa* şäheri şu döwletiň paýtagty bolupdyr. Ilaty esasan daýhançylyk we çarwaçylyk bilen meşgullanýardy.

Hettler goňşy ýurtlar bilen hemişelik uruşlar alyp barypdyrlar. Söweşiji arabalar we demir uçly naýzalardan peýdalanypdyrlar.

Häzirki Siriýanyň çäginde emele gelen goňşy *Mitanni patyşalygy* hettleriň howply bäsdeşine öwrüldi. Uruşlarda mitannililer atly goşundan peýdalanypdyrlar.

Taryhda atlary näbelli halklar (olary *«deňiz halklary»* diýipdirler) hettleriň paýtagtyny basyp alyp, şäheri bütineý weýran edýärler. Döwlet dargaýar, hettler bolsa başga halklara garyşyp gidýär.

> **Ýatda saklaň!**
> Assiriýa döwleti Ýewfrat we Tigr derýalarynyň ýokary akymynda emele geldi, **mil. öň. 605-nji ýylda** taryh sahnasyndan gitdi.

## Urartu patyşalygy

*Urartu* döwleti Kawkazaňyrsyndaky, häzirki Türkiýäniň gündogar böleginde we Ermenistanyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çäklerinde ýerleşýär. Ilatyna *urartlar* diýipdirler. Bitewi döwlet döretmek zerurlygy Assiriýa hüjümlerinden goramak çaltlandyryldy.

**Mil. öň. IX–VIII asyryň başlarynda** Urartu döwleti gülläp ösdi. *Tuşpa* şäheri Urartu döwletiniň paýtagtyna öwrüldi. Urartlar birnäçe basybalyjylykly ýörüşlerine çykýarlar we assiriýalylaryň üstünden ýeňiş gazanýarlar. Emma soňrak assiriýalylaryň goşunlary urartlar goşunlaryny derbi-dagyn edýär. *Teýşebaini* şäherindäki gala eýelendi we weýran edip taşlandy. Şundan soň Urartu patyşalygy ep-esli güýçden gaçdy.



**Hetter söweşiň öňýanynda**

## Finikiya we Palestina

Gadym zamanlarda *Finikiýa* Ortaýer deňziniň gündogar kenary boýunça häzirki Liwanyň çäginde we Siriýanyň bir böleginde ýerleşýär.

Söwda-satyk finikiýalylaryň esasy kärlerinden biri bolupdyr. Finikiýalylar goňşularyna agaç, metallar we matalar satýardylar. Ortaýer deňziniň kenarynda *Tir*, *Sidon*, *Ugarit* ýaly iri deňizýaka şäherleri emele gelýär.

**Mil. öň. X asyrda** Finikiýada 22 çekimsiz harpdan ybarat bolan elipbiý döredildi.

Grekler ana şol elipbiýi özleşdirýärler we olara çekimli harplary hem goşup goýdular.

**Mil. öň. XI asyrda** Palestinanyň çäginde *Ysraýyl* patyşalygy emele geldi, soňluk bilen ol *Musaýy* patyşalygy bilen birleşdi. Ýahudiýa Wawilon patyşalygy tarapyndan basyp alyndy.

Gadymy musaýylaryň rowaýatlary dini kitaplara ýazylyp alnypdyr. Bu kitaplaryň toplumy «*Bibliýa*» jemlenipdir, bu söz grekçede «kitap» diýen manyny aňladýar. «Bibliýa»da Älem, Ýer ýüzündäki irki adamlar – Adam ata we

**Ýatda saklaň!**

**Hett patyşalygy** häzirki Türkiýe, Mitanni döwleti bolsa häzirki Siriýanyň çäginde ýerleşýär.



**Teýşebaini şäherindäki gala**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Finikiýalylar

How Enäniň döredilmegi, Ýer ýüzüni Tupan basmagy barada we başga rowaýatlar bar.

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Ninewiýa – ..*** | ***Mitanni – ...*** |
| ***Aşşurbanapal – ...*** | ***Urartu – ...*** |
| ***Hettler – ...*** | ***Tuşpa – ...*** |

### *Daýanç konspekti*

- mil. öň. 2-nji müňýyllyk – irki döwletler: Assiriýa, Hett, Mitanni
- Assiriýa patyşalygy – paýtagty Aşşur → Ninewiýa
- Aşşurbanapal – klinopis ýazuwundaky kitaphana
- mil. öň. 605-nji ýyl – Assiriýa Wawilon we Midiýa tarapyndan basyp alyndy
- mil. öň. XVIII asyr – Hett patyşalygy, paýtagty Hattusa
- – «deňiz halklary» tarapyndan Hattusanyň weýran edilmegi, döwletiň dargamagy
- Urartu döwleti, paýtagty – Tuşpa
- mil. öň. IX–VIII asyryň başlary – Urartu döwletiniň ösen döwri
- Finikiýa – Tir, Sidon, Ugarit şäherleri
- mil. öň. XI asyr – Ysraýyl döwletiniň emele gelmegi



**Ýahudiýa patyşalarynyň galasy.** *Dikeldilen*

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Alynky Aziýanyň çäginde irki döwletler haçan emele gelip başlady?
2. Assiriýa patyşalygy barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Assiriýanyň hökümdary Aşşurbanapal taryhda nämesi bilen at galdyrypdyr?
4. Hett patyşalygy nädip döredi? Hett patyşalarynyň hökümdarlygynyň özboluşlylygy nämede?
5. Hett patyşalygy nähili pese gaçdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6. Urartu döwleti gülläp ösmeginiň we pese gaçmagynyň sebäpleri nämede?

## 14-§. Ahemeniler döwleti

**Gadymy Eýranyň ilaty**

**Mil. öň. VI asyrda** häzirki Eýranyň çäginde *Ahemeniler* dinastiýasyna degişli patyşalar esaslandyran *Pars patyşalygy* emele geldi. Ahemeniler döwleti dünýädäki iň iri döwletlerden biri bolupdyr.

Häzirki Eýranyň çäginde gadym zamanlarda *kassiýler*, *elamylar* ýaly dürli taýpalar ýaşap gelipdir.




**Gadymy Pars döwleti**

Wagt geçip bu ýurda *midiýalylar* we *parslar* göçüp ornaşýarlar.

Dagetek jülgelerde ilat ekerançylyk bilen meşgullanypdyr, sähra sebitlerinde çarwadarlar ýaşapdyrlar. Eýran dürli ýurtlary baglap durýan kerwen ýollarynyň çatrygynda ýerleşýär.

**Eýranyň çägindäki gadymy döwletler**

**Mil. öň. 3-nji müňýyllykda** Eýranyň günorta-günbatar böleginde *Elam döwleti* emele geldi. Bu döwletiň paýtagty



**Gadymy golýazma**



**Ýahudiý halkyny wawilonlylar ýesir äkidýärler**

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öň. VI asyrda** häzirki Eýran çäginde (Pars aýlagy kenarlary) **Ahemeniler dinastiýasyna** degişli patyşalar esaslandyran **Pars patyşalygy** emele gelipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öň.3- nji müňýyllykda** Eýranyň günorta-günbatar böleginde Mesopotamiya bilen araçäkde **Elam** döwleti emele geldi. Bu döwletiň paýtagty **Suza** şäheri bolupdyr.



**Parslar söweşde**

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öň. VII asyrda** patyşa **Kiaksar** hökümdarlygy döwründe **Midiýa** güýçli döwlete öwrüldi.

*Suza* şäheri bolupdyr. Elamda dünýädäki iň gadymy ýazuwlardan biri döredilipdir.

Kaspi deňzinden günorta-günbatarda ýerleşýän *Midiýada* taýpalar bileleşigi emele geldi.

**Mil. öň. VII asyrda** patyşa *Kiaksar* hökümdarlygy döwründe Midiýa güýçli döwlete öwrüldi. Midiýa Wawilon bilen ýaran bolup Assiriýany basyp alýar. Eýranyň günortasynda, Pars aýlagyna utgaşýan ýerlerde Pars welaýaty – gadymy parslar ornaşan ülke ýerleşýär.

### Kir II – Pars hökümdary

**Mil. öň. 558-nji ýylda** Ahemeniler dinastiýasyndan bolan patyşa *Kir II* ähli parslary öz häkimiýeti astynda birleşdirdi. Midiýa patyşalygyny boýun egdirenden soň Kir II uly leşger düzdi we basybalyjylyklarly dowam etdirdi.

Ermenistan, Lidiýa we Wawilon eýelendi. Parslar Ortaýer deňziniň kenaryna çykdylar, Palestinany we Finikiýany boýun egdirdiler. Kir II-niň basybalyjylykly syýasatyny mirasdüşerleri *Kambiz II* we *Doro* I hem dowam etdirdiler. Kambiz II Müsüri zabt etmek arkaly Pars döwletiniň çägini has-da giňeltdi.

### Doro I niň özgertmeleri

**Miladydan öňki 522-nji ýylda** patyşa Doro I Gadymy Pars döwletiniň tagtyna çykdy. Şol wagt basyp alnan ähli ýurtlarda gozgalaňlar başlanýar. Ahemenileriň patyşasy Doro I olary basyp ýatyrmaga girişýär.

Doro I Gara deňziň boýlarynda ýaşaýan *skifleriň* üstüne ýörüş etdi. Doro I niň Kiçi Aziýadaky grek koloniýalary we Balkan ýarymadasynyň gündogarynda ýerleşýän *Frakiýany* basyp almagy Grek-pars uruşlarynyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

başlanmagyna sebäp boldy. Doro I hökümdarlygy döwründe Hindistanyň demirgazygyndan Ortaýer deňzine çenli ýassanyp ýatan ullakan döwlet döredildi.



Kir II

Doro I bütin ýurt üçin «doroýy» diýlip atlandyrylan ýeke-täk altyn teňňäni dolanyşyga girizdi. Ol gadymy Pars patyşalygynyň karargähi Persepol şäherinden Ortaýer deňzine çenli «patyşa ýoly» diýen söwda ýoluny gurdurypdy. Doro I goşunlary gaýtadan düzdi, soltanlygy «satraplyklar» diýip atlandyrylan aýratyn harby-administratiw ülkelere paýlady.

Makedoniýaly Aleksandr **mil. öň. 330-njy ýylda** Pars döwletini basyp aldy.



Doro I tagtda

**Ýatda saklaň!**

Makedoniýaly Aleksandr **mil. öň. 330-njy ýylda** Pars döwletini basyp aldy. Ahemeniler döwleti iki ýüz ýyldan artyk hökümdarlyk edipdir.

## Gadymy parslaryň medeniýeti

*Suza*, *Ekbatana* we başga şäherler Ahemeniler döwletindäki möhüm söwda merkezleri bolupdyr. *Persepol* şäherinde Doro I we Kserksiň dürli otaglar we ýüz sütünli zaly bolan köşgüniň galyndylary saklanyp galypdyr. Köşk legendar we hyýaly guşlaryň suraty bilen bezelipdi. Persepol köşgüniň diwarlaryndaky güberçek nagyşlarda Ahemeniler boýun egdiren köp halkyýetleriň wekilleriniň suratlary saklanyp galypdyr. Olar esasan Pars patyşalaryna paç töleýän pur_ satlarynda şekillendirilipdir.



Altyn teňňe



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Doro I sakçylary**

Gadymy parslar klinopis belgi ýazuwdan peýdalanypdyrlar. Pars patyşalarynyň ýazuwlary *Behistun* we *Nagyşy Rustam* gaýalaryna, şonuň ýaly-da, Persepol köşgüniň diwarlaryna oýup ýazylan. Olar ýörüşler, gozgalaňlar we döwlet durmuşyndaky möhüm wakalar barada maglumat berýär.

## Daýanç konspekti

- kassiýler, elamylar, midiýalylar, parslar
- Elam, Midiýa döwletleri
- mil. öň. 558-nji ýyl – Kir II – Pars döwletiniň hökümdary
- Kir II – Ermenistana, Wawilona we Midiýa basybalyjylykly ýörüşleri
- mil. öň. 522-nji ýyl – Doro I soltanlygynyň satraplyklara bölünmegi
- mil. öň. 330-njy ýyl – Ahemeniler soltanlygynyň makedoniýaly Aleksandr tarapyndan basyp alynmagy



**Ýesir alnan gozgalaň baş-lyklarynyň Doro I huzuryna getirilişi.** *Behistun gaýasy*

## Soraglar we ýumuşlar

1. Pars patyşalygy haçan döräpdir?
2. Haýsy dinastiýanyň hökümdarlary Pars patyşalygyny esaslandyrypdyr?
3. Elam döwleti haçan emele gelipdir?
4. Kir II haýsy döwletleri basyp aldy?
5. Doro I öz döwletinde nähili özgertmeler geçirdi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 15-§. Gadymy Hindistan siwilizasiýasy



Hind derýasynyň jülgesi

**Çägi we tebigy şerti**

Hindistan ýurdy şu atdaky ýarymada hem-de Aziýa kontinentiniň *Hind* we *Gang* derýalarynyň jülgeleriniň bir bölegini eýeläpdir. Tebigy şerti yssy klimat we suw bilen bile hasylly bulanyk suwy akdyryp gelýän giň ýaýylyp akýan derýalar ekerançylygyň emele gelmegi we ösmegi üçin mümkinçilik döretdi. Gimolaý daglary demirgazyk-gündogardan duşmanlardan we sowuk ýelleriň täsirinden özboluşly tebigy gorag diwary bolup hyzmat edýär.

Gang jülgesindäki tropiki tokaýlar uly daragtlar we reňbe-reň ösümliklere baý bolupdyr. **Mil. öň. 3-nji müňýyllykda** Hind derýasy jülgesinde uly şäherler emele gelip başlady.

**Ýatda saklaň!**

Hindistan ýurdy şu atdaky ýarym-ada hem-de Aziýa kontinentiniň Hind we Gang derýalarynyň jülgeleriniň bir bölegini eýeläpdir.




Gadymy Hindistan



Söweşjeň pil



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Iň gadymy Hindistan siwilizasiýasy



**Mohenjodarodaky köçe**

*Mohenjodaro* we *Harappa* şäherleri Hind derýasynyň basseýniniň iň iri şäherleridi. Iki şäher hem berk goranma diwarlary bilen gurşalan, içki köşgi bolupdyr. Köçeler bilen biri-birinden bölünen kwartallardan bişen we çig kerpiçden gurlan binalar (ýaşaýyş jaýlary, ammarhanalar, köşk we ybadathanalar) tapylan. Uly we owadan şäher – Mohenjodaro ilaty ökde hünärmentler bolupdyr.

Ilatynyň esasy käri ekerançylykdy. Daýhanlar şekerçiňrik, pagta ösümliklerini ýetişdiripdirler, pilleri eldekileşdiripdirler. Ýöne **miladydan öňki XVIII asyrdan** Hind derýasynyň jülgesi şäherleri tiz-tiz ýüze çykýan joşgunlar, tokaýlar we jeňňeller giňelmegi netijesinde ýok bolup, bütinleý weýrana bolupdyr.

### *Özüňizi synaň!*

***Hindistan – ...  Harappa – ...***
***Mohenjodaro – ...***



**Bular ýaly şirleriň teswiri bilen ybadathana sütünleri bezelen**

## Dini ynançlar

Gadimky hindiler edil müsürliler we wawilonlylar ýaly tebigatyň köp hadysalarynyň garşysynda ejizdiler: tropiki çabgalardan, suw joşgunlaryndan gurakçylykdan gorkýardylar.

Gadymy hindi rowaýatlarynda aýdylyşy ýaly, Gün hudaýy her daňda altyn arabada asman boýunça ýola düşýär. Gün gijeki tümlügi pytradyp taşlap, adamlara ýylylyk we ýagtylyk paýlamak niýetinde gözýetimden baş göterýär. Gö gürrüldisi hudaýy *Indra* asmandaky suwy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tümlükden azat edensoň, Ýer ýüzünde gurakçylyk ahyryna ýetipdir.

Hindiler käbir hudaýlary ýabany haýwanlar sypatynda göz öňüne getiripdirler. Meselem, olar sygynýan hudaýlardan biri, kellesi piliňkä meňzeş danyşmentlik hudaýy *Ganeşa* bolupdyr. Sygyr hindileriň arasynda mukaddes haýwan hasaplanyp, sygry öldürmek gadagan edilen.



**Ganeşa – pähimlilik hudaýy**

Hindiler jan bir bedenden başgasyna göçýär diýip ynanypdyrlar. Olar aradan çykandan soň adam bütinleý ölmeýär, belki başga bir barlyga öwrülip, öz daşky keşbini üýtgedýär, haýwana, garynja we ösümlge öwrülýär, diýip hasaplapdyrlar.



**Sygyr Hindistanda mukaddes hasaplanýar**

## Kastalar

Gadymy hindiler nähili ýumuşlar bilen meşgullanyşyna garap dört topara bölünipdi. Bu gatlaklar *kasta* ýa-da *warna* diýip atlandyrylan, şol sanda: ruhanylar – *brahmanlar* (hindi ruhanylary), söweşijiler – *kşatriýler*, daýhan, hünärment we söwdagärler – *waýşiler*, hyzmatkärler we gullar – *şudralar*.

Hindileriň ynanjyna görä, gatlaklardan her birini ýokary hudaý *Brahma* öz bedeniniň haýsydyr bir böleginden dünýä getiripdir.

Meselem, ruhanylar onuň agzyndan çykypdyr, söweşijiler ellerinden, daýhanlar gapyrgasyndan, hyzmatkärler bolsa Brahmanyň dabanyndan döredilen, diýip hasaplanypdyr. Çagalar hemişe ata-eneleriniň gatlagyna degişli diýip hasaplanypdyr.



**Hind gatlaklary**

Bir gatlakdan başgasyna geçmek mümkin bolmandyr. Dürli kastalara degişli adamlaryň arasynda nikalaşmaga-da ýol berilmändir.

Gatlaklardan hiç birine degişli bolmadyklary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Hudaý Brahma



Indra – gök gürrüldisi hudaýy

bolsa «*çandal*», ýagny «*hapa görülýänler*» diýipdirler. «Çandallar» kastalara degişli adamlar bilen bile bir öýde ýaşap bilmeýärdiler, olar bilen bir saçakda oturmak gadagandy.

### *Özüňizi synaň!*

***Hind we Gang – ...***
***Gatlaklar – ...   Çandallar – ...***

### *Daýanç konspekti*

- Hindistan ýarymadasy (Hind we Gang derýalary)
- mil. öň. 3- nji müňýyllyk – Mohenjodaro we Harappa şäherleriniň emele gelmegi
- hudaýlar – Indra, Ganeşa, Brahma
- kasta (warna)lar:
  – ruhanylar – brahmanlar
  – söweşijiler – kşatriýler
  – daýhanlar, hünärmentler we söwdagärler – waýşiler
  – hyzmatkärler we gullar – şudralar
- «çandallar»

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Kartadan Hindistany tapyň. Hindistanyň geografik ýerleşişiniň aýratynlyklary barada aýdyp beriň.
2. Hindistan jemgyýeti haýsy gatlaklara bölünipdir?
3. Siziň pikiriňizçe, näme üçin bir gatlakdan başgasyna geçmäge rugsat edilmändir?
4. Mohenjodaro we Harappa şäherlerine syýahat edip, şu şäherler barada hekaýa düzüň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 16-§. Miladydan öňki I müňýyllykda Hindistan

### Hindistan döwletleri

**Mil. öň. VII–VI asyrlarda** Hindistanda birnäçe döwletler emele gelýär, şol sanda: *Magadha*, *Koşala*, *Malla* we başgalar.

Makedoniýaly Aleksandr Orta Aziýany basyp alandan soň *Penjap* ülkesiniň çägine çozup girýär. Bu ülkäniň ilaty basybalyjylara berk garşylyk görkezýärler.

Makedoniýaly Aleksandr uly kynçylyklar bilen Hindi jülgesine çenli ýetip baryp, şundan soň Wawilona gaýdyp gidýär. Aleksandr galdyran goşun ýerli ilatnyň garşylygyna döz gelip bilmän, Hindistandan gitmäge mejbur bolýar.



**Serkerde Çandragupta.** *Häzirki surat*

Grek-makedon goşunlaryna garşy göreşe meşhur hindi serkerdesi *Çandragupta* serdarlyk edýär. Çandragupta Demirgazyk Hindistandaky ähli döwletleri öz düzümine alan *Maurýa döwleti*ni esaslandyrýar.

*Pataliputra* şäheri bolsa Maurýa döwletiniň paýtagtyna öwrüldi. **Mil. öň. III asyrda** patyşa *Aşokanyň* hökümdarlygy döwründe Maurýa ösüşiniň ýokary derejesine ýetýär.



**Maurýa döwletiniň patyşasy – Aşoka**

### Ylym we medeniýet

Gadymy Hindistanda ylym-bilim, hususan-da, astronomiýa we matematika ugry, ýokary derejede ösüpdir. Hindiler ýyl hasabyny 360 günden ybarat kalendaryny düzýärler. Bu döwürde sanamak we hasaplamagyň onluk ulgamy giň ýaýraýar: hindiler «nol»y aňladýan mahsus belgini oýlap tapýarlar, sifr-

5 – Taryh, 6-njy synp.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

leri bolsa bu günki günde bütin dünýä ulanýan bir tertipde ýazýan bolýarlar. Biz bu sifrlere arap sifrleri diýýäris, sebäbi hindilerden kabul edilen bu sifrler arap dilinde ýazylan eserler arkaly dünýä giň ýaýran.



**Hindiler oýlap tapan küşt däneleri**

Hindistanda oýlap tapylan, hindileriň özi «*goşunyň dört görnüşi*» diýilýän oýun bu günki günde bütin dünýäde «küşt» ady bilen mälim we meşhurdyr.

Hindiler birinji bolup şekerçiňrikden şeker alypdy. Metallary işläp taýýarlamak ugrunda hem hindiler adamy haýran galdyrýan netijeleri gazanypdyrlar.




**Sanskrit ýazuwy**

Gadymy hindi dilleri esasynda täze edebi dil bolan *sanskrit* işlenip taýýarlandy. «*Mahabharat*», «*Ramaýana*» dessanlary hem-de başga eserler ana şol dilde ýazylan bolup, olar bu günki güne çenli ýetip gelipdir.

***Özüňizi synaň!***

***Pataliputra – ...*** ***Sanskrit – ...***
***«Goşunyň dört görnüşi» – ...***



**Siddhartha Gautama.**
*Häzirki surat*

**«Hudaýlarsyz din»**

Jemgyýetdäki özgerişleriň täsirinde hindileriň dini ynançlary hem barha özgeripdir. Mil. öň. VI asyrda täze *buddizm* dininiň döredilmegi *Budda* lakamyny alan şazada *Siddhartha Gautamanyň* ady bilen bagly.

*Rowaýatda aýdylmagyna görä, şazada Siddhartha Gautama 20 ýaşy dolýança hökümdar atasynyň köşgünde aladasyz gün geçiripdir. Ol günlerden bir gün seýil edip ýören mahalynda bükülen, şypasyz derde ýolugan bir adama, soň bolsa jaýlama dessuryna gözi düşýär. Şeýdip şazada*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*adamyň azaby we ajaly mälim bolýar. Bu Siddhartha Gautama durmuşyny düýpgöter üýtgedýär. Ol köşkdäki aladasyz durmuşyny ret edýär, durmuşyň mazmunyny gözläp tapmak maksadynda dünýä boýunça syùahata atlanýar.*

*Bir güni ylym-bilime eýe bolan Budda adam san-sajaksyz gezek dogulmagy we aradan çykyşyna düşünýär. Soňky durmuşda adamyň kim bolup dogluşy-da onuň hereketlerine we amallaryna bagly bolýar, diýen netijä gelýär.*

Budda we onuň yzdaşlary bolan *buddistler* adam ýalan geplemeli däl, baýlyk toplamaly däl, janly jandarlaryň ganyny dökmeli däl diýip hasaplaýarlar. Şu sebäpli adam islendik arzuw-isleglerinden geçmelidir, sebäbi islendik arzuw-isleg jebir-jepalara getirýär.

Ilkibaşda buddistlerde hudaý bolmandyr, çünki olar hudaýlar adamyň jebir-jepalaryny ýeňilleşdirip bilmeýär, diýip hasaplapdyrlar. Ýöne köp geçmän Buddanyň özi hudaýa öwrülýär. Bu gün hem buddizm ybadathanalarynda onuň heýkellerini görmek mümkin. Budda liliýa gülüne çuňňur oýlara bakmak bilen gozganman, ýüz keşbi bilen gabaklaryny düşürip aýagyny ýygnap oturan ýagdaýynda suratlandyrylýar.

**Ýatda saklaň!**

Budda dinini **Budda** adyny alan şazada **Siddhartha Gautama** esaslandyrypdyr.



**Budda**

### *Özüňizi synaň!*

***Çandragupta – ... Buddizm – ...***
***Aşoka – ... Budda – ...***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Ilkibaşda buddistlerde hudaý bolmandyr, çünki olar hudaýlar adamyň jebir-jepalaryny ýeňilleşdirip bilmeýär, diýip hasaplapdyrlar.

### *Daýanç konspekti*

- mil. öň. VII–VI asyrlar – Magadha, Koşala, Malla döwletleri
- mil. öň. 327-nji ýyl – Makedoniýaly Aleksandryň Hindistana ýörüşleri
- Çandragupta – Maurýa döwletini esaslandyran, paýtagty Pataliputra bolan
- mil. öň. III asyr – Aşoka hökümdarlygy – Hindistanyň gülläp ösen döwri
- oýlap tapmalar: sifrler, «nol» sifri, küşt
- «Mahabharata, «Ramaýana» – halk dessanlary
- buddizm – «hudaýlarsyz din»

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Mil. öň. VII–VI asyrlarda Hindistanda haýsy döwletler emele geldi?
2. Beýik jahangirlerden haýsy birine Hindistan döwletini özüne boýun egdirmek nesip etmedi? Näme üçin?
3. Mauryа döwleti esaslandyran kim?
4. Haýsy hökümdar döwründe Mauryа döwleti ösüşiniň ýokary derejesine ýetdi?
5. Hindileriň iň ähmiýetli açyşlaryny we oýlap tapmalaryny aýdyp beriň.
6. Hindiler haýsy dine «hudaýlarsyz din» diýipdirler?



**Huanhe derýasy**

## 17-§. Gadymy Hytaý siwilizasiýalary

**Hytaýda siwilizasiýanyň kökleri**

Müsür, Mesopotamiýa we Hindistandaky ýaly Hytaýda hem gadymy siwilizasiýalar *Huanhe* we *Ýanszy* diýen uly



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

derýalaryň boýlarynda emele gelipdir. **Mil. öň. 3-nji müňýyllygyň** ahyrlarynda gadymy Hytaýyň çäginde irki döwlet Huanhe derýasynyň orta akymynda döräp, ony *Sýa* dinastiýasy hökümdarlary dolandyrypdyr. *Şan* taýpasynyň başlygy Sýa dinastiýasy patyşasyny tagtdan agdaryp, döwleti boýun egdiripdir.



**Hytaý emeldary**




**Gadymy Hytaý**

**Ýatda saklaň!**

Hytaýda gadymy siwilizasiýalar **Huanhe we Ýanszy** derýalarynyň boýlarynda emele gelipdir.

Şeýdip döwletiň ady hem onuň baş şäheriniň ady ýaly «*Şan*» diýip atlandyrylypdyr. Şana goňşy *çžou* taýpasy çozup girýär, onuň hökümdary Şan ýerlerini özüniňkä goşup



**Şaly atyzy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aldy we «*Çžou*» diýen uly döwleti gurýar. Döwlet uly bolandygy sebäpli hökümdarlar ony «*Ýeňiji*» ýa-da «*Orta patyşalyk*» diýip, özlerini bolsa «Asmanyň ogullary» diýip atlandyrypdyrlar. Bütin Demirgazyk Hytaý şol döwletiň düzümine giripdir.



**Baý emeldaryň ýaşaýyş jaýy**

**Hytaý ilatynyň kärleri**

Ekerançylyk Hytaýda ozaldan ünsli we buýsançly kär hasaplanypdyr. Esasy ekerançylyk ekinleri çöwdary we bugdaý bolupdyr. Soňluk bilen hytaýlylar şaly ýetişdirip başladylar, şaly tohumy Hindistandan getirilipdir.

Hytaýyň ilaty «çaý» agajyny hem ýetişdiripdir, onuň ýapraklaryndan şypaly içgi bolan «çaý» taýýarlanýar. Çaý tiz arada bütin dünýä ýaýraýar.

***Özüňizi synaň!***

***Huanhe we Ýanszy – ...***

***Şan – ...       Çžou – ...***



**Çžou döwletiniň hökümdary**

Tut agajyny ýetişdirmek Hytaýyň ilatynyň esasy kärlerinden biri bolupdyr. Tuduň ýapragy bilen ýüpek gurçugy bakylýar. Ýüpek gurçuklary pillelere süýümleri saraýar, pilleden bolsa örän ýeňil we nepis mata bolan ýüpek taýýarlanýar.

**Hytaý «köp patyşalyklar» döwründe**

**Miladydan öňki VIII–VII asyrlarda** Çžou döwletinda merkezi häkimiýet gowşap başlady. Käbir welaýatlaryň naýyplary patyşa häkimiýetinden azat bolmaga çalyşýardylar. Hytaýa göçme taýpalar hüjüm edip başlanyndan peýdalanan çet welaýatlaryň ilaty



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bölünip çykyp, öz döwletini döredip başlady. Şeýdip, **miladydan öňki VII–V asyrlardaky** döwür taryhda «*köp patyşalyklar*» döwri adyny alypdyr. Hytaýda şol biir wagtda «*göreşýän patyşalyklar*» döwri hem başlanýar. «*Ýeňiji*» – imperiýanyň ýokary hökümdarlary bilen bölünip çykan döwletleriň hökümdarlarynyň arasynda başlanan uruşlar iki ýüz ýyldan uzagrak dowam etdi. Bu döwür *Sin döwleti* hökümdary özüniň ähli bäsdeşlerini ýok edip bitewi döwlet düzmegi bilen tamamlandy.



**Kagyz önümçiligi.**
*Häzirki surat*

### *Daýanç konspekti*

- mil. öň. 3-nji müňýyllygyň ahyrlary – Hytaýda ilkinji döwletiň emele gelmegi
- mil. öň. 2-nji müňýyllyk – Şan, Çžou döwletleri
- ekerançylyk – şaly – çaý – ýüpekçilik
- mil. öň. VII –V asyrlar – «köp patyşalyklar döwri»



**Sin Şihuandi – merkezleşen Hytaý hökümdary**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Haýsy derýalaryň jülgesinde Hytaýyň irki siwilizasiýalary emele gelip başlady?
2. Hytaýda birinji döwlet haçan döredi? Ol nähili atlandyrylypdyr?
3. Hytaýyň haýsy gadymy döwleti «Ýeňiji» diýen ady alypdy?
4. Gadymy Hytaýyň ilatynyň esasy kärlerini sanap beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 18-§. Miladydan öňki III – milady II asyrlarda Hytaý



**Esgerleriň toýun heýkelleri.** *Sin Şihuandi kümmeti*

### Merkezleşen döwletiň döremegi

**Mil. öň. 246-njy ýylda** Hytaýy öz häkimiýeti astynda birleşdiren hökümdar, *Sin Şihuandi* adyny kabul edipdir. Bu at «*Siniň birinji hökümdary*» diýen manyny aňladýar. Öz döwletiniň çägini 36 welaýata paýlan hökümdar her birine naýyplary ýolbaşçy edip belleýär.

Sin Şihuandi entek dirikä özüne bagyşlap kümmet gurmaga perman beripdi. Kaşaň we bezegleri taýdan bu kümmet Müsür piramidalary bilen bäsleşip bilýär. Kümmeti 720 müň adam 37 ýylyň dowamynda gurupdyr. Kümmet birnäçe kwadrat kilometr meýdana ýerleşipdir. Sin Şihuandi guburyndan hökümdary «goramak» üçin ornaşdyrylan 6 müň sany toýun esgerleriň heýkelleri tapylan.



**Beýik Hytaý diwary**

### Beýik Hytaý diwary

Sin Şihuandi öz döwletini göçme *hunnlaryň* hüjümlerinden goramak üçin Demirgazyk Hytaý boýunça gurlan goranma diwary has-da berkitmegi buýrupdyr. Diwary gurmak işleri ilki **mil. öňki IV asyrda** başlanan. Bu diwar taryhda Beýik Hytaý diwary diýip atlandyrylan. Onuň beýikligi 6-10 metr, galyňlygy 5-8 metr, uzynlygy bolsa baryp 4000 kilometre ýetýär. Ol gadym zamanlarda duşmanyň goşunlary üçin uly böwet bolup hyzmat edipdir: atly goşunlar ondan geçip bilmeýärdi, galalary hüjüm bilen eýelemegi bolsa göçme taýpalar entek hötdesinden gelmeýärdiler.

> **Ýatda saklaň!**
> Sin Şihuandi Demirgazyk Hytaý boýunça gurlan goranma diwary has-da berkitmegi buýrupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Patyşa we emeldarlar diwar gurluşygynda müňlerçe daýhanlary mejburlap işledipdirler.

## Hytaýda halk gozgalaňlary

**Mil. öň. 206-njy ýylda** Sin dinastiýasyna garşy daýhanlar gozgalaňyna *Lýu Ban* baştutanlyk edipdir. Gozgalaňçylar paýtagty eýeleýärler. Şeýdip Sin patyşalygy ýatyrylýar we *Han* dinastiýasynyň hökümdarlygynda täze döwlet döredildi. Bu dinastiýanyň döwleti *U-Di* hökümdarlygy döwründe iň güýçli döwlete öwrüldi.



**Han dinastiýasynyň hökümdary – U-Di**

Gündogaryň başga döwletlerindäki ýaly Hytaýda hem bar ýerler hökümdaryňky hasaplanypdyr, ilat salgytlar töläp, dürli zähmet borçnamalaryny ýerine ýetiripdirler. Zor zähmetiň hasabyna ýetişdirilen hasyl köplenç daýhanyň özüne nesip edibermeýärdi.

Jebir-zulum hemişe halkyň närazylygyny güýçlendirip goýberýär Döwletiň dürli ýerlerinde gozgalaňlar başlanyp gidýär. Olardan biri miladyň başlarynda «*gyzyl gaşlylar*» gozgalaňy adyny alypdy, çünki gozgalaň turzanlar öz adamlaryny azaşdyrmazlyk üçin gaşlaryny gyzyl reňke boýapdyrlar.



**Hytaýdaky halk gozgalaňy**

«*Sary ýaglyklylar*» gozgalaňy **II asyrdaky** iň iri pitne boldy. Gozgalaň bütin ýurdy gurşady. Diňe hökümdaryň gowy ýaraglanan we harby tälim alan goşunlary ony basyp ýatyrmagy başarypdyr. *Hunnlaryň* hüjümleriniň güýçlenmegi bilen döwlet hem gowşapdyr. **Milady III asyrda** Han döwleti üç patyşalyga dargap gidipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Seýsmograf



Hytaý keramikasy



Hytaýda oýlap tapylan kompas



Bambuk tagtajyklardaky ýazuwlar

## Gadymy Hytaý medeniýeti

Gadymy Hytaýda özboluşly ýokary medeniýet döredilipdir. Ýerli ilatynyň gündelik durmuşy ekerançylyk, hünärmentçilik, gurluşyk we başga ugurlar bilen bagly bolup, ylmy bilimleriň ösüşini taalap edipdir.

Şeýdip matematika, astronomiýa we geografiýa ylymlary ösüş gazanypdyr. Şonuň ýaly-da, gadymy hytaýlylar binagärçilik we heýkeltaraşlyk ugurlarynda uly üstünlikleri gazanypdyrlar. Gadymy Hytaýda sözleri we jümleleri aňladýan iýeroglif ýazuwy bolupdyr. Ilki hytaýlylar bambuk tagtajyklara ýazypdyrlar.

Mundan 2,5 müň ýyl öň ýazuw üçin bambugyň ýerine şaýydan peýdalanmaga geçildi. Şaýy matalaryna çotga bilen ýazylypdyr. Indi kitap uzyn şaýy bölegine meňzäp, ony taýaga dolapdyrlar. **Mil. öň. I asyrda** kagyz oýlap tapylypdyr.

### *Özüňizi synaň!*

***Sin Şihuandi – ... Iýeroglif – ...***
***Beýik Hytaý diwary – ...***

Hytaýlylaryň iň ajaýyp oýlap tapmalaryndan biri *kompas* bolupdyr. Ol magnitlenen demirden ýasalan uzyn desseli uly çemçäni ýatladýardy. Bu gurluşy gözeneklere bölünen tylla çaýylan agaja ornaşdyrypdyrlar, onuň dessesi bolsa hemme wagt günortany görkezipdir.

Hytaýda ýer titremesini öňünden kesgitleýän *seýsmograf* hem oýlap tapylypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Daýanç konspekti*

- Sin Şihuandi – Sin döwletiniň hökümdary
- Beýik Hytaý diwarynyň gurulmagy
- halk gozgalaňlary:
  – mil. öň. 206-njy ýyl – Lýu Ban
  – «gyzylgaşlylar» gozgalaňy
  – milady II asyr – «sary ýaglyklylar» gozgalaňy
- oýlap tapmalar: iýeroglifler, kagyz, kompas, seýsmograf



**Süňke ýazylan Hytaý ýazuwy**



**Gadymy Hytaý taryhçysy Sim Sýan**

### Soraglar we ýumuşlar

1. Hytaýy bitewi döwlete birleşdiren hökümdaryň adyny aýdyň. Bu haçan bolupdyr?
2. Hökümdar Sin Şihuandi barada aýdyň, onuň şahsyýetine baha beriň.
3. Beýik Hytaý diwary barada nämeleri bilýärsiňiz? Diwaryň gurujysynyň adyndan hekaýa düzüň.
4. Hytaýlylaryň oýlap tapmalaryny sanap beriň. Haýsylaryndan häzir hem peýdalanýarys?

## 19-§. Özbegistanyň çägindäki irki döwletler

**Gadymy ilatnyň etnik düzümi we çäk taýdan ýerleşişi**

Ýazuw çeşmeleriň şaýatlyk etmegine görä, **mil. öň. VII–VI asyrlarda** Özbegistanda hem-de goňşy çäklerde *sogdylar*, *baktriýalylar*, *horezmliler* halkyýetleri hem-de *sak* we *massaget* taýpalary ýaşapdyrlar.

Zerewşan we Kaşgaderýa oazisinde ekerançylyk bilen meşgullanýan köp ilat



**Sak söweşijisi.**
*Dikeldilen*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Orta Aziýa halkyýetleri Mil. öň. VI asyr. *Dikeldilen*




**Orta Aziýa we Gadymy Gündogar**

ýaşapdyr. Grek ýazuw çeşmelerinde bu çäk *Sogdiýana* diýlip atlandyrylan. Bu çäkde ýaşaýan ilata sogdylar diýlipdir.

Amyderýanyň aşaky akymynda ýaşan oturymly halkyýetleri *horezmliler* bolupdyr. Olaryň ýurdy grek çeşmelerinde *Hosuratiýa* diýlipdir.

Sogdylaryň iň ýakyn goňşulary *baktriýalylar* bolup, olaryň ýurdy Surhan oazisi, Owganystanyň demirgazyk, Täjigistanyň günorta çäklerinde ýerleşýär. Grek-rim awtorlary ony *Baktriana* ýa-da *Baktriýa* diýip atlandyrypdyrlar.

Çöller we Amyderýanyň (derýanyň gadymky ady *Oks)* boýlarynda göçme *massaget* taýpalary ýaşapdyrlar. Orta Aziýanyň daglyk, sähra we çöllerinde esasy käri maldarçylyk bolan *saklar* ýaşapdyrlar. Gadymy grek-rim taryhçylarynyň ýazmagyna görä, saklar üç toparga bölünipdir. Olaryň aglaba bölegi *saka-tigra-hauda*, ýagny ýiti uçly keçe telpek geýip gezýän saklar diýip atlandyrypdyrlar. Olar häzirki Daşkent welaýatynda we Günorta Gazagystanyň ýerlerinde ýaşapdyrlar.

**Ýatda saklaň!**

**Sogd** – Zerewşan we Kaşgaderýa oazisinde, **Horezm** – Amyderýanyň aşaky böleginde, **Baktriýa** – Surhanderýa oazisi, Owganystanyň demirgazyk, Täjigistanyň günorta çäklerinde ýerleşýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ikinji topary *saka-tiaý-taradaraýýa*, ýagny derýanyň aňyrky tarapynda ýaşaýan saklar diýlip atlandyrylypdyr. Olar Aral deňziniň boýlarynda, Syrderýanyň (bu derýanyň gadymy ady *Ýaksart*) aşaky akymynda ýaşapdyrlar.

Pamiriň dagly raýonlarynda we Ferganada *saka-haumowarka* diýlip atlandyrylýan saklar ýaşapdyrlar.



Göçegçi

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Saka*** | ***tigrahauda – ...*** |
| | ***tiaý-taradaraýýa – ...*** |
| | ***haumowarka – ...*** |

**Mil. öň. VII–VI asyrlarda hojalygyň ösüşi**

Bu döwürlerde Horezm, Sogd we Baktriýa ilatynyň esasy käri emeli suwaryşa esaslanan ekerançylyk bolupdyr. Hünärmentçilik we söwda-satyk hem ep-esli ösüş gazanypdyr. Menzilgählerden ýokary hilli küýzegärçilik gaplary, demir we bürünç enjamlar tapylypdyr.



**Küýzegärçilik çarhynda toýun gap ýasamak**

Göçme sak we massaget taýpalarynyň esasy käri maldarçylyk bolup, olar düýe, at, goýun we geçileri bakypdyrlar.

Çarwadarlar haýwanyň derisinden aýakgap, geýimler, çadyrlar tikip, galla we miwä alyş-çalyş edipdirler. Hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegi netijesinde **mil. öň. VII–VI asyrlarda** gadymy şäherler ösüpdir. Olar hünärmentçilik önümçiligi we söwda merkezleridi.



**Baktriýa öýleri galyndylary.**
*Mil. öň. VI-V asyrlar*

**Mil. öň. VII–VI asyrlarda gadymy şäher medeniýeti**

Arheologlar *Afrasiýab* (Samarkant), *Ýerkorgan* we *Uzyngyr* (Kaşgaderýa oazisi), *Küýzeligyr* (Horezm), *Gy-*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*zyldepe* (Surhanderýa oazisi) ýaly gadymy şäherleri öwrenipdirler. Özbegistanyň şeýle gadymy şäherleri nähili görnüşe eýe bolupdyr?

Gadymy şäherler goranma diwarlary bilen gurşalypdyr. Şäherde häkim ýaşaýan gala bolupdyr. Galada çig kerpiçden gurlan uly köşk ýerleşýär. Diwaryň fortlary we ok atmak üçin mahsus bukalgalary hem bolupdyr. Şäheriň içersinde ýaşaýyş jaýlar we hünärmentçilik ussahanalary ýerleşýär.

Şäherleriň bir topary söwda we hünärmentçilik merkezleri bolsa, başgalary bolsa aýratyn tümen we welaýat merkezleri hasaplanypdyr.



**Gadymy Baktriýa öý-galasy. Surhanderýa oazisi.** *Mil.öň.VII–IV asyrlar*

## Gadymy döwletler

**Mil. öň. VII asyrda** döräň Gadymy Baktriýa döwleti Orta Aziýanyň çägindäki gadymy döwletlerden biri hasaplanýar. Margiana we Sogd Baktriýanyň syýasy we medeni täsirinde bolupdyr.

Bu döwürde Surhanderýa, Kaşgaderýa, Zerewşan oazislerinde gadymy şäherler ösüpdir. Gyzyldepe, Uzyngyr, Ýerkorgan we Afrasiýabyň ýerinde Baktriýa we Sogdyň merkezi şäherleri ýerleşýär.



**Gyzyldepe toýun gaplary**

Bu gadymy şäherleriň ýaşy 2700 ýyldan az däl.

Ýene bir gadymy döwlet Horezmiň çäginde döräpdir. Bu döwlet Horezmden daşarda bolan ýerleri hem birleşdiripdir. Gadymy Horezm oazisiniň merkezlerinden biri Küýzeligyr galasydy.

Ol galyň we berk goranma diwarlary bilen gurşalypdyr. Oazisiň ekerançylyk ilaty mal-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

darçylyk bilen hem meşgullanypdyr. Gadymy Horezmde hünärmentçilik, binagärlik we söwda-satyk ýokary derejede ösüpdir.

Ýerli küýzegärçilik, ýaragçylyk, zergärlik önümleriniň şöhraty özge ýurtlara-da ýaýrapdy. Horezmliler ökde gurluşykçy we hünärment bolupdyrlar.

**Ýatda saklaň!**

**Afrasiýab** – häzirki Samarkandyň gündogar araçägi çäklerinde mil. öň. VIII–VII asyrlarda esaslandyrylan gadymy şäher harabalarydyr.

### *Daýanç konspekti*

- mil. öň. VII–VI asyrlar – sogdlar, baktriýalylar, horezmiler, saklar, massagetler
- Sogdiana
- Horasmiýa
- Baktriana (Baktriýa)
- Amyderýa – massagetler, Syrderýa – saklar
- mil.öň.VII asyr – Gadymy Baktriya döwleti
- Gyzyldepe, Ýerkorgan, Uzyngyr, Afrasiýab, Horezm – Küýzeligyr



**Gadymy şäher harabalary**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Miladydan öňki VII-VI asyrlarda Orta Aziýanyň çäginde haýsy taýpalar we halkyýetler ýaşapdyrlar?
2. Miladydan öňki VII-VI asyrlarda Özbegistanyň çäginde ösüş gazanan hünärmentçilik görnüşlerini sanap beriň.
3. Orta Aziýanyň gadymy döwletleri haýsylar?
4. Özbegistanyň ilkinji şäherleri nähili görnüşde bolupdyr? Arheologik barlaglaryň gatnaşyjylarynyň adyndan aýdyp beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 20-§. Zarduştylyk

### Zarduştylygyň döreýiş taryhy

**Mil. öň. 1-müňýyllykda** Orta Aziýada *Zarduştylyk* diýlip atlandyrylan din giň ýaýraýar. Bu din entek adamlar tebigaty ylahylaşdyran wagtlarda ösüp başlapdy. Zarduştiylar ot, toprak, suw we ýyldyzlara sygynypdyrlar, olary mukaddes hasaplapdyrlar.



**Zarduşt.** *Häzirki surat*

«Zarduştylyk» sözi-de *Zarduşt* (dürli dillerde *Zaratuşra*, *Zoroastr*) adyndan gelip çykan. Ol mil. öň. 1-nji müňýyllygyň birinji ýarymynda ýaşap geçen taryhy şahs.

Soňrak Gresiýada Zarduştyň ady «Zoroastr» görnüşde aýdylýar (grekçe «*astron*» – «ýyldyz»), sebäbi Gresiýada ony birinji nobatda danyşment, münejjim hökmünde bilipdirler.

Zarduştyň iadyndan gelip çykmak bilen onuň taglymaty hem *Zarduştylyk* dini diýlip atlandyrylyp başlapdyr.

Zarduştylygyň peýda bolşy barada şeýle bir rowaýat bor. *Bir güni ir bilen daňdan Zarduşt suw almak üçin derýanyň boýuna barypdyr. Dury suwda ol Ahuramazdanyň ilçilerinden biriniň keşbini görüpdir, keşp şöhle bilen haýsy tarapa barmaga ýol görkezer eken.*

*Zarduşt jadyly şöhläniň yzyndan barypdyr, köp geçmän ýokary hudaý Ahuramazdanyň garşysyna barypdyr. Ol bolsa Zarduşty hudaý Ahuramazda we onuň haýyrly amallary baradaky bilimleri ýaýratmak üçin saýlandygyny mälim edýär.*

> **Ýatda saklaň!**
> **Zarduşt** – zarduştylyk dininiň esaslandyryjysy.

Şeýdip Zarduşt 30 ýaşynda täze dini taglymat pygamberine öwrülipdir. «Pygamber» sözüniň özi bolsa «haýyrly amallar barada habar beriji» manysyny aňladýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Zarduştylygyň ýaýramagy

Zarduştylyk ýaýrap başlan wagtlarda ybadathanalar we adamlar doga tekstlerini öwrenmegi üçin mahsus kitaplar hem bolmandyr. Dini dessurlar açyk asmanyň astynda, oduň ýanynda ýa-da öýdäki ojagyň odunyň daşynda geçirilipdir.

Ilkibaşda dürli taýpalary basybalyjylara garşy göreşe birleşdirmek üçin Zarduşt olary birleşmäge çagyrypdyr.

Zarduştyň soňky nesihatlary din hyzmatçylary bolan ruhanylar tarapyndan ýalyp alnypdyr. Zarduştylyk ruhanylary dini tekstleri ýat tutup, dindarlara okap beripdirler.

Zarduşt aradan çykandan soň birnäçe asyrlar geçensoň, ähli dini dessurlar, senalar we dogalar zarduştylar üçin mukaddes bolan bir kitaba jemlendi. Bu kitabyň ady «Awesto» bolup, «berk kesgitlenen kada-kanunlar» diýen manyny aňladýar.

«Awesto»nyň ilkinji bölegi **mil. öň. IX–VIII asyrlarda** peýda bolupdyr. Zarduştyň nesihatlarynyň tekstleriniň hemmesi **mil öň. III asyrda** 21 kitaba jemlenip, bu kitaplar «Awesto»nyň esasyny düzýärdi. «Awesto» tekstlerine düşündiriş bolsa «Zand» diýlip atlandyrylypdyr.

Alymlaryň barlaglary sebäpli bu günki günde biz zarduştylaryň mukaddes kitaby «Awesto»nyň tekstleri bilen tanyşmak mümkinçiligine eýe bolduk. Fransuz alymy *A.Dýuperron* ilkinji gezek «Awesto»nyň a5ryaýry böleklerini terjime edipdir.



**Ahuramazda**

**Ýatda saklaň!**
Astrolog (münejjim) – ýyldyzlaryň ýerleşişine garap gelejegi öňünden aýtmak bilen meşgullanýan adam.



**Zarduştiylar tagzym edýän günüň çykyşy**

6 – Taryh, 6-njy synp.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Zarduştylyk ruhanysy**

**Ýatda saklaň!**

«Awesto»nyň ilkinji bölegi **mil. öň. IX – VIII asyrlarda** peýda bolupdyr. Zarduştyň nesihatlarynyň tekstleriniň hemmesi miladydan öňki III asyrda 21 kitaba jemlenipdir, bu kitaplar «Awesto»nyň esasyny düzüpdir.

## Zarduştylyk hudaýlary, taglymaty we dessurlary

Zarduştylygyň hormatlanýan hudaýlary *Ahuramazda*, *Mitra* we *Anahita*dyr. Ahuramazda zarduştylaryň beýik we danyşment ýokary hudaýy hasaplanýar. Mitra – Gün we ýagtylyk hudaýydyr.

Otly ýyldyrymlaryş kömeginde ol ýowuzlyk we ölüm hudaýy bolan *Ahriman* bilen söweş edýär. Anahita zarduştylykda hasyldarlyk we suw hudaýy hasaplanýar. Zarduştylyk dini taglymaty adamzadyň Ýagşylyk we Ýowuzlyk baradaky garaýyşlarynyň kämillemegine uly täsir etdi.

Zarduştylar ömrüň düýp manysy gowy pikir, ýagşy söz we haýyrly amaldan ybarat bolupdyr. Adamyň esasy borjy ilki bilen adalatly durmuş ýörelgesi hasaplanypdyr.

Zarduştylaryň ynanjyna görä, ýalan geplemezlik, aldamazlyk, wada wepaly bolmak, diňe haýyr işleri amala aşyrmalydy.

Zarduştylarda aradan çykan adamlary jaýlamak babatda aýratyn dessur emele gelipdir. Adam aradan çykanda merhumyň jesedini ýere gömmek hem, otda ýakmak hem, suwa taşlap goýbermek hem gadagan edilipdir.

Şu sebäpden hem jesedi ýyrtyjy guşlar we haýwanlar iýip gider ýaly jony daşly we gumly depelerde galdyrypdyrlar. Ýagynlarda ýuwlan we güneşde gurap galan süňkleri mahsus toýun tabytjyklar – *ossuariýlerde* (süňkdanlar) jaýlapdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Hudaý Ahuramazdanyň köşk diwaryndaky teswiri.** *Persepol*



**Ossuariy**

### *Daýanç konspekti*

Mil. öň. 1-nji müňýyllykda zarduştylyk

- Zarduşt – täze din esaslandyryjysy
- Zoroastr – «astrolog»
- «Awesto»
- taýpalaryň birleşmek zerurlygy
- oda sygynmak
- Ahuramazda, Mitra, Anahita, Ahriman
- Zand – «Awesto» düşündiriş
- Ýagşylyk we Ýowuzlyk göreşi
- jaýlama dessurlary ossuariýler.

**Ýatda saklaň!**

Zarduştylar ömrüniň düýp manysy gowy pikir, ýagşy söz we haýyrly amaldan ybarat bolmaly. Adamyň esasy borjy ilki bilen adalatly durmuş ýörelgesi hasaplanypdyr.

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Zarduştylygyň ilkinji wagyz edijisi kim?
2. Orta Aziýanyň çäginde zarduştylyk ýaýran döwri aýdyň.
3. Pikirleniň, näme üçin ýagşylyga ymtylma we ýaradyjylyk hemişe gadyrlanyp gelipdir?
4. Zarduştylaryň haýsy dessurlaryny bilýärsiňiz?
5. Zarduştylaryň mukaddes kitaby «Awesto» nyň ähmiýeti nämede?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# III BÖLÜM
# GADYMY GRESIÝA



Gadymy Gresiýanyň gaýaly kenarlary

## 21-§. Antik taryhyň başlanyşy

### Çäkler we adamlaryň işi

*Balkan ýarymadasynyň* we *Ortaýer deňziniň* dalaryndaky gadymy grek döwletleriniň umumy ady Gadymy Gresiýa bolupdyr. Demirgazyk tarapyndan daşary, Gadymy Gresiýany Ortaýer deňziniň suwlary gurşaýar.

Gresiýanyň çäginiň üçden bir bölegini daglar eýeläpdir. Gresiýanyň iň belent dagy *Olimpdir*. Bu dag ýurduň demirgazyk-gündogar böleginde ýerleşýär.

Hasyldar meýdanlar diňe jülgelerde bolupdyr. Daglar ot-çöpler we gyrymsylar bilen örtülen. Gresiýanyň demirgazygynda we *Peloponnes*de grekler üçin örän gadyrly bolan




Gadymy Gresiýa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

iňňeýaprakly tokaýlar ösüpdir. Grekler gadym zamanlardan ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar.

### Siwilizasiýanyň emele gelmegi

**Mil. öň. 2-nji müňýyllykda** Günorta Gresiýada we Krit adasynda ilkinji şäher-döwletler emele gelip başlady (*Knoss, Miken)*. Krit adasyndaky siwilizasiýa legendar patyşa Minosyň ady bilen *Minoý siwilizasiýasy* diýlip atlandyrylypdyr. Bu siwilizasiýa güýçli ýer titremesine we suw joşgunyna sebäp bolan wulkanyň atylmagy netijesinde weýran bolupdyr. Köp geçmän gaýtadan dikeldilipdir.



**Grekler deňizde.**
*Häzirki surat*

Kontinentdäki Gresiýanyň çägine söweşiji taýpalar çozup girýär, olara *aheýler* diýipdirler. Hut aheýler Minoý siwilizasiýasynyň ýykylmagyny ahyryna ýetirýärler. *Doriýleriň* Günorta Gresiýa çosup girmegi Miken döwletini ýegsan edip, Sparta döwletini esaslandyrýarlar.

### Grekleriň deňiz syýahatlary

Egey deňzindäki köpsanly uly-kiçi adalar, amatly deňiz kenarlary we aýlaglar grekleriň arasynda deňizçiligi ösdürmäge mümkinçilik döredipdir. Ýöne greklerde uly gämiler bolmandyr, kiçi kürekli gaýyklarda bolsa kenardan uzaga ýüzüp barmak ep-esli howply bolupdyr. Grekler azaşmakdan gorkup, göz görýän gysga aralyklara – adadan ada ýa-da kenara golaý ýüzüpdirler. Tejribeli deňizçiler bolsa ýelkenlerden peýdalanyp uzak syýahatlara – Müsüre hem-de Ortaýer we Gara deňziniň kenarlaryndaky şäherlere ýüzüp barypdyrlar. Grekler adamlar ýaşaýan çäkleri *Oýkumena* diýip atlandyrypdyrlar.



**Minoý siwilizasiýasy ymaratlarynyň harabalary**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Grek gopliti



Afina gämi duralgasynda

**Ýatda saklaň!**

**Afina** we **Sparta** döwletleri Gadymy Gresiýanyň iň iri şäher-döwletleri bolupdyr.

### *Daýanç konspekti*

→ Balkan ýarymadasy, Peloponnes ýarymadasy

→ mil. öň.2-nji müňýyllykda – Miken, Krit döwletleri

→ mil. öň. 1200-nji ýyl – doriýler Miken döwletini weýran edýärler

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Kartadan Gadymy Gresiýany we Krit adasynyň çäklerini görkeziň. Ýurduň geografik ýerleşişini häsiýetlendiriň.
2. Gadymy Gresiýada ilkinji siwilizasiýa nirede emele geldi? Näme üçin ol pese gaçma duçar bolupdyr?
3. Grekleriň deňiz syýahatlary barada aýdyp beriň.

## 22-§.Gadymy Gresiýanyň gülläp ösmegi

**Grek şäherleri**

Gresiýada ekerançylygyň we hünärmentçiligiň ösmegi bilen şäherleriň sany-da barha artypdyr. Grek şäherleriniň aglabasy birnäçe menzilgähleriň birleşmegi arkaly döreýär. Şeýle şäherler grekçe «polis», ýagny «şäher» diýlip atlandyrylypdyr. Olar şäher-döwletleri düzüpdir.

Ähli şäher-döwletler öz goşunlaryna ega bolupdyr. Polisler bir-birleri bilen ýygy-ýygydan urşup durupdyrlar. Şu sebäpli grekler esgerlere tälim-terbiýe bermäge we gowy ýaraglandyrmaga çalyşýardylar. Goşunlaryň esasyny agyr ýaraglanan esgerler– *goplitler* düzüpdir. Olar dörtburçluk şeklini emele get-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

iryän bir-birine dykyz ýerleşýän hatarlar bilen söweş edipdirler. Şeýle söweşiji nyzama durmak *falanga* diýlip atlandyrylypdyr.



**Grek pyadalarynyň nyzama durşy (falanga)**

### Özüňizi synaň!

***Şäher-döwletler – ...*** ***Goplitler – ...***

***Polislar – ...*** ***Falanga – ...***

## Afina döwleti

Orta Gresiýanyň günorta-gündogar böleginde dagly *Attika* welaýaty ýerleşýän ýarymada bardy. **Mil. öň. 2-nji müňýyllykda** Attikanyň günbatar böleginde grekler «*Akropol*», ýagny «*Ýokary şäher*» diýlip atlandyrylan gala guryarlar. Wagtyň geçmegi bilen Akropolyň töweregine adamlar göçüp gelip ornaşyp başlapdyrlar, şeýdip Afina şäheri emele gelipdir.



**Afinanyň raýatlary**

Attikanyň ilaty üç sany uly topara bölünipdir, şol sanda: *raýatlar, daşary ýurtlular – metekler* we *gullar*. Diňe atasy we enesi azat afinaly bolan erkekler Afinanyň raýaty bolup bilipdirler. Afina döwletiniň raýaty bolmak buýsançlydy.

Diňe raýatlar ähli hukuklardan peýdalanýardylar. Olar agyr zähmet we saglygyna zyýan ýetirýän işlerden azat edilipdiler.

Afina döwletine kümüş känleriniň önümi we duz gazyp almak uly girdeji getiripdir. Mundan daşary, Afina deňiz bileleşiginiň pugtalanmagy bilen deňiz söwdasy hem ösüş gazanypdyr. Afinanyň esasy portuna öwrülen *Pireý* gämi duralgasyndan ýurda gullar we dürli-dürli harytlar getirilipdir.

**Ýatda saklaň!**

Attikanyň ilaty üç uly topara bölünipdi, şol sanda: **raýatlar, metekler we gullar**.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Grek heýkeltaraşlary heýkeller arkaly her bir ýetginjek – güýçli, beden taýdan sagdyn we öz watanyny goramaga taýýar bolmalydygyny aňladypdyrlar.

### Afinada tälim

Afinada döwlet mekdepleri bolmandyr. Ata-eneler öz çagalaryny pedagoga (grekçede «*pedagog*» sözi «*çagany ýolda alyp barýan*» manysyny aňladýar) hak töläp okadypdyrlar. Kanun boýunça diňe oglanlar üçin tälim almak mejbury bolupdyr.

Ýedi ýaşdan başlap çagalara ýazuw we hasap öwredilipdir. *Stil* bilen mum çalnan tagtajyklara harplary metal taýajyk bilen ýazypdyrlar. Aglaba raýatlar üçin tälim diňe şundan ybarat bolupdyr. Gurply ata-eneleriň perzentleri bolsa *palestra* – hususy gimnastika mekdeplerinde okuwyny dowam etdiripdirler. Palestrada edebiýat okadylyp, goşgy ýazmak we saz hem öwredilýärdi.

Oglanlar 14 ýaşdan gimnastika bilen meşgullanýardylar. Şol bir wagtda olara göreş, naýza we disk zyňmak, uzynlyga we beýikligine bökmek hem-de ylgamak hem öwredilýärdi. Ýetginjekler, şonuň ýaly-da, el söweşi, harby işler we ata münüp ýöremegi öwrenipdirler.



**Disk zyňyjy.** *Heýkeltaraş Miron*

Palestralarda meşhur heýkeltaraşlar tarapyndan işlenen heýkeller durupdyr. Meselem, palestralardan birinde Mironyň «*Diskobol*» («Disk zyňyjy») diýen heýkeli oturdylypdy. Heýkel arkaly ýigidiň nähili bolmalydygy – güýçli, beden taýdan sagdyn we öz watany goramaga taýýar bolmagy öwredilýärdi.

Afinada ýokary maglumat berýän okuw edaralary hem bolupdyr. Emma olarda diňe gurply ata-eneleriň perzentlerine okamak mümkinçiligi bolupdyr. Şeýle tälim edaralarynda astronomiýa, geometriýa, geografiýa, taryh okadylýardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tälim almak möhleti 3-4 ýyl dowam edipdir. Şundan soň döwlet işlerinde belli bir wezipäni eýelemek mümkinçiligi emele gelipdir.

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Pedagog –*** | ***Palestra – ...*** |
| ***Stil – ...*** | ***Miron – ...*** |

**Mil. öň. XII asyrda** Günorta Gresiýanyň (*Lakonika*) çägine *doriýler* taýpasy çozup girýär. Olar Sparta şäher döwletini esaslandyrýarlar. Sparta iň iri grek döwletlerinden birine öwrülýär. Spartalylar gula öwürilen ýerli ilat – *ilotlar* hem aslynda grekler bolup, olar bilen bir dilde gepleşipdirler.

Ilotlar spartalylary gaty ýigrenýärdiler. Şeýle şertde öz hökümdarlygyny diňe güýç bilen saklap galmak mümkin bolupdyr. Şonuň üçin hem spartalylar öz döwletinde aýratyn şertler döredipdirler, şol sanda, hemme tertip-düzgüne berk amal edip, ýeňilenler rehimsiz jezalandyrylýardy.

Sparta urşa taýýarlýan bir şähere meňzeýärdi. Daşary ýurtlular Sparta girizilmändir. Söwda-satyk haýal ösüpdir, sungat eserleri, owadan ybadathanalar hem bolmandyr. Hemme öýler bir-birine meňzedilip gurlupdyr.

Ilotlar kiçi-kiçi obalarda ýaşapdyrlar. Olar uly bir döwletiň emlägi hasaplanýardy. Ilotlar aýratyn spartalylaryň maşgalasynyň ýerini işläp bejerip, mallaryny bakypdyrlar we başga borçnamalary ýerine ýetiripdirler. Spartalylar bolsa diňe söweşijidiler. Olar ekerançylyk bilen hem, maldarçylyk bilen hem meşgullanmandyrlar.



**Sparta raýatlary (spartalylar)**



**Spartalylar söweşde**



**Spartaly söweşiji**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ilotlardan daşary Spartada doly hukuklara eýe bolmadyk, şahsy azat adamlar – *periekler* hem ýaşapdyr.

Gadymy Spartada güýçli we çydamly söweşijiler gadyrlanypdyr. Çagalar örän berk şertlerde kämilleşipdirler. Sparta mekdeplerinde çagalary harby işlere öwredip geljekki söweşijiler we Spartanyň wepaly goraýjylary edip terbiýelenýärdi. Spartaly ýetginjekler ata-enelerinden aýry ýaşapdyrlar. Ýigrimi ýaşyna ýeten hemme ýigitler söweşiji goşunlara kabul edilip, garraýança goşunda gulluk edipdirler.



**Periek küýzegärler iş başynda**



**Ilotlar hasyl ýygymynda**

### *Daýanç konspekti*

- menzilgähleriň şäher-döwletlere (polis) öwrülmegi
- goplit → falanga
- Akropol → «ýokary şäher»
- raýatlar → metekler → gullar
- pedagog – «çagany ýolda alyp barýan»
  stil → metal taýajyk → palestra
- Miron – «Disk zyňyjy»
- mil. öň. XII asyr – doriýler Spartany esaslandyrdylar
- periekler → ilotlar

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Grek şäherleri nädip döräpdir?
2. Polis näme? Polisiň özboluşlylygy nämede?
3. Attikanyň ilaty haýsy toparlara bölünipdir?
4 «Alys zamanlarda, men palestra – gimnastika mekdebinde tälim alanymda...». Hekaýany dowam ediň.
5. Sparta mekdebinde çagalara nämeler öwredilipdir?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 23-§. Grek koloniýalary

**Täze çäkleriň özleşdirilmeginiň sebäpleri**

Gadymy Gresiýada aristokratlardan karzdar bolup, öz ýerine we emlägine eýe bolmadyk köp adamlar öz watanyny terk etmäge, keseki ýurtlarda kysmatyny synamaga mejbur bolupdyrlar.

Ýersiz, naçar grekler sapara çykmaga taýýarlanyp başlaýarlar. Ugramazdan öň olar hudaýlara gurbanlyk beripdirler. Özleri bilen bile laý çalnan gamyşdan dokalan sebetjiklerde ot hem alypdyrlar. Ot şol mahalda olar ömürbaky terk eden watanyň bir parçasydy.




Grek teňňeleri



Grekleriň Gara deňziň kenarlaryna ýerleşmegi

**Grek koloniýalarynyň döremegi**

Gresiýadan göçüp gelenler *Sisiliýa* adasynyň kenaryna we *Apennin* ýarymadasynyň günortasyna ýerleşipdirler.




Grek koloniýalary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Olaryň menzilgähleri Ortaýer we Gara deňiz boýlarynda hem emele geldi.

Grekleriň koloniýalary ýuwaş-ýuwaşdan barha şäher döwletlere öwrülipdir. Bu şäherleriň öz häkimleri, goşunlary, kanunlary we teňňeleri bolupdyr. Olarda söwda-satyk we hünärmentçilik ösdi.



**Hersones şäherindäki ybadathana sütünleri**

Koloniýalaryň ilaty Gresiýanyň şäherleri – polisleri bilen hemişelik gatnaşykda bolupdyr.

Grekler özüni bitewi halk – *ellinler* hasaplapdyrlar, öz watanyny bolsa Ellada diýip atlandyrypdyrlar. Grekler özlerini *«warwarlara»* garşy goýupdyrlar. Olar özleşdirilen ýerleriň töwereginde ýaşaýan grek bolmadyk halklary şeýle at bilen atlandyrypdyrlar.

> **Ýatda saklaň!**
> **Mil. öň. VIII – VI asyrlarda** örän köp Grek koloniýalary döredi.

**Mil. öň. VIII–VI asyrlarda** örän köp grek koloniýalary döredi. Bu döwür taryhda *Beýik grek koloniýalaşdyrylyşy* adyny alypdyr. Gara deňziň kenarlarynda *Olwiýa, Hersones, Pantikapeý,* we başga iri koloniýalar emele geldi.

Täze ýurtlar bilen tanyşlyk grek medeniýetini baýlaşdyrdy. Meselem, miladydan öňki VIII asyrda Gresiýada Finikiýa elipbiýine esaslanan täze ýazuw emele geldi. Elipbiý 24 harpdan ybarat bolupdyr. Olaryň arasynda çekimli harplar peýda boldy. Koloniýalar bilen grek şäherleriniň arasyndaky haryt çalşygynyň, söwda-satygyň we hünärmentçiligiň gülläp ösmegine esas döretdi. Koloniýalardan Ellada galla, metallar we gullar getirilýärdi.



**Pantikapeýdäki Halk mejlisi**

### *Daýanç konspekti*

- mil. öň. VIII-VII asyrlar – grek koloniýalarynyň döremegi
- mil. öň. VIII – VI asyrlar – Olwiýa, Hersones, Pantikapeý koloniýalary



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

→ Ellada – ellinler – «warwarlar»
→ Mil. öň. VIII asyr – 24 harpdan ybarat elipbiý

### Soraglar we ýumuşlar

1. Grek koloniýalary haçan döräpdir?
2. Haýsy şäherler Gara deňziň kenarlarynda emele geldi?
3. Grekler özlerini we öz watanyny nähili atlandyrypdyrlar?
4. Gresiýadan göçüp gelen adamyň adyndan hekaýa düzüň. Näme üçin Siz Gresiýany terk etmäge mejbur bolduňyz? Täze ýurtlarda nämeleri gördüňiz?



**Afina. Akropol**

## 24-§. Afinadaky demokratiýa

**Demokratiýanyň şekillenmegi**

Afina şäherinde merkezi meýdan bolup, onuň töweregini dürli-dürli ymaratlar gurşapdyr. Meýdan bolsa *agora* diýlip atlandyrylypdyr. Ol halk ýygnagy meýdany bolupdyr. Şäher ilatynyň aglabasyny hünärmentler we söwdagärler düzüpdir.

Afina şäherinde ähli erkek raýatlar döwleti nähili dolandyrylmalydygy babatda öz pikirlerini beýan edip bilipdirler. Olar ýüze çykan meseleler we täze kanunalary ara alyp maslahatlaşmak üçin her aýda dört gezek agora ýygnanýardylar.



**Oratoryň Afina raýatlarynyň öňündäki nutky**

Ähli kararlar ses bermek ýoly bilen kabul edilipdir. dolandyryşyň bu şekli *demokratiýa* diýlip atlandyrylýar, ýagny bu adalga «*halk häkimiýeti*» diýen manyny aňladýar («*demos*» – halk + «*kratos*» – häkimiýet).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Drakont kanunlaryna görä ölüm jezasy**

**Ýatda saklaň!**

Afinanyň ilaty *aristokratiýa* we *demos* atly iki bölege bölünen.



**Karzly grekleriň Solon özgertmelerinden soň gulçulykdan boşadylyşy**

### Drakont kanunlary

Afinany dolandyrmakda Aksakgallar geňeşi möhüm ähmiýete eýedi. Bu geňeş häkimleri we sudýalary saýlapdyr. Olar, geňeş agzalary ýaly, diňe Afina asylzadalaryndan bolupdyr. Afinada ilatyň bir bölegi aristokratlar *(aristokratiýa)* emlägiň we baýlygyň hemmesine diýen ýaly eýelik edýärdi, başga bir bölegi ýönekeý halk-«*demos*» olaryň peýdasyna işlemäge mejburdy. Hut şu zat Afina döwletiniň ilatynyň arasyndaky hemişelik agzalalyklara we dawalara sebäp bolupdyr.

Adalatyň berkarar bolmagyny islän iki tarap hem *Drakont* atly hökümdara ýüzlenýärler. Olar Drakontdan hukuklar we borçlar babatda hemmäni deňleşdirýän kanunlary ýazmagy haýyş edýärler.

**Mil. öň. 621-nji ýylda** Drakont halk dolandyryşyny ýatyran kanunlary ýazýar we amala girizýär. Bu kanunlar şeýle bir berk we aýawsyz bolup, afinalylar olara «syýanyň ýerine, gan bilen ýazylan», diýipdirler. Kanuny sähelçe bozanlygy üçin hem Drakont ýeke-täk jeza – ölüm jezasy belläpdir.

Ilki afinalylar bu kanunlara boýun egipdirler, soňra närazy bolup başlapdyrlar we kanunçy Drakonty şäherden kowup goýberipdirler.

### Solon özgertmeleri

Afina döwletinde halk asylzadalaryň hökümdarlygyndan närazydy. Halkyň ýagdaýy barha erbetleşýärdi, şonda adamlar öz hak-hukuklary üçin göreşe bil baglaýarlar. Olar aristokratlaryň öý-galalaryna çozup başladylar. Öz ýerinden we janyndan gorkan aristokratlar eglişik etmäge we halkyň talaplarynyň bir bölegini ýerine ýetirmäge mejbur bolýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Solon diýen gaty bilimli we tejribeli aristokrat, aýratynam, halka eglişik etmegiň berk tarafdarydy.

Aristokratlar Solona ynanýarlar we ony Afinanyň hökümdary edip saýlaýarlar. **Mil. öň. 594-nji ýylda** Solon döwleti dolandyrmagyň öňki ulgamyny üýtgedýär. Öňki dolandyryş ulgamy – *aristokratiýa*ny (asylzadalaryň häkimiýetini) Solonyň demokratiýasyna (halk häkimiýetine) çalşyrýar. Döwleti dolandyrmakda diňe erkek raýatlar gatnaşyp bilýärdi. Aýallar we daşary ýurtlular (olara metekler diýipdirler) kabul edilýän kanunlary ara alyp maslahatlaşmaga we ses bermäge gatnaşyp bilmeýärdiler.

Solonyň teklibi bilen daýhanlaryň karzlary we karzdarlary gul etmek ýatyrylýar. Döwlet dolandyryşyndaky özgertmeler Halk mejlisiniň işiniň dikeldilmegi we gelip çykyşyna seretmezden afinalylar üçin döwlet wezipelerini eýelemek mümkinçiligini nazarda tutýardy.

**Ýatda saklaň!**
**Mil. öň. 594-nji ýylda** Solon döwleti dalandyrmagyň öňki aristokratiýa ulgamyny demokratiýa çalşyrdy



**Solon – Afina hökümdary**

***Özüňizi synaň!***

***Aristokratiýa – ...***

***Metekler – ... Özgertmeler – ...***

**Afinada demokratiýanyň güýçlenmegi**

Erkek jynsyna degişli ähli raýatlar 20 ýaşdan başlap *Halk mejlisi*ne gatnaşýardylar. Halk mejlisiniň uly bölegi gurply bolmadyk hünärmentlerden, söwdagärlerden, hakyna tutma işçilerden, daýhanlardan ybaratdy. Halk mejlisinde köpçülik üçin peýdaly bolan kararlar kabul edilýärdi.

Nobatdaky mejlis bolýan gün öňünden yglan edilýärdi. Mejlis ir bilen geçirilýärdi, se-

**Halk mejlisi**
↓
**Strateg**
↓
**Bäşýüzler geňeşi**
↓
**Halk sudy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bäbi işçiler gündizine mejlise gelip bilmeýärdiler. Olar işlemeseler aç galmagy mümkindi.



Bäşýüzler geňeşiniň ýygnagy

Afinada wezipeli şahslar Halk mejlisi tarapyndan belli bir möhlete saýlanýardylar we mejlise hasabat berýärdiler. Eger-de wezipeli şahs öz borçlarynyň ýerine ýetirilmeginiň hötdesinden gelmese, Halk mejlisi bu adamy möhletinden öň wezipesinden boşadypdyr.

Halk mejlisi täze kanunlary tassyklaýardy, köne kanunlary ýatyryp, başga kararlary, meselem, täze desgalaryň gurluşygyna, armiýa we başgalara serişde goýbermek barada karar kabul edýärdi.

Her ýyl saýlanýan *Bäşýüzler geňeşi* gündelik meseleleri çözýärdi. Bäşýüzler geňeşine strateg ýolbaşçylyk edipdir. Onuň kararlary Halk mejlisinde tassyklanýardy.

*Halk sudy* hem Afinada möhüm döwlet organy bolupdyr.

30 ýaşyna dolan raýatlar onuň işine gatnaşýardylar. Sudda aýplanýan şahs özüni-özi gorap bilmegi ýa-da owadan gepläp bilýän we kanunlary bilýän adamy ýollamalydylar.



Halk mejlisi

### Perikl asyry

**Mil. öň. 443–429-njy ýyllarda** 15 gezek strateg wezipesine saýlanan *Perikl*yň hökümdarlygy döwründe Afina iň güýçli döwlete öwrüldi we ýurtda demokratiýa gülläp ösdi. Bu döwür şonuň üçin hem «Periklyň asyry» diýlip atlandyrylypdyr. Ajaýyp grek ýazyjylary, alymlary we suratkeşleri Periklyň dostlary bolupdyrlar. Perikl taryhçy Gerodot, heýkeltaraş Fidiý bilen dostdy. Perikl Halk mejlisindäki wezipelere iş hakyny tölemegi girizýär. Periklyň hökümdarlygy döwründe Afinada uly gurluşyk işleri amala aşyryldy. Akropolda Parfenon – hudaý

7 – Taryh, 6-njy synp.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Afinanyň ybadathanasy, meşhur desga guruldy.

Periklyň alyp baran işleri gurply şäherlilere ýakmaýardy, ol aristokratlaryň zor salmalaryna gaýtawul beripdir. Perikl aradan çykandan soň onuň girizen ençeme kanunlary ýatyrylýar.




**Perikl – Afina strategi**

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Bäşýüzler geňeşi – ...*** | ***Perikl – ...*** |
| ***Strateg – ...*** | ***Parfenon – ...*** |

### *Daýanç konspekti*

→ agora – halk ýygnaklary üçin meýdan
→ demokratiýa – halk häkimiýeti
→ aristokratlar ⟶ demos
→ mil. öň. 621-nji ýyl – Drakont kanunlary
→ mil. öň. 594-nji ýyl – Solon özgertmeleri
→ mil. öň. 443–429-njy ýyllar – Perikl 15 gezek strateg wezipesine saýlandy
→ Parfenon – Afina ybadathanasy



**Afinalylaryň howandary – hudaý Afina**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Kartadan Afina döwletini görkeziň we ony häsiýetlendirip beriň.
2. Demokratiýa näme? Afinadaky demokratiýa haýsy görnüşde ýüze çykypdy?
3. Solon özgertmeleri geçirilenden soň ilatyň durmuşynda nähili özgerişler boldy?
4. Solon özgertmeleri boýunça Afinanyň döwlet dolandyryşynyň esasy organlaryny sanap beriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 25-§. Grek-pars uruşlary

### Grek-pars uruşlarynyň sebäpleri

Mil. öň. V asyryň başlarynda Gresiýa parslar howp salyp başladylar. Doro I hökümdarlyk edýän Eýran täze-täze ýurtlary basyp almagy isleýärdi.



Gresiýa kenarlaryndaky pars gämileri

Gresiýanyň ähli şäherlerinde pars ilçileri peýda boldy, olar: *«Biziň hökümdarymyz, beýik şalaryň şasy Doro, günçykardan günbatara çenli ähli adamlaryň ýeke-täk eýesi bolan sizden ýer we suw talap edýär»* diýip, aç-açan aýdýardylar.

Gresiýadaky käbir şäherleriň ilaty parslara garşylyk görkezmegiň alajy ýok diýip hasaplap, patyşa Doro I-iň şertlerini kabul etmäge razydylar.

Afina we Sparta basybalyjylara boýun egmezlige äht etdidler. Pars ilçileri Afina gelende gahar-gazaba münen şäher ilaty olary öldürip, gaýadan aşak taşlap goýberdiler. Ilçileri çuňňur guýa taşlap spartalylar hem gahar-gazap bilen *«Ýeterlik suwy-da, ýeterlik ýeri-de guýynyň düýbünden taparsyňyz»* diýýärdiler.

Pars patyşasy Kiçi Aziýadaky grek şäherlerini basyp alyp, Gresiýany eýelemek maksadynda uly taýýarlyk başlady.



Pars söweşijileri

### Marafon söweşi

**Mil. öň. 490-njy ýyl** pars harby floty Egeý deňzini kesip geçdi we Attikanyň kenaryna labyr taşlady. *Marafon düzlüginde* naýza, hanjar we ok-ýaýlar bilen ýaraglanan pars suwarylary we pyýda söweşijileri gämiden düşürýärler.

Grekler parslara garanda az sanlydylar. Şonuň üçin olar pars suwarylaryna amatsyz bolan gaýaly belentliklere ýerleşýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Grek-pars uruşlary**



**Pars söweşijileri.** *Tekiz üste işlenen güberçek heýkeller*

Grek leşgeri parslary Attikanyň jümmüşine barýan ýollaryny böwetläp goýdy. Emma açyk söweşe girmekden çekinýärdiler.

Bir hepde wagt geçdi. Serkerde *Miltiad* baştutanlygynda söweşiji falanganyň düzüminde hatarlaşan grekler Marafon düzlügindäki pars goşunlaryna garşy hüjüm başladylar. Gazaply söweşde grek goşunlary parslary gaçmaga mejbur etdi. Parslar öz gämilerine tarap çekinmäge geçdiler. Grekler parslaryň ýed gämisini eýeläp alypdyrlar, başga gämiler bolsa gaçyp gidipdirler.

Marafon söweşindäki ýeňşi Afina ýetirmek üçin bir söweşiji şähere tarap ylgaýar. Göni 42 kilometr ýoly ylgap geçen söweşiji «Ýeňdik! Ýeňdik!», diýip şol bada ýüregi ýarylyp, jan beripdir. Soňluk bilen alys aralyga ylgamak *Marafon ylgamak* diýlip atlandyrylyp başlanypdyr.



**Marafon düzlügindäki söweşiň shemasy**

**Ýatda saklaň!**

Parslaryň we grekleriň Marafon söweşi **mil. öň. 490-njy ýylda** bolup, grekleriň ýňşi bilen tamamlanypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Fermopil söweşi**

Täze uruşga taýýarlyk görülýän wagtda Doro I aradan çykýar. Gresiýa garşy onuň ogly Kserks ýörüş başlady.



**Fermopil deresi**

**Mil. öň. 480-nji ýylda** Kserksiň goşuny demirgazyk Gresiýany basyp alýar.

Daglardaky *Fermopil deresi* Gresiýa demirgazygyndan günorta eltýän ýeke-täk ýoldy. Grekler şol ýerde bukuda oturmaga karar edýärler. Grekleriň goşunyna Sparta patyşasy *Leonid* baştutanlyk edipdir. Ol parslaryň hüjümlerini gaýtaryp durupdyr. Ýöne bir dönük parslara daglar arkaly geçýän başga ýoly görkezip beripdir.

Mundan habar tapan Leonid 300 spartalydan başga ähli grek söweşijilerine çekinmegi buýrupdyr. Spartalylaryň ählisi söweş meýdanynda gahrymanlarça heläk bolýar. Bu waka *«Üç ýüz spartalylaryň edermenligi»*, diýip taryhda meşhur bolupdyr. Fermopil söweşinden soň Kserksiň goşunlary Orta Gresiýa ýetip baryp, Afinany eýeleýärler.

**Ýatda saklaň!**
Fermopil söweşi **mil. öň. 480-nji ýylda** bolup geçipdir.

**Salamin söweşi**

Grekler bilen parslaryň arasyndaky aýgytlaýjy deňiz söweşi **mil. öň. 480-nji ýylda** dar *Salamin aýlagynda* bolup geçdi. Greklerde 200 harby gämi – *triýeralar* bardy. Bu gämiler suw asty gaýalaryň arasyndan we ýalpak ýerlerden aňsat ýüzüp geçip, şol döwür üçin uly tizlikde – sagadyna 18 kilometr tizlikde ýüzüpdir.



**Fermopil söweşi**

Grek şäher-döwletleriniň birleşen floty parslaryň harby flotundan güýçli bolupdyr. Ýeňlenden soň Kserks flotuň galyndylary bilen Gresiýany terk etmäge mejbur bolýar.

**Mil. öň. 479-njy ýylda** parslar Afinany basyp almaga ýene bir gezek synanyşýarlar. Ýöne



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

grekleriň birleşen leşgeri *Plateýa* şäheriniň golaýynda pars goşunlaryny derbi-dagyn edýär.

Bu Grek-pars uruşlaryndaky iri söweş bolupdyr. Grek-pars uruşlary grekleriň doly ýeňşi bilen, **mil. öň. 449-njy ýyldaky** ýaraşyk şertnamasy netijesinde tamamlandy.

**Ýatda saklaň!**
**Salamin** aýlagydaky söweş **mil. öň. 480-nji ýylda** bolup geçdi.

### *Özüňizi synaň!*

***Mil. öň. 490-njy ýyl – ...***
***Mil. öň. 480-nji ýyl – ...***
***Mil. öň. 479-njy ýyl – ...***



**Salamin söweşindäki grekleriň gämisi**

### *Daýanç konspekti*

- mil. öň. 490-njy ýyl – Marafon söweşi
- mil. öň. 480-nji ýyl – Fermopil söweşi – üç ýüz spartalynyň edermenligi
- mil. öň. 480-nji ýyl – Salamin söweşi
- mil. öň. 479-njy ýyl – Plateýa söweşi – grekleriň ýňşi

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Parslaryň Gresiýa çozup girmeginiň sebäplerini aýdyp beriň.
2. Kartadan parslar Gresiýa üstüne ýörüşleriniň esasy ugurlaryny görkeziň.
3. Marafon söweşine gatnaşyjynyň (parslar ýa-da grekler armiýasy söweşijisi) adyndan hekaýa düzüň.
4. Salamin söweşiniň gidişi we jemi barada aýdyp beriň.
5. Salamin adasynda Pars döwletiniň flotunyň ýeňilmeginiň esasy sebäplerini aýdyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 26-§. Gresiýanyň Makedoniya tarapyndan basyp alynmagy

**Gresiýanyň ýykylmagynyň sebäpleri**

Gresiýanyň şäherleri bir-birleri bilen uruşýan mahalynda Makedoniýanyň patyşasy *Filipp II* Elladany basyp almagy nazarda tutýar. Onuň goşunlary atlylardan we pyýadalardan düzülendi. Pyýada goşunlar 16 hatardan ybarat *falanga*da nyzama duryar. Falanganyň altynjy hataryndaky naýza birinji hatardaky söweşijini goraýardy. Söweş wagtynda bütin falanga edil bir şahly demir mahluga meňzäp galýardy. Falanganyň ganatlaryny atly goşun goraýardy.



**Filipp II**

Filipp II Gresiýa garşy harby ýörüş etmäge berk taýýarlanýar. Meşhur orator *Demosfen* Ellada şäherlerini gezip, olaryň ilatyny birleşmäge we makedonlara garşy göreşmäge çagyrýar. Fiwa we käbir başga şäherleriň ilaty Filipp II goşunlaryna garşy Afina bileleşigine goşulýar.

**Ýatda saklaň!**
Makedoniya Gresiýany **mil.öň. 338-nji ýyli** Heroniýanyň golaýyndaky söweşden soň basyp aldy.

**Heroniýa bosagasyndaky söweş**

**Mil. öň. 338-nji ýylda** grekleriň we makedonlaryň esasy güýçleri *Beotiýadaky Heroniýa* şäheriniň golaýynda çaknyşýarlar. Gazaply söweş uzak dowam edýär. Harby hile ulanan grekler üstünlik gazanýarlar. Makedonlar çekinip başlaýarlar. Ýeňiş gazanjakdygyna ynanyp başlan grekler olary yzarlap başlaýarlar.

Grekleriň goşunlary şonda iki bölege bölünýär. Ana şol böleklerden birine Filipp II-niň ogly *Aleksandr* serkerdelik edýän atly goşunlar tozduryjy zarba berýär. Grek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

goşunlary çekinip başlaýar we derbi-dagyn edilýär. Söweşde grekleriň aglabasy heläk bolupdyr. Heroniýa bosagasyndaky söweşden soň şowsuzlyk netijesinde Gresiýa Makedoniýa tabyn bolup galýar.



Demosfen ýetginjekliginden orator bolmagy arzuw edýärdi. Ýöne ol juda pes owazda gepleýärdi we sakawlanardy. Sesiniň belentligini artdyrmaga maşk edip, ol deňiz şowhunyndan belendräk gygyrmaga çalyşardy.

### Gresiýa Makedoniýanyň düzüminde

*«Grekleriň azatlygy Heroniýanyň bosagasynda heläk bolanlar bilen bilelikde jaýlandy»*, diýipdi De-mosfen. Bu şowsuzlykdan soň Gresiýanyň ilaty öz kysmatyna gorky astynda garaşypdyr. Ýöne Filipp II özüni grekleriň patyşasy diýip yglan etmeýär. Filipp II grekler bilen birleşip, parslara garşy bileleşik düzýär.

**Mil. öň. 337-nji ýylda** Spartadan daşary ähli grek şäher-döwletleriniň wekilleri Korinfa ýygnanýarlar we Makedoniýa häkimiýeti astynda parslara garşy ýörüş maksadynda grek şäherleriniň bileleşigini düzýärler. Olar ylalaşyp dynç-asuda ýaşamak, özara uruşlar alyp barmazlyk we bir-biriniň içki işlerine gatyşmazlyk barada bir karara gelipdirler.

Ýöne Fillip II parslara garşy ýörüşini amala aşyryp bilmän aradan çykýar. Onuň ogly Makedoniýaly Aleksandr hökümdar bolýar.



**Filipp II pyýadalarynyň falangasy**

**Ýatda saklaň!**

**Falanga** – pyýadalaryň 16 hatar bolup dykyz ýerleşişi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Daýanç konspekti*



Tälim prosesi

- Makedoniýa patyşasy Fillip II
- mil. öň. 338-nji ýyl – Heroniýa söweşi
- mil. öň. 337-nji ýyl – Korinf bileleşiginiň emele gelmegi
- ähli gapma-garşylyklary we dawalary grek şäher-döwletleri geňeşiniň çözmegi

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Siziň pikiriňizçe, näme üçin grekler öz ýurdunyň garaşsyzlygyny saklap bilmediler?
2. Demosfeniň Elladanyň ilatynyň öňündäki hyzmatlary nämede?
3. Kartadan Filipp II niň ýörüşleriniň ugurlaryny görkeziň.
4. Makedonlaryň goşunlary grekleriňkiden nämesi bilen tapawutlanypdyr?
5. Gresiýanyň basyp alynmagy haçan we haýsy söweşde bolupdy?
6. Filipp II Gresiýany basyp alandan soň grek şäherleriniň dolandyryşynda nähili özgerişler boldy?

## 27-§. Raýat terbiýesi



Geraklyň şir bilen söweşi

**Raýat terbiýesi**

Grekleriň mekdeplerinde işeňňir raýatlar, döwlet goraýjylaryny terbiýelemelidi. Sporty ösdürmek we Olimpiýa oýunlaryna umumy gyzyklanma hem şuňa hyzmat edipdir. Oglanlara çagalykdan şygryýet we saza saza söýgi duýgusy siňdirilýärdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Arslany ýeňen *Gerakl*yň heýkeline nazar taşlaýarys. Gadymy grek heýkeltaraşy Gerakly daýaw pälwan hökmünde suratlandyrypdyr. Yzky aýaklarynda duran äpet arslan bolsa Geraklyň egnine-de ýetenok.

Emma näme üçin Gerakl lybassyz suratlandyrylypdyr? Bu gadymy grek şekillendiriş sungatynyň özboluşly taraplaryndan biridir. Heýkeltaraşyň nazarynda Geraklyň güýç-kuwwatyny görkezmek möhüm bolupdyr. Eger-de heýkeltaraş pälwany geýindirip şekillendirse, onuň arslany ýeňýän myşsalary we penjeleri güýçli, maşk eden bedeniniň gözelligini duýmadyk bolardyk.

Umumy tälimden daşary, ýigitler iki ýyl, harby tälim hem alypdyrlar. Birinji ýyl olar öýlerinde ýaşardylar we nyzamda ýöremek, ýarag dakyp ýöremek, açlyga we sowuga çydamly bolmagy öwrenipdirler. Ikinji ýyl bolsa käbirleri Attika serhetdeş galalarda harby gullugy geçip we başgalary Pireý portunda deňizçilik sungatynyň esaslaryny öwrenýärdiler.

Ýurtdy goramak zerurlygy emele gelen ýagdaýda 30 ýaşyna dolmadyk erkekleriň ählisi ýaraglary we harby eşikleri bilen hökman goraga ýetipgelmeli bolupdyr. Soňra olar öz hudaýlary, janajan külbesi we ýurdy üçin söweşlere giripdirler. Watana bolan söýgi her bir raýatyň janypkeşligi we edermenligi hasaplanypdyr.



**Geraklyň dokuz kelleli aždar bilen söweşi.**



**Olimpiýa meýdanyna giriş**



**Gerakl Frakiýa patyşasy Diomediň ýabany atlaryny boýun egdirýär.**

## Olimpiýa oýunlary

Sport ähli grekler üçin söýgüli türgenleşik bolupdyr. **Mil. öň. 776-njy ýylda** ilkinji gezek geçirilen Olimpiýa oýunlary dürli-dürli sport ýaryşlarynyň arasynda iň esasysy hasapla-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Olimpiýa oýunlaryndaky ylgamak ýaryşy.** *Gaba çekilen surat*

nypdyr. Ana şol seneden başlap her dört ýylda bir gezek Olimp dagynda mukaddes ot Gün şöhlesinden ýandyrylýar, Gresiýanyň dört tarapyndan gelen sportçylar bäşgöreşde ýaryşýardylar

Bäşgöreş: uzynlyga bökmek, disk zyňmak, naýza oklamak, ylgamak we göreşden ybarat bolupdyr. Aýlawda arabalarda we atlarda çapyşyk guralýardy. Adamlar we sportçylar Olimpiýa sag-aman ýetip gelmek üçin oýunlar geçirilýän wagtda uruşlar togtadylýar.

Gresiýadaky Olimpiýa oýunlary Olimp hudaýy *Zewsiň* hormatyna bagyşlanyp geçirilipdir. Rowaýatlara görä, Olimpiýa oýunlaryny esaslandyran Gerakl hasaplanýar. Olimpiýa oýunlarynda diňe jenaýat etmedik, şanyna zeper ýetirmedik azat grek gatnaşmagy mümkin bolupdyr.

Ýaryşlarda üç gezek ýeňiş gazanan sportçy Olimp dagynda öz heýkelini oturtmaga hakly bolupdyr. Grekler ýyl hasabyny hem Olimpiýa oýunlaryna garap ýöredipdirler. Ýeňijiler mukaddes zeýtun daragty çybyklaryndan dokalan çemenler bilen sylaglanypdyr.

Hristian dininiň ýaýramagy netijesinde Zewsiň hormatyna bagyşlanan Olimpiýa oýunlary gadagan edilýär. **Mil. 394-nji ýylda** bolup geçen ýer titremesi netijesinde Olimpiýa meýdany weýran bolup, gadymy Olimpiýa oýunlaryny geçirmek bütinleý togtap galýar.

Ahyrynda,**1896-njy ýylda** Olimpiýa oýunlary gaýtadan dikeldilýär. Olimpiýa oýunlary açylýan günde gadymy fakel ýakmak däbi häzire çenli saklanyp galypdyr. Gün şöhlesinde ýandyrylan fakel Olimpiýa ýaryşlary geçirilýän ýere getirilýär.

**Ýatda saklaň!**

Ilkinji Olimpiýa oýunlary **mil. öň. 776-njy ýyldan mil. 394-nji ýyla** çenli geçirilipdir. **1896-njy ýylda** Olimpiýa oýunlary gaýtadan dikeldilip, häzirki güne çenli dowam edýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Daýanç konspekti*

→ Olimpiýa oýunlary
- mil. öň. 776-njy ýyl – birinji gezek
- 394-nji ýyl – soňky gezek
- 1896-njy ýyl – gaýtadan dikeldildi



**Boksçy heýkeli. Olimpiýa oýunlary ýeňijisi**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Gadymy Gresiýanyň mugallymlary öňünde nähili maksat goýupdyrlar? Grek mekdepleri häzirki mekdeplerden nämesi bilen tapawutlanýar?
2. Olimpiýa gatnaşyjysynyň adyndan hekaýa düzüň. Siz ol ýerde nämeleri görendigiňizi aýdyp beriň.

## 28-§. Gadymy Gresiýanyň medeniýeti

### Gomeriň «Iliada» we «Odisseýa» dessanlary

Grekler Kiçi Aziýada ýerleşýän *Troýa* bol olja almak maksadynda uruş başlapdyrlar.

Ýöne grek rowaýatlary başga bir sebäbi hem beýan edýär. *Iň owadan aýal Sparta patyşasynyň aýaly Sahypjemal Ýelenady. Troýa patyşasynyň ogly Paris Sparta patyşasynyňka gelýär we Sahypjemal Ýelenany Troýa ogurlap gidýär. Wakadan habar tapan Sparta patyşasy Parisden öç almaga äht edýär we ähli grekleri Troýa bilen urşga çagyrýar. Grekler dokuz ýyl Troýany biderek gabaýarlar.*



**Gomer – gadymy grek şahyry**

Gadymy grek şahyry *Gomer* «Iliada» we «Odisseýa» poemalaryny ýazýar. «Iliada» ana şol urşuň ahyrky onunjy ýyly barada



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Troýa aty

hekaýa edýär. *Odisseýiň maslahaty bilen grekler mekir edýärler: içi bom-boş ullakan agaç at ýasaýarlar. Ana şol agaç atyň içine grek goşunlarynyň bir bölegi gizlenip, goşunyň başga bir bölegi bolsa ýakyndaky adalardan birine ýerleşipdi. Troýalylar grekler gabamagy bes etdiler we Troýa howandary Afina Pallada ýaranmagy üçin bize at sowgat edipdir, diýen netijä gelip, agaç aty şähere alyp girýärler.*

*Gijesint atyň içinden çykan söweşijiler derwezeleri açýarlar we Troýa basyp alynýar.* Häzirki dillerde «*Troýa aty*» jümlesi erbet sowgat manysyny aňladýar.



«Ahillesiň dabany»

«Iliada» dessanynyň baş gahrymany *Ahilles*dir. Oglunyň baky ýaşamagyny islän ene bäbegini Stiks derýasyna batyryp alýar. Hut şol wagtda Ahillesiň enesi tutup duran dabanyna suw degmän galýar. Söweşlerden birinde Ahilles tabanyna degen okdan heläk bolupdyr. Şol wagtlardan bäri «*Ahillesiň dabany*» jümlesi näzik ýeri aňladýar.

Troýa urşy ahyryna ýetýär. Grekler Troýany talaýarlar we köp oljalar bilen öýlerine gaýtmakçy bolýarlar. Olar Egeý deňzi arkaly uzak we howply ýollardan geçmelidiler.



Troýa urşy

***Özüňizi synaň!***

***Troýa – ...    Gomer – ... Şliman – ...***
***«Ahillesiň dabany» jümlesi ...***

XIX asyryň ahyrynda nemes alymy Genrih Şlimann Gomeriň hekaýalaryny öwrenip, Troýa ýerleşýän ýeri anyklaýar. Alym Türkiýedäki Hi-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

sorlik depeligi harabalarynyň çäginde gazuw işlerini başlap goýberýär we hakykatdan hem Troýa galyndylaryny tapýar.

**Ýatda saklaň!**

Meşhur tragediýalary **Sofokl** ýazypdyr. **Aristofan** bolsa komediýalar ussasy bolupdyr.

### Gresiýada teatr

Mundan iki ýarym müň ýyl öň Gresiýada teatr dünýä geldi. «*Teatr*» sözüni grekçeden terjime edende «*tomaşalar öýi*», «*tomaşahana*» diýen manylary aňladýar. Tomaşalar diňe baýramlarda guralypdyr. Ir bilen daňdan başlanan tomaşalar günuzyn dowam edýärdi. Tomaşaçylara birnäçe pýesalar görkezilýärdi.

Teatra girmek üçin ujypsyzja tomaşa haky alnypdyr. Garyp raýatlara teatra bakmak üçin pul berilýärdi.

Sahnada ähli rollary diňe erkekler ýerine ýetiripdir, pýesa gatnaşyjylary şadyýan, gamgyn we ýowuz keşpdäki dürli nykaplardan peýdalanypdyrlar. Teatrlarda özara göreş görkezilipdir, adatda gatnaşyjy adamlar heläk bolmagy bilen tamamlanýan pýesalara *tragediýa* diýlipdir.

«*Patyşa Edip*» we «*Antigona*» ýaly iň meşhur tragediýalary *Sofokl* ýazypdyr. Ajaýyp epizodlar, şadyýan sahnalar, näzik ýumora baý *komediýalar* bolsa adamyň kemçilikleriniň üstünden gülýär. *Aristofan* komediýalaryň ussasydy.



**Grek teatry**



**Teatr nykaplary**



**Sofokl**

***Özüňizi synaň!***

***«Teatr» grek dilinden terjime edende ...***

***Tragediýa – ...*** ***Komediýa – ...***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Zews we Apollon



Parfenon




Aristofan – komediýalar awtory

## Heýkeltaraşlyk we binagärçilik

Grekler diňe bir patyşalar we aristokratlar üçin köşkler däl, eýsem hemme adamlar peýdalanýan jemgyýetçilik binalaryny hem gurupdyrlar. Heýkeller we başga heýkeltaraşlyk eserleri diňe bir köşk emeldarlarynyň öýlerini bezemän, şol bir wagtda şäher meýdanlaryny, ybadathanalary, hemmä açyk tomaşa baglaryny we stadionlary hem bezäp durupdyr.

Ybadathanalar we başga jemgyýetçilik binalary daşdan gurlan hususy öýler bolsa kerpiçden we pagsadan gurlupdyr.

Grek heýkeltaraşlary öz hudaýlarynyň hem-de meşhur alymlarynyň, Olimpiýa oýunlary ýeňijileriniň ýa-da söweşde ýeňen gahrymanlaryň hormatyna heýkeller dikipdirler.

Iň beýik grek heýkeltaraşlaryndan biri *Fidiý*di. Ol Afinada *Parfenon* gurluşygyna we Akropoly gaýtadan gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdir. Onuň meşhur eserlerinden biri, Ýer ýüzündäki ýedi täsinligiň biri hasaplanýan Olimpiýaly Zewsiň heýkelidir. Arhitektor we heýkeltaraş *Dedal* Minos diýen patyşa üçin meşhur *Labirint köşgüni* gurupdyr.

Akropolyň merkezinde gurlan, Parfenon Gresiýadaky iň ýokary derejeli mermer daşlardan gurlan. Ýagtylyk düşüşine garap ol öz reňkini altyn reňkinden mawy ýa-da çal reňke çenli, üýtgedip öwşün atýar.

### *Özüňizi synaň!*

***Parfenon – ...*** ***Fidiý – ...***
***Dedal – ...***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Daýanç konspekti

→ Gomer — «Iliada» – Troýa urşy barada
— «Odisseýa» – Odisseýiň başdan geçirenleri barada

→ Genrih Şlimann – Troýa şäheriniň ýerleşen ýeri

→ teatr — tragediýalar → Sofokl
— komediýalar → Aristofan

→ Fidiý → Parfenon → Zewsiň heýkeli



**Diogen**

## Soraglar we ýumuşlar

1. Haýsy dessanda Gomer Troýa aty baradaky rowaýaty suratlandyrýar? Siziň pikiriňizçe, şeýle waka çyndan hem ýüze çykmagy mümkinmidi?
2. Gadymy Gresiýada teatr nähili görnüşde bolupdyr?
3. Grek binagärçiliginiň özboluşlylygy barada aýdyp beriň.
4. Haýsy grek heýkeltaraşlaryny we olaryň eserlerini bilýärsiňiz?

## 29-§. Gadymy Gresiýanyň alymlary we akyldarlary



**Diogen bir boçkada ýaşapdyr.**
*Häzirki surat*

**Ylym** Gadymy Gresiýada filosoflary danyşmentler, durmuş terbiýeçileri hökmünde hasaplapdyrlar.

Grek filosoflary Älemiň gurluşy we adamyň durmuşynyň manysyny düşündirmäge synanyşypdyrlar. Olar ösümlikleri, haýwanlary, adam bedenini, Güni we ýyldyzlary öwrenmäge çalyşypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Filosof Geraklit



Arastu (Aristotel)




Gerodot

Meşhur grek filosofy *Geraklit* Ýer ýüzündäki hemme zat otdan gelip çykan, diýip düşündiripdir. *«Bir derýa iki gezek düşmek mümkin däl», «Hemme zat akýar, hemme zat üýtgeýjidir»* diýen meşhur hikmetler oňa degişlidir.

Frakiýaly *Demokrit* diýen filosof Geraklitiň pikirine närazylyk bildirip, ol bizi gurşaýan hemme zat göze görünmeýän maýda-maýda bölejikler – atomlardan ybarat diýen manydaky pikiri beýan edipdir.

Grek filosofy *Diogen «Adamda hiç hili zerurlyklar bolmaly däldir»* diýen pikiri öz taglymatyna esas edip alýar. Durmuşdaky ähli amatlyklary ret eden Diogen bir boçkada ýaşapdyr. Makedoniýaly Aleksandr ondan: *«Saňa nähili kömek beriip bilerin?»* diýip soranda, Diogen: *«Aňyrrak dursaňyz-la, günüň öňüni ýapýarsyňyz!»* diýip kinaýa eden eken.

Mil. öň. V asyrda ýaşan *Gerodot* «Taryh» diýlip atlandyrylan kitap ýazypdyr. Gadymda Gerodota «*taryhyň atasy*» diýipdirler.

Gadymy grek alymy *Aristotel* toplann bilimleri aýratyn pudaklara bölýär we olary özbaşdak ylymlar hökmünde kesgitläp berdi. Aristoteli Gündogarda «*Arastu*» diýip atlandyrmak soňluk bilen däbe öwrülipdir.

Ähli zamanlarda alymlar ylmy meseläniň çözüwini tapan grek fizigi we matematigi *Arhimed*iň «Ewrika!» («Tapdym, tapdym!») diýip gygyranyny gaýtalap gezýärler.

Arhimed ýagtylygy aýna arkaly jemläp, Sirakuzanyň üstüne hüjüm edip gelýän rimlileriň gämilerini ýandyryp goýberendigi barada hekaýa bar. Arhimed ryçag (desse) kanunyny işläp çykypdyr we meşhur bolup



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

giden bir jümläni aýdypdyr: *«Maňa daýanç nokadyny tapyp beriň, Ýeri öz okundan çykaryp goýbererin!».*

Rimliler onuň janajan şäheri Sirakuzany basyp alanlarynda, Arhimed matematika degişli bir meseläni çözmäge synanyşyp gumda çyzgylar çyzyp oturan eken. Rimli esger ony gylyç bilen uranda diňe *«Meniň çyzgylaryma el degirmäň!»* diýip ýetişipdir.



**Arhimed we rimli esger**

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Geraklit ... diýdi.*** | ***Filosofiýa – ...*** |
| ***Demokrit ... diýdi.*** | ***Gerodot – ...*** |
| ***Diogen – ...*** | ***Arhimed – ...*** |

### Afinaly danyşmentler

Afinaly meşhur filosof *Sokrat* (Gündogarda soňluk bilen «*Sukrot*» diýilýän) özüniň dana pähimleri sebäpli şäheriň iň akylly adamy diýlip yglan edildipdi. Muňa jogap edip Sokrat şeýle diýipdi: *«Me-niň danyşmentligim hiç zady bilmezligimi bilişimde».*



**Filosof Aflotun**

Sokrat öz pikirlerini ýatdan beýan edipdir. Onuň taglymlary *Platon* diýen başga bir grek filosofy arkaly bize çenli ýetip gelipdir. Platony indi «*Aflotun*» hökmünde hem bilýäris.

Sokrat raýatlaryň ahlak-ruhy terbiýesine uly ähmiýet beripdir. Delfiýa ybadathanasyndaky ýazgy onuň söýgüli hikmeti eken: *«Özüňe-özüň akyl ýetir!»*



**Arhimed tarapyndan rimlileriň gämileriniň ýandyryp goýberilişi**

Sokrat, aýratynam, açgözlük we harsydünýälik ýaly nogsanlary berk tankyt edipdir. Bazar boýunça seýil edip ýörände şeýle diýen eken: *«Bularsyz hem gün geçirmek müm-*

8 – Taryh, 6-njy synp.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*kin bolan şunça zatlaryň barlygy hem neneň gowy!»*

Sokrat Afinadaky käbir tertipleri gorkmazdan tankyt edendigi üçin ölüme höküm edilipdir. Alymyň başga bir döwlete gaçyp gitmäge mümkinçiligi bolsa-da, ony ret edipdir. Sokrat taryhda adamkärçilik, sabyr-takat we edermenlik nyşany bolmagynda galdy.



**Golýazmany okaýan alym**

### *Daýanç konspekti*

→ filosoflar: Geraklit, Demokrit, Diogen, Arastu, Aflotun, Sokrat

→ Gerodot → «Taryh» – «taryhyň atasy»

→ Arhimed – «Ewrika!»

→ Platon → Aflotun → Aristotel → Arastu



**Sokrat**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Grek alymlarynyň açyşlary we üstünlikleri barada aýdyp beriň.
2. Arhimediň «Maňa daýanç nokadyny tapyp beriň, Ýeri öz okundan çykaryp goýbererin!» diýen jümlesiniň manysyny düşündirip beriň.
3. Siziň pikiriňizçe, Sokratyň «Özüňe-özüň akyl ýetir!» hikmeti nämäni aňladýar?
4. Sokrat barada nämeleri bilýärsiňiz? Sokratyň taglymlary size makulmy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 30-§. Gadymy Gresiýanyň mifleri

**Rowaýatlar: hakykat we toslama**

Grek rowaýatlary – hudaýlar we batyrlar baradaky rowaýatdyr.

Olaryň gahrymanlary bolan dürli *titanlar* (hudaýlardan doglan güýçli pälwanlar), ýowuz mahluklar, *sirenalar* (ýarym guý, ýarym aýallar), *kentawrlar* (ýarym atlar, ýarym adamlar), *sikloplar* – maňlaýynda ýeke gözi bolan legendar jandarlardyr.

Rowaýatlar (grek dilinde «*mif*») ýurduň taryhyndaky gadymy döwür barada köp zatlary bilmäge mümkinçilik berýär. Olar Älemiň ýaradylyşy, Ýer ýüzünde ýaşaýşyň we adamyň peýda bolşy, gahrymanlaryň edermenligi we deňiz syýahatlary barada hekaýa edýär.

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Titanlar – ...*** | ***Sirenalar – ...*** |
| ***Kentawrlar – ...*** | ***Sikloplar – ...*** |

Grek rowaýatlary reňbe-reň we gyzyklydyr. Älemiň we hudaýlaryň gelip çykyşy baradaky rowaýat hem gyzyklydyr. Ilkibaşda Ýer we Asman – *Geýa* we *Uran* döredilipdir. Olar Älemi dolandyrýan titanlary dünýä getirdiler, *Olimp dagynda* ýaşaýan hudaýlar olary tagtdan agdarýança hökümdarlyk edipdirler.

Rowaýatlarda aýdylyşyna görä, ozal Ýer hemme tarapdan deňizler bilen gurşalan bolupdyr. Ilki olaryň hökümdary *Okean* diýen titan bolupdyr. *Atlas* diýen titan, ullakan asman gümmezini egninde göterip durupdyr.

Grekleriň rowaýatlary *Gerakl*, *Ahilles* we *başga* batyr gahrymanlaryň edermenligi bara-



**Sirenalar teswiri**



**Kentawr we söweşiji**



**Siklop**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

da hekaýa edýär. On iki edermenligi sebäpli Gerakl Olimp dagyndaky hudaýlar soltanlygynda hormatly orna eýe bolan eken.



Gefest – demirçilik we hünärmentçilik hudaýy

## Gadymy grekleriň hudaýlary

Gadymy grekler hem laryň durmuşy we töwerek älem göze görünmeýän syrly güýçlere tabyndygyna ynanypdyrlar. Bu görünmeýän güýçleri grekler hudaýlar diýip atlandyrýarlar. Hudaýlar olaryň Ýer ýüzündäki we merhumlar soltanlygyndaky durmuşynda hökümdardy. Gadymy grekleriň üç hudaýy Äleme hökümdarlyk edýärdi: *Zews* asmanda, *Poseýdon* deňizde, *Aid* merhumlar soltanlygynda ýokary hudaý diýlip hasaplanypdyr. Galan hudaýlar bolsa ekerançylyk we hünärmentçilik, sungat we şygryýet, söýgi we gözellik howandarlary we başga hasaplanypdyr. Uruş we ýeňiş, adalat, uky we daňdanky şapak hudaýlary şonuň ýaly-da, ikinji derejeli *satirler* we *nimfalar* diýen hudaýlar hem bolupdyr. Olar tokaýlar, derýalar we daglarda ýaşaýar diýip düşünipdirler.



Artemida – aw hudaýy



Ares – uruş hudaýy

**Gadymy grekleriň hudaýlary**

| | |
|---|---|
| **Zews** | ýokary hudaý we galan ähli hudaýlaryň ýolbaşçysy |
| **Poseýdon** | Zewsiň inisi, deňiz hökümdary |
| **Afina** | Zewsiň gyzy, söweşiji aýal, danyşmentlik hudaýy |
| **Apollon** | Zewsiň ogly, ýagtylyk, saz we şygryýet hudaýy |
| **Gelios** | Gün hudaýy |
| **Demetra** | ekerançylyk we hasyldarlyk hudaýy |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| **Geýa** | Ýer hudaýy |
| **Femida** | adalat hudaýy |
| **Gefest** | demirçiler we hünärmentler hudaýy |



**Demetra – ekerançylyk we hasyldarlyk hudaýy**

Gadymy grekleriň hudaýlary hem adamlara ep-esli meňzeýär. Grekler Olimp dagy hudaýlarynyň tymsalyny şekillendirmek bilen, olary gysganç we rehimsiz, güni keýp-sapa bilen geçirýär, bir-biri bilen jedelleşýärler, diýip hasaplapdyrlar. Hudaýlar berk we öç alyjy. Grekleriň hudaýlarynyň arzuw-isleglerine garşy baranlary rehimsiz jezalandyrýar. Şonuň üçin hem grekler özleri ýaradan hudaýlardan gorkýardylar, olaryň hormatyna köp ybadathanalar gurup, gurbanlyklar edipdirler.



**Aid – merhumlar soltanlygynyň hudaýy**

### *Daýanç konspekti*

→ Rowaýatlar gahrymanlary:
- titanlar
- kentawrlar
- sikloplar
- Gerakl (12 gahrymanlyk)

→ Gadymy grek hudaýlary



**Dionis – üzümçilik hudaýy**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Gadymy Gresiýanyň taryhyny öwrenmekde rowaýatlar nähili ähmiýete eýe?
2. Grekler hudaýlar baradaky rowaýatlarda, Gadymy Gresiýa asotirlerinde tebigatyň dürli hadysalaryny nähili düşündiripdirler?
3. Siziň pikiriňizçe, näme sebäpden grekler hudaýlary gysganç we rehimsiz, güni keýp-sapa bilen geçirýär, bir-biri bilen jedelleşýär, diýip hasaplapdyrlar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# IV BÖLÜM
# MIL. ÖŇ. VI – MILADY III ASYRLARDA ORTA AZIÝA



**Tomaris – massagetler melikesi.**
*Häzirki surat*

**Ýatda saklaň!**

Ençeme döwletleri basyp alan ahemeniler dinastiýasy wekili Kir II – **mil. öň. 530-njy ýyldaky** massagetler bilen bolan söweşde heläk bolupdyr.

## 31-§. Orta Aziýada ahemenileriň hökümdarlygy

### Kir II we onuň basybalyjylykly ýörüşleri

Pars patyşalarynyň arasynda *Kir II* Orta Aziýanyň çägini basyp almaga synanyşan ilkinji pars patyşasy bolupdyr. Ol Parfiýany, Margianany we Baktriýany basyp alýar. **Mil. öň. 530-njy ýylda** Kir II ullakan goşun bilen massagetleriň üstüne ýörüşe atlanýar.

Bu ýörüş barada «taryhyň atasy» Gero-dot hekaýa edipdir. Parslar massagetleriň çägine çozup girenlerinde olaryň melikesi *Tomaris* basybalyjylara dynç-aman yzyna gaýtmagy teklip edipdir. Emma Pars patyşasy bu teklibi ret edýär we Amyderýadan geçmek barada perman berýär.

Gerodot massagetleriň esasy güýçleri bilen parslaryň söweşi barada şeýle hekaýa edýär: *«Bu söweş... ähli söweşlerden hem gazaplyragy-dy. Ilki her iki duşmançylykly güýçler bir-birine garşy söweşiji nyzama durup, kemandan ok ýagdyrýarlar. Oklary gutaransoň, ellerine hanjar we naýzalary alyp, duşmana garşy okdurylýarlar. Söweş uzak dowam etdi. Hiç kim çekinmesi hyýalyna getirmeýärdi. Köp gan döküldi. Ahyrynda, massagetleriň eli belent geldi. Pars goşunlarynyň aglabasy gyrylýar. Söweş meýdanynda Kir II-niň özi hem heläk boldy».*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Orta Aziýa ahemeniler döwletiniň düzüminde**


**Pars patyşasy**

## Doro I-niň saklara garşy ýörüşi

Doro I hökümdarlygynyň birinji ýyly Margianada pars basybalyjylaryna garşy iri halk gozgalaňy bolýar. Gozgalaňa *Frada* ýolbaşçylyk edýär. Gozgalaňçylar bilen parslaryň goşunlarynyň arasynda aýgytly söweş **mil. öň. 522-nji ýylda** bolýar. Fradanyň özi ýesir alynýar we öldürilýär. Bu waka baradaky maglumatlar Behistun gaýadaş ýazuwlarynda ýazylan.

Doro I hökümdarlygynyň üçünji ýylynda saklaryň üstüne ýörüş edýär. Bu ýörüş barada hem Behistun ýazuwlarynda şeýle diýlipdir: *«Patyşa Doro aýdarki: soň goşun bilen saklaryň ýurduna ýörüş kyldym. Soň ujy ýiti galpak geýip gezýän saklar söweşe girdiler. Men derýadan geçensoň, saklary bütinleý derbi-dagyn etdim, galan bölegini ýesir aldym... Olaryň Skunha diýen serdaryny ele alyp, huzuryma getirdiler. Şunda men olara başga bir serdar belledim. Men şeýle bolmagyny isledim. Soňra bu ýurt maňa tabyn boldy»*.


**Şirak**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Şirak parslary äkidip barýar

Şol bir wagtda bu ýörüş barada taryhçy *Poliýen* **(miladydan öňki II asyr)** getiren başga bir rowaýat hem bar. *Saklaryň rowaýatyna esaslanyp, onda hekaýa edilmegine görä, parslaryň ýanyna sak taýpasyndan bolan çopan Şirak gelýär, ol pars goşunlaryny özünden başga hiç kim bilmeýän ýoda bilen saklaryň arka tarapyna eltjekdigini aýdýar. Suwsuz çöl-beýwan boýunça ýedi gün ýol geçensoň, teşnelikden dowzah azabyny çekýän parslar özleriniň aldanandyklaryny duýýarlar.* Parslar edermen çopany öldürýärler, Doro I-niň saklaryň üstüne ýörüşi şowsuz tamamlanýar.

***Özüňizi synaň!***

***Doro I – ...*** ***Frada – ...***
***Şirak – ...***

## Ahemeniler hökümdarlygy döwründe döwlet dolandyryşy

Basyp alnan ýurtlary tabynlykda saklamak üçin ahemeniler uly bir döwleti aýratyn welaýatlara – *satraplyklara* bolup taşlaýarlar. Bu söz parsça «hşatra» – «welaýat» sözünden gelip çykan. Welaýat baştutany – *satrapa* çäklendirilmedik häkimiýet berlipdi. Satraplaryň aglabasy ahemeniler dinastiýasynyň wekilleri bolupdyr.



Orta aziýaly söweşijiniň bürünçden ýasalan şlemi

Orta Aziýanyň parslar basyp alan welaýatlary üç satraplyga bölünýär. Her bir satraplyk ýyllyk salgyt töläpdir. Mundan daşary, tabyn halklar köşkler we ybadathanalar gurluşygyna-da çekilýär. Salgydy kümüş, çarwa mallary (atlar, düýeler, goýunlar), hünärmentçilik önümleri (toýun gaplar, gural-ýarag,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

şaý-sepler), egin-eşikler we haýwanlaryň derisi bilen töläpdirler.

Doro I we onuň mirasdüşeri Kserks hökümdarlygy döwründe basyp alnan welaýatlardaky Orta Aziýanyň halklary Grek-pars uruşlarynda hem gatnaşypdyrlar. Meşhur Marafon söweşinde (mil. öň. 490-njy ýyl) pars goşunlarynyň merkezinde bolan saklar üstünlikli urşupdyr.



**Massagetler geými we ýaraglary.**
*Dikeldilen*

Gerodot Kserksiň baştutanlygynda grekleriň üstüne ýörüş eden orta aziýaly söweşijileriň gural-ýaraglaryny jikme-jik suratlandyrypdyr. Baktriýalylar keman we naýzalar bilen, saklar hanjar we söweş paltalary bilen, horezmiler we sogdylar baktriýalylaryňky ýaly gural-ýaraglary bilen söweşe giripdirler. Sak we Baktriýa atlylary Kserksiň goşunyndaky iň gowy söweşijilerden hasaplanypdyr.

### Medeniýetiň ösüşi

**Mil. öň. VI–IV asyrlarda** medeniýetiň ösüşi ýazuw we arheologik çeşmeler esasynda öwrenilen. Olar Orta Aziýa halklarynyň hünärmentçilik, zergärlik, tikinçilik, küýzegärçilik we binagärlik ugurlarynda ýokary derejä ýetendiklerini delillendirýär.

Ülkämizde Gyzyldepe, Uzyngyr, Ýerkorgan, Afrasiýab we başga şular ýaly iri gadymy şäher-galalar ösüpdir.



**Orta aziýaly söweşijiler**

Ýazuw çeşmelerinde altyn, kümüş, lagl, pöwrize magdanlary gazylyp alnandygy, hünärmentçiligiň ösendigi, Orta Aziýanyň Gündogar ýurtlary bilen baglanan gadymy kerwen ýollarynda alnyp barylan söwda-satyk işleri barada habar berilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Altyn bilezik. Amyderýa hazynasyndan

**Mil. öň. V–IV asyrlarda** Orta Aziýanyň çäginde ilkinji teňňe pullar ýaýrapdyr. Zergärlik sungatynyň ýokary derejede ösüş gazanandygyna bu günki günde Britaniýa muzeýinde saklanýan, 1877-nji ýylda *Amyderýa hazynasyndan* tapylan altyn we kümüş enjamlar aýdyň mysal bolup bilýär.

Her bir şäherde içki gala bolupdyr. Şäherleriň töweregini eýeleýän daýhan hojalyklarynda ata urugyna degişli uly-uly maşgalalar ýaşapdyrlar. Daýhanlar korganlary ýaşaýyş jaýlaryndan we hojalyk otaglaryndan ybarat bolupdyr.

Arheologlar şäher we öý-korganlaryň töweregindäki meýdanlarda suw getirilen anhorlaryň we ýaplaryň yzlaryny tapypdyrlar.

### Daýanç konspekti

- → mil. öň. 530-njy ýyl – Kir II massagetler bilen söweşde heläk boldy (Tomaris)
- → mil. öň. 522-nji ýyl – Frada gozgalaňy
- → mil. öň. 519-njy ýyl – Doro I → saklar (Polien Şiragyň edermenligi barada)
- → satraplyklar → Orta Aziýa – üç satraplyk
- → gadymy şäher-galalar – Gyzyldepe, Ýerkorgan, Uzyngyr, Afrasiýab



**Altyndan ýasalan at-araba nusgasy.** *Mil. öň. V-IV asyrlar*

### Soraglar we ýumuşlar

1. Kir II massagetler ýurduna haçan çozupdy?
2. Kir II goşunlary bilen Tomarisiň baştutanlygyndaky massagetleriň arasyndaky söweşi häsiýetlendirip beriň.
3. Şiragyň tutan ýoluny nähili bahalaýarsyňyz? Şiragyň edermenligi barada hekaýa ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 32-§. Orta Aziýa ilatynyň grek-makedon basybalyjylaryna garşy göreşi

### Orta Aziýa halklarynyň ýaraglary we harby sungaty

**Mil. öň. VII–IV asyrlarda** Orta Aziýa söweşijileri näme bilen ýaraglanypdy? Söweşijiler söweşe sowut geýip giripdirler, başlarynda şlem bolupdyr. Hanjar, söweş paltasy we naýzalar bilen ýaraglanypdyrlar. Kemanyň oky we hanjar demirden we bürünçden ýasalypdyr. Söweşijiler atda, pyýada söweşip bilipdirler.

Hanjar – «*akinak*», söweş paltasy bolsa «*sagaris*» diýlip atlandyrylypdyr. Uzak aralykdan durup söweş etmek guraly hökmünde kemandan peýdalanylypdyr. Söweş atlarynyň üstüne we döşüne demirden dokalan ýapynja ýapylypdyr.

Duşmana garşy hüjümi atlylar başlap beripdirler. Olar at çapdyryp gelşine ok-ýaý, naýza ýa-da hanjar bilen duşmana garşy göreşipdirler.

Gala we şäherleri goramakda ok-ýaýdan we sapandan peýdalanypdyrlar. Goranmak maksadynda daş we bişirilen laý ýadrolardan hem peýdalanylypdyr.

Şäherler fortlar we okoplary bolan berk diwarlar bilen gurşalypdy. Diwarlaryň üstünde kemançylar üçin ýodalar gurlan. Daşky diwarlar boýunça ýerleşýän togalak fortlaryň içinde-de kemançylar ýerleşipdir. Suw doldurylan çuň we giň händek gala barýan ýoly bekläpdir.



**Makedoniýaly Aleksandr**



**Orta Aziýa ilaty wekilleri.**
*Mil. öň. VI asyr*

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Akinak – ...*** | ***Sagaris – ...*** |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Sagaris – söweş paltasy



Akinak



Makedoniýaly Aleksandryň söweşijileri

## Makedoniýaly Aleksandryň basybalyşlary

Aleksandr **miladydan öňki 336-njy ýylda** Makedoniýa patyşasy bolýar. Şol ýylda ol 20 ýaşyndady. *Makedoniýaly Aleksandr* adatdan daşary gujur-gaýratly we edermen bolupdyr, ýoldaşlary we goşunlary oňa gaty wepalydy.

**Mil. öň. 334-nji ýylda** ol Gündogara ýörüş başlady, bu ýörüş 10 ýyl dowam etdi. Ana şol ýörüşiň dowamynda ol Kiçi Aziýada, Siriýada, Müsürde, Eýranda we Hindistanda uly-uly çäkleri basyp alýar. Makedoniýaly Aleksandr uly çäkde öz hökümdarlygyny berkitmek üçin mümkinçilik döretmek maksadynda basyp alnan şäherlere grekleri ýerleşdirýär.

**Mil. öň. 330-njy ýylda** Makedoniýaly Aleksandr Gadymy Pars döwletiniň ahemeniler dinastiýasyndan bolan ahyrky patyşa *Doro III-niň* goşunlaryny derbi-dagyn edýär. Ol Hindistana ýörüş etmezden öň goşunlaryň arka tarapyny hawpsuzlandyrmak maksadynda Amyderýanyň aňyrky tarapynda ýaşaýan halkyýetleri boýun egdirmäge karar etdi.

Birinji bolup onuň ýoluna böwet bolan şäher Baktriýanyň paýtagty *Baktra* (Zariasp) boldy. Bu wagtda ahemeniler dinastiýasynyň wekili *Bess* Baktriýanyň satrapy bolupdyr. Ol Baktra şäherini duşmana galdyryp, Amyderýanyň aňyrky tarapyna gaçyp gidýär. Makedoniýaly Aleksandr öz halypasy, gadymy grek filosofy Aristoteliň Amyderýadan iki patyşa – Kir II we Doro I geçendigi, ikisi-de şowsuzlyga duçar bolandygy, şu sebäpli ol ýörüşe gowy taýýarlanmalydygy baradaky maslahatyny ýatda saklaýardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Makedoniýaly Aleksandryň ýörüşleri**

### Marokandanyň basyp alynmagy

**Mil. öň. 329-njy ýylda** Makedoniýaly Aleksandryň goşunlary *Oks* – Amyderýadan geçýärler. Goşunlar ýörüşleri ýönelişinde bolsa *Nautaka* (Kaşgaderýa oazisiniň gündogar bölegi) we *Marokanda* şäheri (Samarkant) durýardy.

Miladydan öňki 329-njy ýylda grek-makedonlar Marokandany eýeleýär. Aleksandr goşunlaryň bir bölegini şu ýerde galdyryp, özi bolsa *Kuruşkat* (Kiropolis) şäherini basyp almak üçin esasy güýçler bilen Syrderýanyň kenarlaryna tarap ýöreýär. Rowaýata görä, bu şäheri pars patyşasy Kir II esaslandyrypdyr.

Sogdiananyň halky basybalyjylara garşy göreşe çykýarlar. Tiz arada sogdylara baktriýalylar we saklar goşulýarlar. Gozgalaňa talantly guramaç we harby ýolbaşçy *Spitamen* baştutanlyk edýär.



**Baktriýaly düýekeş**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Spitamen**

Ep-esli goşun toplan Spitamen Marokandany gabady. Aleksandr gabawda galanlara kömege üç müň golaý söweşijiden ybarat goşun iberýär. Gadymda «*Politimet*» diýlip atlandyrylan Zerewşan derýasynyň boýunda makedonlara bukuda goýan Spitamen duşman toparyny bütinleý gyryp taşlaýar.

Şonda Aleksandryň özi gozgalaňy basyp ýatyrmaga atlanýar. Grekleriň uly güýçleri ýakynlaşyp gelýänliginden habar tapan Spitamen gabawy saklaýar we öz goşunlaryny sähra tarapa äkidýär.

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öň. 329-njy ýylda** grek-makedon goşunlary Marokandany eýelediler. Olara garşy gozgalaňa **Spitamen** baştutanlyk etdi.

Saklara garşy göreşmek üçin Aleksandr Syrderýanyň boýunda, Hojandyň golaýynda gala gurmak barada buýruk berýär. Bu gala *Aleksandriýa Eshata* (Çetki Aleksandriýa) diýlip atlandyrylýar.

Aleksandr Marokandada mahsus harby goşun galdyryp, esasy goşunlary bilen gyşlamak üçin *Zariaspa* (Baktra) ugraýar.

şol ýylyň baharynda Aleksandr gozgalaňy basyp ýatyrmagyň çäresini görýär. Öz goşunlaryny üç bölege bölüp, Sogdianany ol başyndan bu başyna çenli aýlanyp çykýar we dynç ilaty gyryp taşlaýar.

**Mil. öň. 328-njiýylyň** güýzünde Spitameniň Aleksandr bilen aýgytly söweşi bolup geçýär. Güýçler deň bolmanlygyndan Spitamen ýeňlip, soň çöle çekinýär. şol ýerde ol haýynlarça öldürilýär.



**Buky**

***Özüňizi synaň!***

***Oks – ...***
***Nautaka – ...***
***Marokanda – ...***
***Kuruşkat – ...***
***Spitamen – ...***
***Baktriýa – ...***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Göreşiň dowamy**

Spitameniň ölümi sogdylaryň we baktriýalylar erkini büküp bilmeýär. Aleksandr Sogd aristokratlary – *Horiýeniň* we *Oksiartyň* Gissar daglarynda ýerleşýän galalaryny eýeläp, Oksiartyň gyzy *Rawşanaka* öýlenýär. Şeýdip, Makedoniýaly Aleksandr abraýly sogd aristokratlaryndan biri bilen garyndaş bolýar.



**Söweş görnüşi**

Orta Aziýa ýerlerini basyp almak üçin Aleksandr üç ýyla golaý dyrjaşýar, ýöne onçakly uly bolmadyk çägi: Margiana, Baktriýa, Sogdiana, häzirki Bekabat bilen Hojandyň arasynda Syrderýanyň boýlaryny boýun egdirmek oň başrdýar. Horezm, Daşkent oazisi we Fergana özbaşdaklygyny saklap galýar.

Spitamen gozgalaňy basyp ýatyrylmagyna seretmezden, grek-makedon goşunlary birinji gezek şowsuzlyga duçar boldular.

**Basybalyşlar netijeleri**

Grek-makedon goşunlarynyň basybalyjylykly ýörüşleri Orta Aziýa ýerlerini harabaa öwürdi, ilatnyň uly bölegi gyrlyp gitdi, köp şäherler weýran edildi.

Grek taryhçylarynyň ýazmagyna görä, Makedoniýaly Aleksandr Orta Aziýada birnäçe şäherleri gurdurypdyr. Bu şäherler onuň ady bilen *Oksdaky Aleksandriýa, Aleksandriýa Eshata, Margiana Aleksandriýas*y we başgaça atlandyrylypdyr.

Olaryň käbirleri weýran edilen Sogdiana we Baktriýa şäherleriniň ornunda, başgalary bolsa daýanç galalar hökmünde täzeden gurlupdyr. Bu şäherlerde grek-makedon pyýada we atly esgerleri ýerleşýär. Bu esgerleriň seýreklenen hatarlary Makedoniýa tertib-

**Ýatda saklaň!**

Aleksandr Orta Aziýa ýerlerini basyp almak üçin üç ýyl hereket etdi. Ýöne ol onçakly uly bolmadyk çägi özüne boýun egdirmegi başardy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

inde ýaraglandyrylan Baktriýa we Sogdiana ýaşlarynyň hasabyna üsti ýetirilýär.

Wagt geçip hünärmentçilik we söwda gaýtadan dikeldilýär. Ýerli we grek medeniýetleri däpleriniň goşulyşýar. Şu esasda Salawkiler, Grek-Baktriýa we Parfiýa ýaly antik döwletler ösýär.



**Aleksandryň teňňesi**

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öň. 323- ýylda** Makedoniýaly Aleksandr aradan çykdy. Onuň düzen döwleti üç bölege bölünip gitdi: Makedoniýa, Müsür, Siriýa. Orta Aziýanyň çägi Siriýa döwletiniň düzüminde bolupdyr.

### *Daýanç konspekti*

- → mil. öň. 334-nji ýyl. – Aleksandryň Gündogara ýörüşi
- → Aleksandr – Makedoniýanyň patyşasy
- → gural-ýarag: akinak, sagaris
- → Baktra – Naýtaka – Marokanda
- → Bess – Baktriýa satrapy
- → mil. öň. 329-njy ýyl – Marokandanyň basyp alynmagy → Spitamen, Politimet (Zerewşan derýasy) boýundaky söweş
- → Aleksandriýa Eshata
- → mil. öň. 328-nji ýyl – Spitameniň heläk bolmagy.

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Orta aziýaly söweşijiniň ýaraglaryny häsiýetlendirip beriň.
2. Makedoniýaly Aleksandr Sogdiana haçan ýörüş başlady?
3. Makedoniýaly Aleksandr basyp alnan çäklerde öz häkimiýetini haýsy ýollar bilen ornaşdyrdy?
4. Spitameniň gozgalaňy haçan bolup geçdi? Gozgalaň nähili tamamlandy?
5. Grek-makedon goşunlarynyň Orta Aziýa çozup girmeginiň erbet netijelerini sanaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 33-§. Salawkiler döwleti we Grek-Baktriýa patyşalygy

**Orta Aziýa Salawkiler döwletiniň düzüminde**

**Mil. öň. 323-nji ýyl** Makedoniýaly Aleksandr aradan çykdy. Onuň guran döwleti üç bölege: Makedoniýa, Müsür we Siriýa bölinýär. Bu döwletler Aleksandryň iň ýakyn goşunbaşylary tarapyndan dolandyrylypdyr.



Salawkileriň goşunlary

Uzak dowam eden özara uruşlardan soň, **mil. öň. 312-nji ýylda** Makedoniýaly Aleksandryň goşunbaşylaryndan biri *Salawk* Wawilon (Siriýa döwleti) hökümdary bolýar. Salawka döwletiniň düzümine Mesopotamiýa, Eýran, Parfiýa, Baktriýa, Sogdiana, Margiana girýärdi.

Salawk öz döwletiniň düzümine giren Orta Aziýany aýratyn welaýatlara – satraplyklara böldi, olaryň her birine başlyk satrap hökümdarlyk edýärdi. Döwlet goranmasyny we goşunlary döretmek bilen öňki goşunbaşylardan bellenen *strateg* meşgullanýardy.



Salawkileriň söweşijileri

Salawk öz ogly Antiohy Gündogar welaýatlar – Parfiýa, Margiana, Baktriýa, Sogdiana naýyp edip belleýär. Antioh uly döwlete baştutan bolup, ony 20 ýyla ýakyn dolandyrdy.

Ýuwaş-ýuwaşdan Sogdiana, Baktriýa we Margianada parahatçylyk dikeldilýär. Bu ýerlerde täze menzilgähler, şäherler gurulýar, söwda-satyk, ekerançylyk we hünärmentçilik ösüp başlaýar. Baktra, Marokanda, Margiana Antiohiýsi (Merw), Termiz iri şäher we medeniýet merkezlerine öwrülýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Grek-makedon basybalyşlaryndan soňňOrta Aziýanyň taryhynda *antik* döwri başlandy. Bu ýörüşler netijesinde Günbatar bilen Gündogaryň arasynda medeni gatnaşyklaryň we alyş-çalyşyň giňelmegine getirdi.



Gadymy Baktriýa daglary

Baktriýada grek ýazuwy, grek agyrlyk ölçeg birlikleri, pul gatnaşyklary, hünärmentçilik we sungat önümleri ýaýraýar. Öz gezeginde grekler hem Baktriýanyň gurluşyk we hünärmentçilik däplerini özleşdirýärler.

### Grek-Baktriýa döwleti

**Mil. öň. 250-nji ýylda** Baktriýa Salawkiler döwletiniň düzüminden bölünip çykýar. Antik döwür taryhçylarynyň habar bermegine görä, müň sany Baktriýa şäheriniň hökümdary bolan *Diodot* özüni patyşa diýip yglan edýär. Şu wakadan başlap Grek-Baktriýa döwletiniň taryhy başlanýar. **Mil. öň. 250-nji ýylda** Salawkiler döwletiniň düzüminden bölünip çykan Parfiýa Baktriýanyň bäsdeşine öwrülýär.



Salawk

Baktriýadan daşary, Grek-Baktriýa patyşalygynyň düzümine Sogdiana we Margiana hem giripdir.

Diodotdan soň Grek-Baktriýada hökümdarlyk döwlet taryhynda duýarly yz galdyrmadyk *Ýewtideme* geçýär. Ýewtidemiň ogly *Demetriý* hökümdarlygy döwründe Grek-Baktriýa patyşalygy iň uly çäklere eýe bolýar. Hindistanyň bir bölegi bu döwlete goşup alnypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Mil.öň. II asr başlaryndagi Grek-Baktriýa döwleti**

**Ýatda saklaň!**
**Mil.öň.140 – 130-njy ýyllarda** Grek Baktriýa döwleti ýueçži taýpalary tarapyndan basyp alyndy.

Parfiýada häkimiýet *Mitridat I* eline geçmegi bilen ol Baktriýa harby täsirini güýçlendirýär. Grek-Baktriýa döwleti dyngysyz uruşlar alyp barmaga mejbur bolup, bu ýagdaý onuň güýçden gaçmagyna sebäp bolýar. Mundan peýdalanan göçme *ýueçži* taýpalary **mil. öň. 140 – 130-njy ýyllaryň** aralygynda Grek-Baktriýa döwletini basyp alýarlar.

**Grek-Baktriýa döwletiniň teňňleri**






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

**Baktra, Marokanda, Margiana Antiohiýsi** (Merw) we **Termiz** – Salawkiler döwletiniň iri şäherleri hasaplanypdyr.

## *Daýanç konspekti*

- mil. öň. 323-nji ýyl – Makedoniýaly Aleksandryň aradan çykmagy
- patyşalyk → Makedoniýa, Müsür, Siriýa
- mil. öň. 312-nji ýyl → Salawk
- mil. öň. 280-nji ýyl → Antioh
- antik döwri
- mil. öň. 250-nji ýylda – Grek-Baktriýa
  Diodot → Ýewtidem → Demetriý
- mil. öň. 140 – 130-njy ýyllar – Grek-Baktriýanyň ýueçžiler tarapyndan basyp alynmagy



**Gadymy horezmlileriň keşpleri.**
*Dikeldilen*

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Makedoniýaly Aleksandr döwleti haýsy özbaşdak döwletlere bölünipdir?
2. Salawk we Antioh barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Parfiýa we Baktriýa haçan Salawkiler döwletinden özbaşdak boldular?
4. Grek-Baktriýa patyşalygy haçan döredildi?
5. Grek-Baktriýa döwletiniň taryhynda göçme ýueçžileriň nähili orny bar?
6. Salawkiler döwletiniň we Grek-Baktriýa patyşalygynyň çäkleriniň araçägini sudury kartada bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 34-§. Gadymy Horezm, Kang we Dawan döwleti

### Gadymy Horezm

**Mil. öň. IV asyrda** Horezm ahemeniler döwletinden bölünip çykyp, özbaşdak döwlete öwrüldi. Makedoniýaly Aleksandr we Salawkiler hökümdarlygy döwründe hem Horezm döwleti özbaşdakdy. Bu ülkäniň ilatynyň hojalygynyň esasyny ekerançylyk tutupdyr.

Horezmde şäher gurluşygynyň başlanmagy miladydan öňki VII asyra baryp direlýär (Küýzeligyr şäheri harabalary). Bu ýerde ýerli hökümdaryň karargähi bolan ullakan gala gurlupdy (*Galalygyr* şäheri harabalary).

Miladydan öňki III–II asyrlarda *Janbasgala* Horezmiň gadymy şäheri bolupdyr. *Goýungyrlangala* harabalaryndan töwerek şekilde gurlan berk ybadathana galyndylary tapylan.

Milady II–III asyrlarda *Toprakgala* şäherinde mundan-da mahabatly we gelşikli gurluşyk işleri amala aşyrylypdy. Şäher güýçli goranma diwarlary bilen gurşalyp, diwaryň burçlarynda fortlar gurlupdyr. Merkezden geçýän köçe şäheri iki bölege bölüpdir, ondan bolsa daş-töwerege köçeler çekilipdir, mähelleler bir-birinden tapawutlanyp durupdyr. Merkezi meýdanda owadan köşk we ybadathanalar ýerleşýär.

Galadaky köşküň diwarlary patyşalaryň, goşunlaryň, sazandalaryň, şonuň ýaly-da, haýwanlaryň we guşlaryň suraty bilen bezelipdir. 20-den artyk boýalan laý heýkeller zallardan birindäki tekjelerde diwar boýunça ýerleşdirilipdir.

Horezmde aýratynam hünärmentçi-



**Goranma diwar harabalary.**



**Goýungyrlangala.**
*Dikeldilen*



**Gadymy Horezm söweşijisi.**
*Dikeldilen*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

lik ýokary derejede ösüş gazanypdyr. Küýzegärçilige, demre, mis esbaplaryna, gurallara, zergärlik önümlerine talap uly bolupdyr. Horezmiň ilaty Sogdiana, Margiana, Baktriýa we sähra göçmeleri bilen ýakyndan söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyrlar. Bu ülkeden möhüm kerwen ýollary geçipdir. **Mil. öň. I asyrda** we milady ilkinji asyrlarda Horezmde kümüş we mis teňňler zikgelenipdir.



**Gadymy Horezm galasy**

Orta Aziýadaky iň gadymy ýazuw Horezmiň çäginden tapylan. Bular *Ayboýyrgala* (miladydan öňki V–IV asyrlar) ýadygärliginden hum sirtiga ýazylan ýazuw we Goýungyrlgangaladan tapylan käbir ýerli ýazuwlardyr (miladydan öňki III–II asyrlar). Milady I asyrda Horezmda işlenip taýýarlanan chiqilgan ýerli kalendardan horezmliler VIII asyra çenli peýdalanypdyrlar.

> **Ýatda saklaň!**
> **Mil. öň. I asyrda** Horezmde ýerli kalendar düzülipdir.

## Kang döwleti

Hytaý çeşmelerinden bu döwletiň *Kangýuý* diýlip atlandyrylany mälim. **Mil. öň. III asyrda** ony saklar esaslandyrypdyrlar. Gadymşynaslaryň anyklamagyna görä, Daşkent oazisinde miladydan öňki III asyrda esaslandyrylan, Kanka – Kangha şäher-galasy saklaryň şol wagtlardaky paýtagty *Kangdez* bolupdyr. Hytaý çeşmelerinde bu şäher *Bitýan* diýlip atlandyrylan.

> **Ýatda saklaň!**
> Kang döwleti **mil. öň. III asyrda** emele gelipdir.

Kang döwletiniň esasy şäherleri Syrderýanyň kenarlary boýunça ýerleşýär.

Miladydan öňki II asyryň ahyrynda Kang güýçli döwlet birleşmesine öwrülipdir. Onuň hökümdarlary öz adyndan teňňeler zikgeledipdirler. Kang döwletinde berkitmeler, ybadathanalar, söwda we hünärmentçilik mähelleleri gurulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Döwletiň medeni merkezlerinden biri Daşkent oazisidi. Hut şu çäkde oturymly ekerançylyk we hünärmentçilik medeniýeti emele gelipdir.

Döwlet ykdysadyýetiniň gülläp ösmegine onuň çäginden Beýik Ýüpek ýolunyň demirgazyk pudagynyň geçenligi mümkinçilik döretdi. Ýöne hut şu ýagdaý göçme taýpalar bilen uruşlaryň gelip çykmagyna sebäp bolýar. Bu uruşlarda Kangarlar (Kang döwleti ilatyny şeýle atlandyrypdyrlar) köplenç ýeňiji bolýardylar.



**Söweşden görnüş.**
*Häzirki surat*

Milady III asyrda Kang döwleti dargap gidýär.

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Kangha – ...*** | ***Kangdez – ...*** |
| ***Kangýuý – ...*** | ***Kang– ...*** |

## Dawan döwleti

Dawan döwleti (Hytaý çeşmelerinde bu ülke şu at bilen agzalýar) takmynan, **mil. öň. III asyrda** peýda bolup, Fergana jülgesinde ýerleşýär.

Hytaý hökümdarlary birnäçe gezek bu döwleti basyp almakçy bolupdyrlar, ýöne olaryň hereketleri biderek gidipdir. Harby ýörüşleriň birinde olar Dawan döwletiniň paýtagty Erşini eýeleýärler, ýöne ilatynyň kontribusiýa töleginiň hasabyna ony taşlap gidipdirler.



**Atyň heýkeljigi**

Dawan döwleti Hytaýyň we Gündogaryň başga ýurtlary bilen bolan halkara söwdada möhüm orun tutupdyr. Hytaý hökümdarlaryny köpräk Fergananyň tohum atlary gyzyklandyrýar. Atlar nesliniň birine hatda olar «Asman aty» diýip at beripdirler. «*Asman atlar*» güýçli we çapgyr bolupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gadymşynaslar tapan deliller Hytaý ýyl ýazgylaryndaky maglumatlary tassyklady. Köp sanly ilata, gowy ýaraglanan we türgen ýaragly güýçlere eýe bolan Dawan **mil. öň. II–I asyrlarda** ýokary ösen döwlet bolupdyr. Dawan döwletiniň *Şorabaşat*, *Üçkorgan* ýaly we başga şäherleriniň töweregindäki ilat ýeri işlemek, şaly we bugdaý ýetişdirmek, bagdarçylyk we üzüm ýetişdirmekde uly üstünlikleri gazanypdyr.

Alymlaryň anyklamagyna görä, milady III asyrda Dawan döwleti ýykylypdyr.



**«Asman aty»**

**Ýatda saklaň!**

Dawan **mil. öň. II–I asyrlarda** ýokary ösen döwlet bolupdyr.

### *Daýanç konspekti*

**Gadymy Horezm (mil. öň. IV asyr – milady III asyr)**
- suwaryş pudaklary
- hünärmentçilik we söwda
- şäher we galalar
- gurluşygyň ýokary derejesi
- heýkeltaraşlyk we diwar suraty
- Gadymy Horezm ýazuwy
- Janbasgala, Goýungyrlangala, Toprakgala

**Kang döwleti (mil. öň. III asyr – mil. III asyr)**
- Kangýuý (Kangha)
- Kangarlar
- Kanka – Kangha – Kangdez (Bitýan)
- Hytaý bilen uruşlar
- dargap gitmegi

**Dawan döwleti (mil. öň. III asr – mil. III asr)**
- Dawan
- Hytaý bilen uruşlar
- Erşi – paýtagt
- «asman atlar»
- Şorabaşat, Üçkorgan
- ýykylmagy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Gadymy Horezm şäherleri barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Horezmiň özboluşly medeniýeti barada aýdyp beriň.
3. Kang döwleti haçan döredi we çeşmelerde nähili atlandyrylan?
4. Dawan döwleti we onuň medeniýeti barada nämeleri bilýärsiňiz?



**Mil.öň. II- I asyrlara degişli küýze**

## 35-§. Kuşan döwleti

**Kuşan döwletiniň döremegi**

**Mil. öň. 140–130-njy ýyllar** aralygynda göçme *ýueçži* taýpalary Grek-Baktriýa döwletini basyp alýarlar. Ýueçžiler Baktriýa ýerlerine gelip ýerleşýärler we **milady I asyrda** *Guýşuan* (Kuşan) maşgalasynyň başlygy ähli ýueçži mülklerini öz häkimiýeti astynda birleşdirip, Kuşan döwletini esaslandyrýar.



**Ýetginjegiň suraty.** *Diwar suraty*




**Kuşan patyşalygy**



**Kuşan hökümdary**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Birleşen ýueçži taýpalarynyň birinji hökümdary *Kudzula Kadfiz* bolupdyr. Kudzula Kadfiz hökümdarlygy döwründe Owganystan we Kaşmir Kuşan döwletine goşup alnypdyr.



**Kuşan patyşalygynyň teňňeleri**

***Özüňizi synaň!***

***Kudzula Kadfiz – ... Kanişka – ...***
***Wima Kadfiz – ...***

Onuň mirasdüşeri *Wima Kadfiz* hökümdarlygy döwründe Kuşan döwletiniň çägi has-da giňelýär. Patyşa *Kanişka* hökümdarlygy döwründe paýtagt Baktriýadan Peşowara (häzirki Päkistan) göçürilýär, Kuşan patyşalygy bolsa uly döwlete öwrülýär.

Onuň çägine Hindistan, Hotan, Owganystan we Özbegistanyň günorta çenli bolan ýerleri giripdir. Rim, Parfiýa, Hytaý döwletleriniň hatarynda Kuşan döwleti hem uly patyşalyklardan birine öwrülipdir. Dyngysyz uruşlar netijesinde Kuşan döwleti pese gaçýar we dargap gidýär.



**Çeň çalýan aýalyň suraty**

**Hojalygyň ösüşi**

Wima Kadfiziň hökümdarlygy döwründen Kuşan patyşalygynda hökümdaryň ady görkezilen teňň zikgelenip başlandy. Hökümdar pul özgertmesini geçirýär, zikgelenen teňňeler hümmetsizlenýär. Teňňeler altyndan, kümüşden we misden zikgelenipdir.

*Kanişka* hökümdarlygy döwründe Kuşan patyşalygy öz ösüşiniň ýokary derejesine ýetýär. Täze-täze şäherler gurulýar, Hindistan, Hytaý we Rim imperiýasy bilen söwda we ilçilik gatnaşyklary ýola goýulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hünärmentçilik hem ýokary derejede ösüpdir. Surhan oazisindäki Kuşan döwleti ýadygärlikleri *Halçaýan*, *Dalwarzindepe*, *Aýrytam*, *Zardepe*, *Garadepe* we başgalary öwrenilen mahalynda anyklanan tapyndylar hem muny tassyklaýar.

Kuşan döwletiniň ykdysadyýetiniň esasyny suwarymly ekerançylyk, söwda-satyk we hünärmentçilik düzüpdir.

Kuşan döwleti döwründe suw degirmeni, *jykyr* görnüşlerinden giň peýdalanylýar, ýeri işläp bejerýän gurallar kämilleşdirilýär.



**Jykyr – suw çykerylýan gurluş.**

## Kuşan döwleti ýazuwy

Kuşan döwletinde ýaşan halklaryň özara medeni we söwda-satyk aragatnaşyklary sebäpli Orta Aziýada gadymy **aramy ýazuwy** giň ýaýraýar. Bu ýazuw Günbatar Aziýada peýda bolup, elipbiýe esaslanandygy üçin özleşdirmek ep-esli aňsat bolupdyr.

Gadymy Termiz ýadygärliklerini öwrenmek netijesinde aramy ýazuwy esasyndaky Kuşan-Baktriýa elipbiýindäki ýazuw nusgalary tapylan. Kuşan ýurdunda ýene birmeňzeş ýazuw – Kuşan şekilli ýazuwy bolupdyr, munda harplar burçly, dörtburçluk we töwerek şeklinde bolupdyr.



**Aýalyň kellesiniň heýkeli.**
*I-II asyr*

Kuşan patyşalygynda ýazuw gadymdan bolandygyny *Surhkotal* (Owganystandaky Gunduz şäheriniň golaýynda) ýadygärliginden tapylan grek elipbiýindäki Kuşan ýazuwlary hem tassyklaýar.

Amyderýanyň aşaky akymynda, Zerewşan we Kaşgaderýa oazislerinde aramy elipbiýi esasyndaky horezmi we sogdy ýazuwlar hem giň ýaýrapdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Kuşan şazadasynyň teswiri**

Ýazuwuň dürli görnüşlerine degişli tapyndylar Kuşan patyşalygynyň dünýädäki köp döwletler bilen giň gerimli aragatnaşygyny delillendirýär.

### Dini ynanç

Kuşan döwleti döredilende Baktriýanyň, Sogdiananyň esasy ilaty zarduştylyk dinindedi. Kanişka hökümdarlygy döwründe Hindistanyň bir bölegi goşup alnyp, ýakyn aragatnaşyk ýola goýlup, Kuşan döwletiniň çägine girip gelen buddizm dini zarduştylyk bilen bile milady VIII asyra çenli Orta Aziýada bolupdyr.

Hut Surhan oazisi arkaly buddizm Orta Aziýa boýunça ýaýrap başlapdyr.

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Jykyr – ...*** | ***Kuşan ýazuwy – ...*** |
| ***Buddizm – ...*** | ***Aramy ýazuwy – ...*** |



**Buddanyň kellesiniň teswiri.**
*Dalwarzindepe. II–III asyr başlary*

### Binagärlik we sungat

Kuşanlar döwründe gurluşyk we binagärçilik ýokary derejede ösüpdir. Dalwarzindepe we Eski Termiz ýaly şäherler çig kerpiçden gurlan pugta berkitme diwarlary bilen gurşalypdy. Şäherleriň özi hünärmentler mähellelerine we ýaşaýyş jaý kwartallaryna bölünipdir.

*Halçaýandaky* Kuşan hökümdarlarynyň köşgi, Eski Termiz *(Garadepe, Faýazdepe)* we Dalwarzindepedäki buddizm ybadathanalarynda şol döwrüň diwar teswirleri we heýkeltaraşlygyň ýokary sungat nusgalary öwrenilipdir.

Şazadalaryň, köşk emeldarlarynyň, söweşijileriň suraty, Budda heýkeli we Aý-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rytamda tapylan dombraçy hem-de ud saz guralyny çalýan sazçylaryň suratlary şolara degişlidir.

Haşamçylyk ýokary derejede ösüpdir. Dalwarzindepeden piliň süňkünden ýasalan küşt däneleri tapylan. Kuşan sungatynda ýerli däpler, Gadymy Gündogar we Gadymy Gresiýa ellinistik sungat stilleri laýyklaşdyrylypdyr.



**Dombyraçy. Aýrytam ýadygärliginden nusga**

### *Özüňizi synaň!*

***F.Rihtgofen – ...*** ***«Lagl ýoly» – ...***
***«Patyşa ýoly» – ...*** ***Beýik Ýüpek ýoly – ...***

### *Daýanç konspekti*

Kuşan döwleti (mil. I asyr. – mil. III asyr)

→ mil. öň. 140–130-njy ýyllar – ýueçžiler basybalyşlary
→ ýueçžiler → Kuşanlar
→ Baktriýa ýerleşmegi
→ Dalwarzindepe, Aýrytam, Halçaýan
→ Kudzula Kadfiz
→ Wima Kadfiz
→ Kanişka
→ ýazuwlar
→ zarduştylyk, buddizm



**Düýeçiniň heýkeljigi**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Ýueçžiler Baktriýa haçan çozup girýär?
2. Kanişka döwründe Kuşan patyşalygynda nähili özgerişler bolupdyr?
3. Haýsy patyşa döwründe hökümdaryň ady ýazylan teňňeler zikgelenip başlapdyr?
4. Kuşan döwrüniň ýazuwy, sungaty we dini ynanjy barada aýdyp beriň.
5. Kuşan patyşalygynda haýsy dinler ýaýrapdy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 36-§. Beýik Ýüpek ýoly

**Ýatda saklaň!**

**Beýik Ýüpek ýoly** mil. öň. II asyrda emele gelip-dir. Ol «Beýik meridianal ýol» diýlip atlan-dyrylan. Bu ýola «Ýüpek ýoly» diýen ady 1877-nji ýylda nemes geografy **F.Rihtgofen** beripdir.



**Piliň süňkünden ýasalan küşt däneleri**



**Toýun gaplar**

### Emele gelmegi we şahalary

Milady XVI asyra çenli Gündogar bilen Günbatar halklarynyň arasyndaky taryhy-medeni we söwda gatnaşyklarynyň ösmeginde gadymy dünýäde meşhur bolan Beýik Ýüpek ýoly möhüm orun tutupdy. Bu ýol **miladydan öňki II asyrda** emele gelen we *«Beýik meridianal ýol»* diýlip atlandyrylypdyr. Bu ýola «Ýüpek ýoly» diýen at 1877-nji ýylda nemes geografy F.Rihtgofen tarapyndan ber-lipdir.




**Beýik Ýüpek ýoly**

Beýik Ýüpek ýoly döredilmezden öň Orta Aziýanyň we Gadymy Gündogaryň çäginde söwda we medeni alyş-çalyş üçin dürli-dürli ýollar bolupdyr.

Beýik Ýüpek ýoly 12 müň kilometre çenli uzynlykda bolupdyr. Ol Sary deňziň kenaryn-dan başlanyp, Gündogar Türküstan, Orta Aziýa, Eýran, Mesopotamiýa arkaly Ortaýer deňziniň kenarlaryna çenli barypdyr. Bu ýolda Sian, Dunhuan, Ýarkent, Samarkant, Buha-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ra, Termiz, Merw we başga birnäçe şäherler ýerleşipdir.

Sogdianadan Hytaýa ýüň mata, haly, şaý-sep önümleri we gymmat bahaly daşlar eltilipdir; Baktriýadan düýeler, Ferganadan tohum atlar, Badahşandan lagl; Orta Aziýa welaýatlaryndan Hytaýa üzüm, hoz, nar we başga ekerançylyk önümleri eltilipdir. Hindistandan Orta Aziýa welaýatlaryna ýüp-mata we pagta çigidi ýüklenen kerwenler gelipdir; Hytaýdan tüwi getirilipdir.



**Beýik Ýüpek ýoly boýunça**

**Beýik Ýüpek ýoly Çžan Sýanyň häsiýetnamasynda**

Hytaý imperatory U-Di ilçi Çžan Sýany göçme hunn taýpalaryna garşy göreşde ýaran we hyzmatdaş tapmak üçin iberýär. Hunnlar Hytaýyň demirgazyk raýonlaryny talaýarlar. Ilçi hunnlaryň eline ýesir düşýär we on ýyla golaý tussagda bolýar. Ol ýesirlikden gaçyp Fergana jülgesine gelýär. Bu ýerde özi üçin jülgedäki şäherleri açyş edýär. Bu şäherler Fergana döwletine degişlidigini bilýär.

> **Ýatda saklaň!**
> **Çžan Sýanyň** ýörän ýoly Beýik Ýüpek ýoluna esas boldy.

Çžan Sýan Alaý jülgesinden geçip watanyna gaýdýar. Ilçi Hytaý imperatoryna görenbilenlerini aýdyp berýär. Ol Hytaýa Fergana atlaryndan birini we ýorunja tohumyndan getiripdi. Bu ata hytaýlylar «*asman aty*» diýipdirler. Imperator U-Di öz köşgüniň golaýyna ýorunja ekdirýär. Soňluk bilen ol Hytaýyň bütin demirgazygy boýunça ekilýän bolýar.

Çžan Sýanyň ýörän ýoly boýunça Hytaý ýurduny Merkezi we Günbatar Aziýa bilen baglaýan dünýä ähmiýetli Beýik Ýüpek ýoly diýlip atlandyrylýan kerwen ýoly geçýän bolupdyr.



**Çöldäki tümmekler**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Beýik Ýüpek ýoly Gündogar we Günbatar ýurtlarynyň halklaryny özara medeni aragatnaşyk etmäge mümkinçilik berdi.

## Beýik Ýüpek ýolunyň ähmiýeti

Beýik Ýüpek ýolunyň taryhy Gündogar we Günbatar halklarynyň giň gerimdäki medeni aragatnaşyklarynyň we söwda alyş-çalşynyň taryhydyr. Bu taryh özara hyzmatdaşlygy we medeniýetleri baýlaşdyrylmagynyň taryhy bolup, parahatçylyk we ösüşiň esasyny düzüpdir.

Orta Aziýa bu ýoluň esasy ugurlary kesip geçýän merkezinde ýerleşýär. Bu ýere dürli ýurtlardan söwdagärler, hünärmentler, alymlar we sazçylar gelýärdiler.



**Ýüpek gurçugy pilesi**

### *Daýanç konspekti*

Beýik Ýüpek ýoly (mil. öň. II asyr - XVI asyr)

- → 1877 – F. Rihtgofen
- → 12 müň km.
- → Hytaý, Orta Aziýa, Eýran, Mesopotamiýa, Alynky Aziýa
- → Sian – Dunhuan – Ýarkent – Samarkant – Buhara – Merw → Bagdat → Damask
- → ugurlar Samarkant → Termiz → → Balh → Hindistan
- → özara aragatnaşyklar: medeni we söwda



**Beýik Ýüpek ýoly**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Dünýäniň ençeme ýurtlaryny baglap durýan kerwen ýollary şahasyny birinji bolup kim «Ýüpek ýoly» diýip atlandyrypdyr?
2. Beýik Ýüpek ýolunyň uzynlygy näçe?
3. Özbegistanyň haýsy şäherleri Beýik Ýüpek ýolunda ýerleşýärdi?
4. Beýik Ýüpek ýoly boýunça syýahat ediň. Uzak ýurtlar we şäherler barada gysgaça hekaýa düzüň.
5. Söwdagärler Beýik Ýüpek ýoly boýunça haýsy ýurtlardan nämeleri getiripdirler?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# V BÖLÜM
# GADYMY RIM

## 37-§. Gadymy Italiýa

### Tebigy şerti we gadymy ilaty

*Apennin* ýarymadasynda klimat maýyl bolup, ýylboy ortaça ýagyn ýagýardy. Ýarymadany doly eýelän *Italiýa* topragynda gurakçylyk hem, gaty sowuk hem bolmazdy. Azyk önümleriniň bollugy we topragyň hasyllylygy sebäpli köp asyrlaryň dowamynda gadymy Italiýa ilatynyň esasy käri ekerançylyk we maldarçylyk bolupdyr. Gadym zamanlardan başlap Apennin ýarymadasynda dürli taýpalar ýaşapdyr. *Likurlar* Italiýanyň gadymy taýpalaryndan biri bolup, maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar.



Rimlileriň gadymy menzilgähi

«Italiýa» sözüniň grekçeden «vitulus» *öküz, gölejik* manysyny aňladýar. **Mil. öň. VIII-VI asyrlarda** Italiýanyň kenarlarynda koloniýalary esaslandyran grekler bu ýurtda sygyrlary otlatmak üçin ajaýyp otluklary tapypdyrlar.

Apennin ýarymadasyndaky iň uly derýa *Po* derýasydyr. Ýarymadanyň taýpalary *italikler* diýlip atlandyrylypdyr. Italiýanyň demirgazykgünbatar böleginde *etrusklar* ýaşapdyr. Olaryň esasy käri ekerançylyk bolupdyr. **Mil. öň. VIII asyrda** etrusklar Italiýada 12 sany şäher-döwletleri bileleşigini düzýärler. Etrusklar Gündogar ýurtlary bilen erkin söwda-satyk etmek üçin Grek koloniýalary bilen göreşe başlaýarlar. Afrikanyň demir-




Gadymy Italiýa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Gadymy Rim ilaty.** *Pompeýa şäherindäki diwara çekilen surat*

gazyk kenarynda ýerleşýän Finikiýa koloniýasy *Karfagen* şäher-döwleti hem olara goşulýar. Ilki bilen karfagenliler we etrusklar ýeňiş gazanýarlar, emma köp geçmän grek goşuny olary gury ýerde we deňizde derbi-dagyn edýär.

**Özüňizi synaň!**

| |
|---|
| ***Italikler – ...     Etrusklar – ...*** |
| ***«Italiýa»nyň manysy – ...*** |

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öň. 753-nji ýyl** Rim esaslandyrylan sene diýlip kabul edilen.

**Rimiň esaslandyrylmagy**

Rim şäheri *Tibr derýasynyň* boýundaky ekerançylyk menzilgählerinden başlanypdyr. Tibr boýunça ýerleşýän kiçi menzilgähler birleşip, uly şähere öwrülýär. Rim ýedi depelikde ýerleşýär. Tibr joşan wagtlarda depelikleriň arasyndaky ýerler adam geçip bilmeýän batgalyga öwrülýärdi. Şäheriň ýerleşişi harby nukdaý nazardan gaty amatly bolupdyr. Derýa we batgalyk latynlary goňşy taýpalaryň hüjümlerinden goraýardy.

Rowaýata garanda, **mil. öň. 753-nji ýylda** Rim şäheri aga-ini *Romul* we *Rem* tarapyndan esaslandyrylypdyr. Dünýä inenlerinden soň bäbekleri sebede salyp, Tibr derýasynyň boýuna taşlap gidýärler. Derýanyň boýunda olary Ene möjek tapyp, emdirýär we bakýar. Soň aga-inileri bir çopan tapyp alyp terbiýeleýär.



**Rem we Romuly tapyp alan Ene möjek**

Kämillik ýaşyna ýetenlerinde bolsa olar Tibriň boýunda şäher gurmaga aht edýärler. Aga-iniler jenjelleşp, Romul öz inisini öldürýär, şähere bolsa öz adyny berýär. Bu günki günde, rowaýatda aýdylyşy ýaly, ekizleri em-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

diren Ene möjek Rimiň tymsaly hasaplanýar. Rim uly şähere öwrülýär. *Kapitoliý* depeliginde duşmanlardan goranmak üçin gala gurulýar.

**Gadymy Rimde dolandyryş**

Öňler rimliler öz hökümdarlaryny saýlaýardylar. Hökümdarlar hem harby baştutan, hem sudýa, hem ruhany bolupdyrlar. Lakamy *Buýsanjaň Tarkwiniý* diýen adam ýurda saýlap goýulýan hökümdary öldürip, häkimiýeti eýeleýär.

Mundan gazaba münen ilat gozgalaň turzup, Tarkwiniýni şäherden kowup goýberýärler. Şäher ilaty bütin häkimiýetiň bir adamyň elinde jemlenmegine ýol bermeýän dolandyryş şekline geçmegi karar edýärler. Patyşa häkimiýetiniň agdarylmagy Rim respublikasy esaslandyrýar.



**Tarkwininiň şäherden kowulmagy**

**Ýatda saklaň!**
Buýsanjaň Tarkwiniý kowlandan soň, **mil. öň. 509-njy ýylda** Rim respublika diýlip yglan edildi.

### *Daýanç konspekti*

- Apennin ýarymadasy
- Italiýa – «gölejikler ülkesi»
- ligurlar, italikler
- mil. öň. VIII asyr – 12 şäher-döwlet bileleşigi
- mil. öň. 753-nji ýyl – Tibr derýasynyň boýunda Rim şäheri esaslandyryldy



**Rim ybadathanasy.** *Dikeldilen*

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Kartadan Italiýanyň çägini görkeziň we onuň geografik aýratynlyklaryny aýdyp beriň.
2. Italiýanyň ilaty nähili atlandyrylypdyr?
3. «Italiýa» sözi nädip emele gelipdir?
4. Näme üçin Ene möjek Rimiň tymsaly hasaplanýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 38-§. Rim respublikasy

**Respublikany dolandyrmak**

Rimiň hökümdarlary möhüm meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin *Halk mejlisini* çagyrypdyrlar. Halk mejlisi uruş yglan ederdi, ýaraşyk baglaşýardy, kanunalary tassyklardy we ýatyrýardy, ähli möhüm wezipeli şahslary belleýärdi. Bu mejlisiň kararyny *Senat* tassyklapdyr, latynçadan terjime edende «senat» sözi «*aksakgallar geňeşi*» diýen manyny aňladýar. Rimiň düýp ilaty *patrisiýler*, Rime göçüp gelen adamlar we olaryň nesilleri *plebeýler* diýlip atlandyrylypdyr. Rim dolandyryşynda diňe patrisiýler gatnaşyp bilýärdi. Mil. öň. VI asyryň ahyryndan Rim döwleti *respublika* diýlip aýdylyp başlapdyr.



**Rimiň merkezi bölegi**

Latynçadan terjime edende «respublika» sözi «*halk işi*, *umumy iş*» diýen manylary aňladýar («res» – iş, «publika» – halk). Halk mejlisi patritsiýlerden iki adamy bir ýyl möhlete häkim edip saýlapdyr. Olar *konsullar* diýlip atlandyrylýardy.

> **Ýatda saklaň!**
> **Mil. öň. VI asyryň ahyryndan** başlap Rim döwleti **respublika** diýlip atlandyrylyp başlanýar.

Gurply adam dürli ýollar bilen saýlawçylary öz tarapyna çekip, mugt naharlanma gurapdyrlar, sowgatlar paýlapdyrlar we şuňa meňzeş işleri amala aşyrypdyrlar.

Saýlaw güni konsullyga öz kandidatyny goýan gurply adamrlar «*kandida*» diýlip atlandyrylýan ak-ýüpek lybas geýipdirler. Häzirki «kandidat», ýagny nähilidir wezipäni eýelemäge çalyşýan dalaşgär şahs manysyny aňladýan söz hem «kandida»dan gelip çykypdyr. Ak reňk dalaşgäriň wyždany hem onuň lybasy ýaly gubarsyz we päkize bolmalydygyny aňladypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Senat – ...*** | ***Patrisiýler – ...*** |
| ***Plebeýler – ...*** | ***Respublika – ...*** |



**Konsullar**

Senat ýurtda uly häkimiýete eýe bolupdyr. Hiç bir kanun hem Senatda ara alyp maslahatlaşmazdan, Halk mejlisi tarapyndan kabul edilmeýärdi. Esasy wezipeli şahslar – konsullar bolsa gönüden-göni döwleti dolandyrýardylar. Gadymda iň tejribeli we hormatly adamlar Senatda orun eýeleýän bolsa, wagtyň geçmegi bilen konsullar hiç bir saýlawsyz Senatda orun eýeläp bilýän we onuň ömürbaky agzasyna – *senatora* öwrülýän ýagdaýy gazanypdyrlar.

Uruş başlanan tagdyrda ýa-da halk gozgalaňy bolanda *diktator* we onuň orunbasary – goşunlaryň baştutany edip bellenýärdi. Diktator çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolupdyr. Emma ol häkimiýetde alty aýdan köp saklanyp bilmeýärdi.

**Ýatda saklaň!**

**Senat** 300 adamdan ybarat bolupdyr. Ýekeje kanun hem Senatda ara alyp maslahatlaşman, **Halk mejlisi** tarapyndan kabul edilmeýärdi.

***Rim respublikasynyň dolandyryşy***




Her bir konsuly 12 adamdan ybarat hormatly garawul – *liktorlar* gorap gezýärdi. Konsul jenaýatçylary jezalandyrmak mümkinçiligine eýeligi alamaty hökmünde liktorlaryň eginlerine ortasyna paltajyk sanjylan çeýe ýüp daňyny dakyp ýöräpdirler.



**Plebeýler gozgalaňy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Konsullar iki adam bolup, olar möhüm meseleleri çözende bir-birleri bilen maslahatlaşmaly bolupdyrlar. Konsullar ýylyň dowamynda Rim respublikasyny dolandyryp, rimlileri sud edýärdiler. Harby döwürlerde bolsa olar goşunlara serkerdelik edipdirler. Her ýyl olar Halk mejlisine hasabat berýärdiler. Rim respublikasynda *halk tribuny* wezipesi hem döredildi. Halk tribunlary garyp rimlileriň bähbitlerini goraýardy. Olar mejlislerde ähli raýatlaryň deň we gizlin sesi bilen saýlanýardy. Halk tribuny «veto» (gadagan edýärin) sözüni aýtmagy mümkin bolan, şeýle ýagdaýda kanun kabul edilmeýärdi.



**Kanuny bozanlara görä ten jezasy ulanylýardy**

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Diktator –...*** | ***Liktorlar – ...*** |
| ***Konsullar – ...*** | ***Halk tribuny – ...*** |

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öňki III asyr** başlaryna gelip Rimiň ähli raýatlary ýagdaýyna seretmezden kanunyň öňünde deň diýlip hasaplanýan kanunlar kabul edildi.

**«12 jedwel kanunlary»**

Gadymy Rimiň kanunçylygy agzeki kanunlara esaslanýardy. Sudlarda köplenç adalatsyz kararlar çykarýan patrisiýler mejlis düzýärdiler. Plebeýleriň talabyna görä, on sany patrisiýden ybarat komissiýa düzülip, olar kanunlaryň tekstlerini düzmeli bolupdyrlar. Emma komissiýa bu işi ahyryna ýatirip bilmändir.

Şonda esasan plebeýlerden ybarat bolan Rim goşunlary pitne turuzýarlar. Olar Rimiň töweregindäki Mukaddes daga gidýärler we öz kanunlaryna eýe bolan täze şäher dörederis, diýip duýdurýarlar. Şeýdip 12 sany mis liste oýup ýazylan kanunlar hemme görer ýaly Rimiň merkezi meýdany – Foruma ýerleşdiripdirler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Patrisiýler 12 jedwelden düzülen täze kanunlary kabul etmäge mejbur bolýarlar.

Bu kanunlar hususy eýeçiligi eldegrilmesiz diýip yglan edýär, emma olar esasan plebeýleriň we patrisiýleriň deňsizligini kanunlaşdyrypdyrlar. Diňe **miladydan öňki III asyryň başlaryna** gelip Rimiň ähli raýatlary ýagdaýyna seretmezden kanunyň öňünde deň diýlip hasaplanýan kanunlar kabul edilipdir.



**Kanunlar gullara degişli däldi. Olary bazarlarda arkaýyn satýardylar**

## *Daýanç konspekti*

- respublikanyň ýokary häkimiýeti – Halk mejlisi
- Senat – «aksakgallar geňeşi»
- patrisiýler
- plebeýler
- respublika – «halk işi»
- konsullar – respublikanyň baş wezipeli şahslary
- diktator – uruş döwründe Rimiň hökümdary
- halk tribuny – Senatda Rimiň garyp ilatynyň wekilleri
- veto – «gadagan edýärin»
- «12 jedwel kanunlary»

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Rimde respublika dolandyryşy nädip amala aşyrylypdyr?
2. «Respublika» sözi nähili manyny aňladýar?
3. Diktator kim? Haýsy ýagdaýlarda ol Rimiň hökümdaryna öwrülipdir?
4. Rimiň kanunçylygy barada aýdyp beriň. Onuň özboluşlylygy nämede?
5. «12 jedwel kanunlary» kimleriň bähbidini gorapdyr?



**Forum – Rimiň merkezi meýdany.**
*Dikeldilen*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 39-§. Rim respublikasynyň durmuşy



Akweduk (asma suw turbalary)



Rimliniň geými – toga



Merkuriý – söwda-satyk hudaýy

### Şäherlerdäki durmuş

Döwletiň çägi giňeldigi saýyn şäherler hem köpelipdir. Rimiň şäherleri öňünden pugta işlenilen plan esasynda gurlupdyr. Şäherlerde ençeme owadan jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaý binalary, ybadathanalar, hammamlar, söwda hatarlary we dermanhanalar bolupdyr.

Adamlaryň aglabasy 2–3 etažly binalarda ýaşapdyr. Gurply adamlar bolsa özlerine mahabatly öýleri gurýardylar. Şeýle öýlerde merkezi ýylydyş ulgamy bolupdyr: pollar ýyladylýardy, turbalar arkaly öýlere suw getirilýärdi. Öý *mozaikalar* – çüýşe ýa-da daş parçalaryndan işlenen suratlar bilen bezelipdir. Patyşa mahsus bolan ýaşaýyş jaýlary – *willalaryň* diwarlaryny *freskalar* – çig suwagda işlenen suratlar bezeýärdi. Her bir şäher merkezindäki *Forumda* bazar meýdany, halk ýygnaklary üçin ýer we merkezi ybadathana bolupdyr. Suw şähere birnäçe etažly köprä meňzäp gidýän *akweduk* arkaly akyp gelipdir.

Rimiň bazarlarynda uly haryt bolan gullara talap köpdi. Her bir şäheriň gullary söwda çykarylýan bazarlary bolupdyr.

Adamlar geýip gezýän lybaslary olaryň jemgyýetdäki ýagdaýyny görkezipdir. Meselem oglanlar 14 ýaşyna dolýança gülgün ýol-ýol *toga* geýipdirler. 14 ýaşyna dolanlarynda olar kämillik ýaşyna ýeten şahs hasaplanýardy we ap-ak toga geýip başlardylar. Edil şeýle ýüpek togany senatorlar hem geýipdirler. Rimli aýallar dürli reňkdäki köýnekleri geýip, kellesine we eginlerie bolsa ýaglyk ýapynýardylar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Mozaika – ...*** | ***Akweduk – ...*** |
| ***Freska – ...*** | ***Toga – ...*** |

## Gadymy rimlileriň hudaýlary

Gündelik durmuşda rimliler öz hudaýlaryna medet we howandarlyk isläp ýüzlenýärdiler. Hudaýlar üçin mahabatly ybadathanalar gurlupdyr. Rimlileriň hudaýlarynyň aglabasy grekleriň hudaýlaryny ýatladýardy. Möhüm işi başlamazdan öň rimliler hudaýlara gurbanlyklar bagyşlapdyrlar.

Dürli hudaýlar durmuşyň dürli taraplaryny dolandyrýardy. Meselem söweşde şowsuzlyga duçar bolaýsalar, diýmek, haýsydir iş bilen uruş hudaýy *Marsyň* gaharyny getirdik, diýen hyýala barypdyrlar.

Rimiň baş hudaýy, asman, gök gürrüldisi we ýyldyrym patyşasy *Ýupiter* Rim döwletiniň howandary bolupdyr. Rimde hudaýlara sygynmak giň gulaç açan *Neptun* deňiz hudaýy, uky hudaýy *Morfeý*, aw hudaýy *Diana*, at we demirçilik hudaýy *Wulkan*, bahar we söýgi hudaýy *Wenera*, maý hudaýy *Bahus,* sudlama hudaýy *Ýustisiýa*, tagdyr hudaýy bolsa *Fortuna* hasaplanypdyr.

Ybadathanada Rimiň baş hudaýy *Ýupiteriň* ullakan heýkeli oturdylypdyr. Ybadathananyň ýanynda *altar* – gurbanlyk berilýän göterme ýer bolupdyr. Adatda öküzler, goýunlar, doňuzlar ýa-da geçiler gurbanlyk edilipdir.



**Neptun – deňiz hudaýy**



**Ýupiter – ýyldyrym we gürrüldi hudaýy**



**Wulkan – ot we demirçiler hudaýy**

### *Özüňizi synaň!*

***Gadymy rimlileriň hudaýlary – ...***

***Altar – ...*** ***Ybadathana – ...***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Dini dessurlar

Dini dessurlar berk kesgitlenen kadalar boýunça geçirilipdir. Dessurlar geçirilmeginiň üstünden ruhanylar – *pontifikler* – Rim ruhanylary gözegçilik edipdirler. Olar baýramlaryň kalendaryny, dessurlaryň dabaralarynyň tertibini düzýärdiler. 5 adamdan 15 adama çenli ruhanylar jemlenen pontifikler toparyna *Beýik pontifik* ýolbaşçylyk edipdir. Beýik pontifik hudaýlar bilen maslahatlaşyp, üzül-kesil netije berýär, diýip hasaplapdyrlar.



**Ýustisiýa – adyl sud hudaýy**

Rimliler ähli möhüm işleri pal açmakdan başlapdyrlar. Pal açmak ruhanylar – *awgurlaryň* kömeginde amala aşyrylypdyr. Awgurlar guşlaryň perwazyna, gök gürrüldisine, ýyldyrym, mukaddes guşlara sepilen däneler, şöhlelenmä we başgalara garap pal açýardylar, alamatlar göwnejaý bolmasa, işler mälim möhlete gijikdirilýärdi.

Maşgala ojagynyň hudaýy *Westa* ybadathanasynda mukaddes ot saklanypdyr. Mukaddes oty saklamak aýal ruhanalar *westalkalar*yň borçlary hasaplanypdyr. Ot ýanyp durmak bilen, ýaşaýyş bardyr diýip hasaplapdyrlar.



**Fortuna – tagdyr hudaýy**



**Rim ybadathanasy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Daýanç konspekti*

- mozaika
- freskalar
- forum
- akweduk
- hudaýlar → Mars, Ýupiter, Neptun, Morfeý, Wulkan, Ýustisiýa, Fortuna
- ruhanylar – pontifikler, žresler – awgurlar, ruhanalar – westalkalar



Rim esgerleri söweşde



Ýaradar Rim esgeri



Rimdäki Ýeňiş – triumf arkasy

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Rim şäheriniň ilatynyň durmuşy barada aýdyp beriň.
2. Rimlileriň lybaslary nämesi bilen tapawutlanýardy?
3. Rimiň hudaýlaryny sanap beriň. Olar grek hudaýlaryndan nämesi bilen tapawutlanýardy?
4. Pontifik ruhanylar we awgur ruhanylar kim?
5. Westalka ruhanalaryň esasy borjy nämelerden ybarat bolupdyr?

## 40-§.Ortaýer deňzinde hökümdarlyk ugrundaky göreş

**Rim armiýasy** Rimiň güýçli goşuny daşky duşmanlardan goranmak we goňşy ýurtlaryň ýerlerini basyp almak üçin zerurdy. Ilki goşuna adam ýer-mülke eýe



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ok atyjy gural – katapulta



Rimiň harbylarynyň gorag serişdeleri



Gannibal

bolan rimlilerden alnypdyr. Soňra goşun hemişelik harby güýje öwrülipdir. Armiýada 17 ýaşyna ýeten erkek raýatlar gulluk edip bilipdir. 80 adamdan ybarat bolan söweşijiler toparyna *senturiýalar* diýlipdir. Birnäçe senturiýalar *kogortany*, 10 sany kogorta *legiony* düzüpdir. Söweşijileriň aglabasy gowy tälim alan esgerler bolup, olar aýlyk gazançdan daşary geýim we ok-ýaraglar bilen üpjün edilipdir. Gulluk möhleti 25 ýyl bolupdyr. Şonça möhletdäki gullugyň hasabyna legio-ner ýaşaýyş jaýy, ýeterli aýlyk gazanç almak we Rimiň düzümidäki dürli ülkelerde gulluk etmek mümkinçiligine-de eýe bolýardylar.

Rimliler özboluşly söweş alyp barmak taktikasyny işläp düzüpdirler: ilki bilen şäher gurşap alynýar, soňra bolsa *katapulta* diýen gabaw guralyndan peýdalanyp diwarlary deşýärdiler we şähere çozup girýärdiler. Pugta metal tagtajyklardan dikeldilen uzyn gabaw göterme minaralaryň kömeginde belent diwarlardan aşyp geçýärdiler.

Harby toparlar döwletiň çägi boýunça çaltrak hereketlenmegi üçin ýurtda saz (tekiz) ýollar pudagy gurlan bolup, bu ýollar bilen ýurduň islendik ülkesine barmak mümkin bolupdyr. Döwlet araçklerinde daş galalar gurlupdyr.

Söweşlerdäki ýeňişden soň Senatyň kararyna görä, Rimiň goşunlary ýeňşi (*triumfy*) dabaraly belleýärdiler. Dabarada goşunlaryň öňünde dört sany ak argumak goşulan arabada kellesine *lawr* güldessesi sanjyp goýlan ýeňiji serkerde barypdyr. Serkerdäniň yzyndan oljalary alyp barýardylar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Özüňizi synaň!*

***Senturiýalar – ...*** ***Legion – ...***
***Kogorta – ...*** ***Triumf – ...***

**Ýatda saklaň!**
Karfageniň armiýasyna tejribeli serkerde **Gannibal** baştutanlyk edýärdi. Rim armiýasyny – serkerde **Ssipion** dolandyrýar.

## Puni uruşlary

**Mil. öň. III asyryň ortalaryna** gelip, Rim tutuş Italiýany zabt etmegi başardy. Şeýdip Rim döwletiniň çägi barha giňelipdir.

Bu wagtda *Demirgazyk Afrikanyň* kenarlaryny, *Sardinia, Korsika* adalaryny öz içine alan güýçli döwlet – *Karfageniň* gul eýeleri Sisiliýa adasynyň günbatar bölegini eýeläpdiler. Hut Sisiliýa meselesi Rim bilen Karfageniň arasyndaky uruş başlanmagyga sebäp bolupdyr.



**Gannibal söweşijileri**

Rimliler Karfagen bilen üç gezek uruşýarlar. Bu uruşlar taryha *Puni uruşlary* ady bilen giripdi, sebäbi rimliler Karfageni Puna diýip atlandyrýardylar. Birinji uruşda rimliler ýeňiş gazandylar we Sisiliýany basyp alyp, karfagenlileri özlerine salgyt tölemäge mejbur edýärler.

Karfageniň gul eýeleri Ispaniýanyň uly bölegini basyp alýarlar. Karfagen armiýasyna tejribeli serkerde *Gannibal* baştutanlyk edipdi.

### *Özüňizi synaň!*

***Karfagen – ...*** ***Gannibal – ...***
***Puna – ...***



**Rim pyýadalarynyň söweşde**

## Karfageniň weýran edilmegi

Gannibalyň goşunlarynyň Ispaniýadan Italiýa garşy ýörüşleri sebäpli *ikinji Puni urşy* başlanýar. Karfageniň armiýasy *Alp* daglarynyň eteklerine ýetip barýar. Geçip bolmaz ýaly duýulýan daglardan aşan Gan-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

**Mil. öň. 202-nji ýyly** Zama şäheriniň golaýynda Gannibal armiýasy rimliler tarapyndan ýok edildi.



**Karfageniň weýran edilmegi**



**Rim armiýasynyň «Pyşbaga» diýip atlandyrylan gorag galkany**

nibal Demirgazyk Italiýanyň çägine çozup girýär we **mil. öň. 216-njy ýylda** *Kannyň* golaýyndaky söweşde rimlileriň armiýasyny derbi-dagyn edýär. Bu söweşde 70 müň rimli legioner heläk bolupdyr.

Şowsuzlykdan soň rimliler aýgytly söweşlere ýürek edip bilmändirler. Italiýanyň ilaty Gannibaly goldamaýar, çünki Karfageniň hakynatutma goşunlary ýurdy talap weýran edipdiler. Rimli serkerde *Ssipion* garaşylmanda öz goşunlary bilen Afrikanyň kenaryna gelip düşeninden habar tapan Gannibal Karfageni goramaga atlanýar, emma **mil. öň. 202-nji ýylda** onuň goşuny *Zama* şäheriniň golaýynda (Demirgazyk Afrika) rimliler tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

Karfagen Rime boýun bolup uly mukdardaky baýlyk bilen kontribusiýa tölemelidi. Ýöne wagt geçip Karfagen öz güýjüni dikeltmäge çalyşýar.

Üçünji Puni urşunda rimliler Karfageni gabaýarlar. Şäheriň ilaty iki ýyl Karfageni goraýar, şäherde açlyk başlanýar. Rimli legionerler şähere hüjüm edip, otlaýarlar.

Şeýdip, **mil. öň. 146-njy ýylda** Karfagen bütinleý weýran edilýär. Rimiň goşunlary bolsa ýeňşe buýsanyp, talanan olja we müňlerçe gullar bilen Italiýa gaýdyp gelýärler.

**Rim tarapyndan basylyp alnan çäkler**

Puni uruşlaryndan soň Italiýanyň çäginden ep-esli uzakda bolan uly-uly çäkler hem Rim häkimiýetiniň garamagyna geçýär. Basylyp alnan ýerlere rimliler *prowinsiýa* diýipdirler. *Sisiliýa, Korsika, Sardinia, Ispaniýa* we başga



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çäkler ana şolara degişlidir. Prowinsiýalary dolandyrmaga naýyplar *prokonsullar* bellenipdir.

Olar çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolupdyrlar. Prokonsullar adatda bir ýyla saýlanypdyrlar. Prowinsiýalar Rime garşy göreşe birleşmez ýaly rimliler *«Bölüp taşlap, hökümdarlyk et!»* prinsipine esaslanyp çemeleşipdirler. Rimliler käbir şäherlere başgalary olara göriplik etmegi we olar bir-birleri bilen jenjelleşmegi üçin bilgeşleýin ýeňillik berýärdiler.

**Ýatda saklaň!**

Basyp alan ýerlerini rimliler **prowinsiýa** diýipdirler. Prowinsiýalary dolandyrmaga – **prokonsullar** bellenýärdi.

## *Daýanç konspekti*

- senturiý → kogorta → legion
- Triumf
- Puni uruşlary < Karfagen → Gannibal; Rim → Ssipion
- mil. öň. 216-njy ýyl – Rim armiýasynyň derbidagyn edilmegi – Kann söweşi
- mil. öň. 146-njy ýyl – Karfageniň weýran edilmegi
- prowinsiýalar
- prokonsullar
- «Bölüp taşlap, hökümdarlyk et!»



**Rimiň atlylary**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Triumf näme? Haýsy ýagdaýlarda triumf nyşanlanypdyr?
2. Rimiň goşunlary kimlerden düzülipdi?
3. Puni uruşlarynyň esasy sebäbini aýdyň.
4. Kartadan Gannibalyň ýörüşiniň ugruny görkeziň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 41-§. Gullar we gladiatorlar

**Rimde gul eýeçiligi**

Ýeňişli ýörüşler netijesinde Rimde gullaryň sany has-da köpelipdir.

Erkin rimlileriň pikiriçe, gul bütinleý gul eýesiniň ygtyýarynda bolan bir zat ýalydy. Gullaryň gadyry bolmandyr, sebäbi olaryň bahasy gaty arzandy.



**Daş ýonýan gullar**

Rim döwletindäki gullarda zähmetden bähbitlilik duýgusy umuman bolmandyr. Olara hak tölemeýärdiler. Şonuň üçin gullar mümkingadar kemräk we erbedräk işlärdiler. Bara-bara gul zähmetiniň öndürijiligi kemelipdir.

Gullaryň zähmeti gul eýeleri üçin peýdaly dälligi mälim bolýar. Köp gul eýeleri gullary ýeriň kärendeçilerine öwrüp başlaýarlar. Gullaryň gozgalaňyndan gorkan, hasyldarlygy artdyrmaga ymtylan ýer eýeleri öz ýerlerini kiçi-kiçi emläklere bölüp taşlaýarlar we erkin garyplara kärendä paýlap berip başlaýarlar.

Ana şol ýerlerde kärendeçiler ekerançylyk bilen meşgullanýarlar. Olar ýeri näçe gowy işläp bejerseler, hasylyň şonça köp ülşi özlerine nesip edýärdi.



**Rim gul eýesi**

Maýda ýer kärendeçileri *kolonlar* diýlip atlandyrylypdyr. Ýerden peýdalandyklary üçin olar ýer eýesine özleri ýetişdirýän önümleri bilen töleýrdiler.

Bara-bara doly tabyn gullaryň sany kemelýärdi. Käbir ýer eýeleri hojalyklary ýöretmek üçin gullara kiçi ýerleri özbaşdak ýöretmek üçin zähmet gurallary, tohumlyk berýärdiler, bu ýerde hatda maşgalasy bilen bile ýaşamaga rugsat berýärdiler. Şeýle gullar «*külbeli gullar*», ýagny öýli jaýly gullar diýip atlandyrylypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Özüňizi synaň!***

***Kolonlar – ...  «Külbeli gullar» – ...***

**Gladiatorlar söweşi** Rimlileriň söýýän tomaşalaryndan biri *gladiatorlar* söweşi bolupdyr. Aglaba gladiatorlar gullar ýa-da jenaýatçylar bolupdyrlar. Olara mahsus ýapyk mekdeplerde tälim berýärdiler, soňra bir-birleri bilen söweşmäge, tomaşaçylaryň göwnüni götermäge mejbur edýärdiler.

Her bir gladiatoryň aldym-berdimli söweşi tomaşaçylaryň isleglerine baglydy. Söweşiň soňunda tomaşaçylar ýeňilen gladiatoryň diri galjak-galmajakdygyny çözýärdiler. Eger tomaşaçylaryň aglabasy sag eliniň süýem barmagyny ýokary galdyrsa – ýeňilen gladiator diri galypdyr, tersine, pese garatsa – ol tomaşaçylaryň gözüniň öňünde öldürilipdir. Söweşler ullakan daş stadionlarda, *amfiteatrlarda* bolup geçerdi. 50 müň tomaşaçy sygýan *Kolizeý* iň uly amfiteatr bolupdyr.

Käte gladiatorlar uly-uly toparlara bölünip söweşipdirler, şonda sahna söweş meýdanyna meňzäp gidýärdi: öldürilen, ýaralanan we jan berýän gladiatorlar her ýanda agyp ýatardylar. Has-da gyzykly bolmagy üçin gladiatorlaryň söweşleri güýji deň bäsdeşleriň arasynda geçirilipdir. Birinde diňe gylyç we galkan bolsa, başgasynda tor we çeňňek (uçly naýza) bolupdyr.

Tor we çeňňek bilen ýaraglanan gladiator özüni hiç zat bilen gorap bilmese-de, ol bäsdeşini tor bilen dolap taşlamaly we çeňňek

**Ýatda saklaň!**

*«Külbeli gullar»* – gul eýeleri tarapyndan kiçi ýer, zähmet gurallary, tohum bilen üpjün edilen gullardyr. Olara maşgala we ýaşaýyş jaý gurmak hem rugsat edilipdir.



**Kolizeýiň daşardan görnüşi**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bilen öldürmegi mümkindi. Gladiatorlaryň ýabany arslanlar, gaplaňlar, gazaply öküzler bilen hem söweşleri geçirilipdir.

***Özüňizi synaň!***

| | |
|---|---|
| ***Gladiatorlar – ...*** | ***Kolizeý – ...*** |
| ***Amfiteatr – ...*** | ***Çeňňek – ...*** |





**Gladiatorlaryň söweşi**



**Kolizeý**

**Spartak gozgalaňy (mil. öň. 74-71-ý.)**

**Mil. öň. 74-nji ýylda** başlanan *Spartagyň* baştutanlygyndaky gullar gozgalaňy gadymy dünýäde iň köpçülikleýin we guramaçylykly gozgalaňlardan biri bolupdyr.

Rim armiýasynda gulluk etmekden boýun towlanlygy üçin Kapuýa şäherindäki gladiatorlyk mekdebine satyp goýberilen frakiýaly gul Spartak gullary gozgalaň turuzmaga ündeýär.

Emma kimdir bu hakda rimlilere habar berýär. Şonda Spartak we onuň 200-e ýakyn tarapdarlary garawullara hüjüm edýärler we gaçyp çykyp gidýärler. Olar *Wezuwiý* dagyndaky gaýa çykyp ýerleşýärler. Ýuwaş-ýuwaşdan başga gullar hem olara gelip goşulyp başlaýar we gozgalaň turzanlaryň hatary barha giňelýär. Köp geçmän olaryň sany 10 müň adama ýetýär.



**Rim bürgüdi. Rim hökümdarlarynyň simwoly bolupdyr**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gozgalaň turuzan gullary derbi-dagyn etmäge iberilen üç müň adamlyk goşun Wezuwiý daglarynyň ýakynynda harby lager dikýär.

Gabaw başlandy. Spartak garaşylmadyk we aýgytly plany amala aşyrýar. Gullar üzüm şahalaryndan üzeňňi dokap, görünmeýän tarapdan depeden aşak düşýärler. Rimliler toparynyň yzyndan zarba beren Spartak olary derbi-dagyn edýär. Emma köp geçmän gozgalaň turuzanlaryň arasynda agzalalyk peýda bolýar. Gullaryň bir bölegi Rimden gidip, öz ýurtlaryna gaýtmagy makul görýärler. Köp gullar bolsa ýurtdan çykyp gitmezlige, Rimi derbi-dagyn etmäge we gul eýelerinden öç almaga äht edýärler.

Spartaga garşy tejribeli serkerde *Mark Krass* baştutanlygynda köp müň sanly goşun iberilýär. **Mil. öň. 71-nji ýylyň** baharynda bolup geçen aýgytly söweşde Spartagyň goşuny ýeňilýär we onuň özi bolsa ana şol söweşde heläk bolýar. 6 müňden gowrak ýesir Rim-Kapuýa aralygyndaky ýoluň ýakalaryndaky haçlara kakylýar.



**Spartak gozgalaňy**

**Ýatda saklaň!**

Spartak gozgalaň **mil. öň. 74–71-nji ýyllar** dowamynda bolup, gozgalaň gullaryň şowsuzlygy bilen tamamlanypdyr.

## *Daýanç konspekti*

- gul zähmetinden peýda ýokdugy mälim boldy
- kolonlar – maýda ýer kärendeçileri
- «külbeli gullar»
- gladiatorlar
- Kolizeý amfiteatry
- mil. öň. 74-nji ýyl – Spartak gozgalaňy
- Wezuwiý dagyndaky karargäh
- mil. öň. 71-nji ýyl – Spartagyň şowsuzlygy

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Rimde gullaryň sany kimleriň hasabyna köpelipdir?



**Spartagyň heläk bolmagy**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Gullar, kolonlar we «külbeli gullaryň» ýagdaýy bir-birinden nähili tapawutlanýardy?
3. Rimliler gullara garanda nähili gatnaşykda bolupdyrlar?
4. Spartagyň baştutanlygynda gozgalaň turuzan gullaryň söweşleri bolan ýerlerini we ugurlaryny kartadan görkeziň.



**Rim esgerleri dynç alýarlar**

## 42-§. Rim respublikasynyň ýykylmagy

**Sebäpleri**

Gullar gozgalaňlary gul eýelerini uly howsala salýar. Gul eýeleriniň öňünde güýçli häkimiýet bolan *harby diktatura* ornaşdyrmak zerurlygy baradaky mesele çürt-kesik goýlupdy. Senatorlar we az sanly wezipeli şahslar uly döwleti dolandyrmagy känbir üpjün edip bilmeýärler.

**Mil. öň. I asyrda** regulýar hakyna tutma goşunlara daýanýan harby başlyklar real güýje öwrülýärler. Hakynatutma esgerleri Rimiň harby güýji we döwletiň güýçlenmegi däl-de, diňe olja gyzyklandyrardy. Hakynatutma esgerler üçin kimler bilen söweş etmek ýa-da kimleri talamagyň tapawudy ýokdy.

Rimde bolsa döwlet baştutany bolmagy isleýän birnäçe serkerdeler bardy.



**Rimlileriň baýdaklary**

**Sezaryň häkimiýetiniň berkarar bolmagy**

Spartak gozgalaňy basyp ýatyrlyp, çym-pytrak edilensoň *Krass* we *Pompeý* häkimiýet üçin ep-esli wagt göreş alyp barýarlar, emma Rim döwleti üçin alnyp barylýan uruşlardan birinde Krass heläk bolýar. Indi Pompeý üçin Sezar ýeke-täk howply bäsdeşe öwrülipdi. *Galliýa* uruşlaryndaky ýeňişler sebäpli Sezaryň at-abraýy ep-esli artýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýuliý Sezar **mil. öň. 49-njy ýylda** Galliýadaky ýeňişli uruşdan soň Rime barýan ýoldaky *Rubikon* derýasyndan geçmek bilen, ýeke-täk häkimlik üçin aç-açan göreşi başlap goýberýär. Sezar şonda şeýle diýipdir: «Bije taşlandy!»



**Sezar – Rim imperatory**

Rimiň ilatynyň goldawy aýgytly ähmiýete eýe boldy. Pompeýiň goşunlary Ispaniýadady. Sezar ýeňiş gazandy. Ol Rim *imperatory we diktatory* – çäklendirilmedik häkimiýete eýe hökümdaryna öwrülýär. Sezaryň arzuw-islegi Rim üçin kanun güýjüne eýedi.

Bu ýagdaý uzak dowam etmedi. Sezaryň çäklendirilmedik häkimiýetinden närazy bolan senatorlar pitne tutuzýarlar. Olar Sezary öldürmäge we Senata öňki ýagdaýyny gaýtarmaga äht etdiler. Pitnä Sezaryň ýakyn dostlaryndan bolan *Brut* baştutanlyk edýär. Senatdaky mejlis wagtynda pitneçiler Sezary gurşap alýarlar we oňa hanjarlar bilen zarba berip başlaýarlar. Sezar şol ýeriň özünde ölýär.

**Mil. öň. 44-nji ýylda** Ýuliý Sezar hökümdarlygy tamamlanýar. Emma onuň öldürilmegi respublikanyň gaýtadan dikeldilmegine getirmeýär. Serkerdeleriň arasynda göreş we ýurtda raýatlaryň urşy başlanyp gidýär.



**Sezaryň öldürilişi**

***Özüňizi synaň!***

***Krass, Pompeý, Sezar – ...***

***Brut – ...*** ***Imperator – ...***

**Häkimiýet üçin göreş netijeleri** Sezar öldürilenden soň Brut respublikany gaýtadan dikeltmäge synanyşýar. Ýöne hemme senatorlar hem öňki düzgünlere gaýt-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mak islemeýärler. Olaryň aglabasy öz baýlygyny Sezaryň hökümdarlygy döwründe ele alypdy. Brut we onuň tarapdarlary Gresiýa gaçyp gitmäge mejbur bolýar.



**Ýuliý Sezar dinary mil. öň. 49–48-nji ýyllar.**

Şol bir wagtda Rimde Sezaryň ýegeni *Oktawian* peýda bolýar. Ol Brut we onuň tarapdarlaryna garşy göreşe başlaýar.

Demirgazyk Gresiýada Brut goşun toplap, Rime uly howp salýar. Oktawian *Mark Antoniý* bilen bileleşik düzüp, Brutyň ýolbaşçylygynda respublikanyň tarapdarlaryny ýok edýär.

Şondan soň Oktawian Rim döwletiniň Günbatar bölegini, Antoniý bolsa Gündogar bölegini dolandyrmagy öz eline alýar.

Müsüre gelen Antoniý Müsür melikesi *Kleopatra* öýlenýär. Nika sowgady hökmünde Antoniý Kleopatra Rimiň gündogar prowinsiýalaryny (welaýatlaryny) berýär. Bu Oktawianyň närazylygyna sebäp bolýar.

**Mil. öň. 31-nji ýylda** Gresiýanyň kenarlarynda Antoniý bilen Oktawianyň flotlarynyň arasynda söweş bolýar. Söweş gyzygan bir mahalda Kleopatra we Antoniý *Aleksandriýa* şäherine gaçýarlar. Armiýa we flot Oktawian boýun egýär. Soňky ýyl Oktawian goşunlar bilen Müsüre ýetip gelýär. Antoniý we Kleopatra öz-özüni öldürýärler, Müsür bolsa Rim döwletiniň prowinsiýasyna öwrülýär. Şeýdip Oktawian bütin Rim imperiýasynyň ýeke-täk hökümdary bolýar.



**Kleopatra – Müsür melikesi**

**Mil. öň. 29-njy ýylda** Oktawian Senatdan imperator derejesini we *Awgust* lakamyny alyp, Rim imperiýasynyň esaslandyryjysyna öwrülip, ençeme özgertme geçirýär. Imperator giň gerimli gurluşyk işlerini alyp baryp Rimde köp köşkler we ybadathanalar gurulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Oktawian Awgust aradan çykansoň onuň mirasdüşerleri *Kaligula* we *Neronyň* hökümdarlygy döwründe imperiýanyň krizisi başlanýar. Diňe **milady II asyryň** başlarynda Rimiň güýji gaýtadan dikeldilýär. Bu asyr Rim imperiýasynyň «altyn asyry» diýen ady alýar.

**Milady 98-nji ýylda** *Traýan* Rim imperatory tagtyny eýeleýär. Traýan döwründe Dunaý derýasynyň boýlarynda ýaşaýan *daklar* bilen uruşlar alnyp barylýar. Beýikligi 40 metre deň *Traýan sütüniniň* daşynda teswirlenen daklar bilen uruş görnüşleri bu hakda hekaýa edýär. Bu döwürde Siriýa we Mesopotamiya çäkleri Rim imperiýasynyň düzümine girýär.



**Mark Antoniý**

**Ýatda saklaň!**

**Mil.öň. 29-njy ýylda** Oktawian Senatdan imperator derejesini we Awgust lakamyny aldy. Ol Rim imperiýasynyň esaslandyryjysydyr.

### *Özüňizi synaň!*

| | |
|---|---|
| ***Oktawian Awgust – ...*** | ***Sezar – ...*** |
| ***Kleopatra – ...*** | ***Traýan – ...*** |

### *Daýanç konspekti*

- häkimiýet üçin göreş: Krass we Pompeý
- mil. öň. 49-njy ýyl – Ýuliý Sezar – Rim imperatory
- Sezaryň öldürilmegi → Brut
- mil. öň. 31-nji ýyl – Antoniý we Oktawian söweşi
- Oktawian – imperator Awgust
- milady II asyr – Rim imperiýasynyň «altyn asyry»
- milady 98-nji ýyl – imperator Traýan → Traýan sütüni



**Imperator Oktawian Awgust**

### *Soraglar we ýumuşlar*

1. Rimde respublikanyň ýykylmagynyň esasy sebäbini aýdyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Rimde Sezaryň häkimiýeti nädip berkarar boldy?
3. Ýuliý Sezaryň öldürilmegini kim we näme üçin gurady?
4. Ýuliý Sezar öldürilenden soň Rimde nähili özgerişler boldy?
5. Ýeke-täk häkimlilik üçin göreşde näme üçin Oktawian ýeňiji çykdy?



Traýan sütüni

## 43-§. Rim imperiýasynyň ýykylmagy we krizise duçar bolmagy

**Imperiýanyň ýykylmagy**

Imperator Traýan döwründen soň rimliler iri basybalyjylykly uruşlaryny alyp baryp bilmändirler. Milady III asyrda Rim imperiýasynyň güýjii gowşap başlady. Imperatory indi armiýa saýlaýardy, armiýanyň özünde hem dürli toparlaryň arasynda göreş gidýärdi.

Şol bir wagtda imperiýanyň araçäkleriniň demirgazyk-günbatar tarapyndan söweşiji taýpalar peýda bolýar. Rimliler olara «*warwarlar*» diýen lakam beripdirler, ýagny rimlilere görä medeni ösüş taýdan ep-esli pes derejedäki taýpalar hökmünde olary şeýle atlandyrypdyrlar. Şu sebäpli rimliler araçäkde uly armiýa saklap durmaga mejbur bolupdyrlar.

***Özüňizi synaň!***

***«Warwarlar» ...***





Rim pyýadalary

**Günbatar we Gündogar Rim imperiýalary**

Imperator *Konstantin* döwründe, **milady 330-njy ýylda** *Bosfor* aýlagyndaky *Wizantiý* şäheri Rim imperiýasynyň paýtagty diýlip yglan edilýär. Imperatoryň buýrugy bilen şäherdäki ähli köne binalar bozup taşlanýar we täze şäher gu-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rulýar. Şäher imperatoryň hormatyna *Konstantinopol* diýip atlandyrylyp başlaýar.

Ullakan imperiýany Konstantinopoldan durup dolandyrmak kyndy. Imperator *Feodosiý* ölenden soň **milady 395-nji ýylda** Rim imperiýasy onuň iki oglunyň arasynda *Günbatar* we *Gündogar* böleklere paýlanýar. Günbatar bölege Italiýa, Ýewropa we Demirgazyk Afrikadaky welaýatlar, Gündogar bölege bolsa Balkan ýarymadasy, Kiçi Aziýa we Müsür ýerleri giripdir. Gündogar Rim imperiýasynda imperatoryň ýeke-tk häkimiýeti saklanyp galyp, Günbatar Rim imperiýasy bolsa aýratyn döwletlere dargap başlaýar.



**Rimiň bosagasyndaky warwarlar**

## Gotlar Rimde

**Milady 410-njy ýylda** *Alarih* baştutanlygyndaky *gotlar* Rimi gurşap alýarlar. Rimliler olar bilen gepleşige başlaýarlar, emma gijesine gullar derwezeleri açyp berýärler, basybalyjylar şähere kürsäp girýärler. Gotlar heýkelleri ýok edip, gymmatly kitaplary ýakyp, Rimi göni üç gün talaýarlar. Talanan Rim şäheri boşap galýar.

Germanlar sowatsyz bolup, teatrlar, kitaphanalary görmändiler. Rim imperiýasynyň çägine girenlerinden soň olar Rim ymaratlary, arhitekturasy we heýkelleriniň gözelligi we mahabtlylygyny mynasyp bahalap bilmeýärdiler. Bularyň ählisi rehimsizlik bilen ýok edilýär. Germanlar kiçi galalaryny gurşaýan diwarlary berkitmek üçin Rim ybadathanalary we kitaphanalary binalaryndan daş tagtalary goparyp äkidýärler. Kitaplar, heýkeller we başga sungat eserleri hem ýok edildi.

**Ýatda saklaň!**

Imperator Feodosiý ölenden soň **milady 395-nji ýylda** Rim imperiýasy onuň iki oglunyň arasynda Günbatar we Gündogar böleklere paýlandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Gotlar Rimi talaýarlar**

**Ýatda saklaň!**

Rim **410-njy ýylda Alarih** baştutanlygynda gotlar tarapyndan ýok edildi.



**Wandal esgeri**

## Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagy

Gotlaryň Rimi eýelemegi imperiýanyň ilatyny howsala salýar. Ýüz ýyllar dowamynda rimliler özleriniň ähli bäsdeşleriniň üstünden ýeňiş gazanypdylar, özlerini dünýä hökümdary hasaplapdyrlar. Rimi bolsa «*baky şäher*» diýip taryplapdyrlar.

Rimiň ilatynyň aglabasy Rimiň pese gaçmagy bilen bütin dünýä ýok bolup gitjegine ynanýardy. Emma dünýä heläk bolmady.

Alarih hem öldi, ýöne Rimiň ondan gazaplyrak duşmany – *Attilanyň* baştutanlygynda *hunn* taýpalary peýda bolýar. Attila Gündogar Rim imperiýasyna hüjüm gurap başlaýar. **Milady 452-nji ýylda** hunnlar Italiýa çozup girýärler.

**Milady 455-nji ýylda** Rime germanlaryň *wandal* taýpalary hüjüm edýär, olar iki hepdäniň dowamynda şäheri talaýarlar. Wandallar özleri bilen äkidip bilmeýän hemme zady ýok edýärler.

Milady 476-njy ýylda german taýpalarynyň Rimdäki hakynatutma goşunynyň serkerdesi *Odoakr* soňky imperator *Romuly* tagtdan agdarýar we imperator derejesi nyşanyny Konstantinopola iberýär.

Öňki Günbatar Rim imperiýasynyň çäklerini german taýpalary eýeleýärler. Şeýdip **milady 476-njy ýyl,** Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagy we Gadymy dünýä taryhynyň gutarýan senesi hökmünde taryha girdi. Şu seneden başlap orta asyrlar taryhy başlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Söweşden görnüş

**Ýatda saklaň!**

**Milady 455-nji ýylda** Rime germanlaryň wandal taýpalary hüjüm etdi, olar iki hepdäniň dowamynda şäheri taladylar.

## *Daýanç konspekti*

- 330-njy ýyl – Rim imperiýasynyň paýtagty – Wizantiý (Konstantinopol)
- 395-nji ýyl – Rim imperiýasy – Günbatar / Gündogar
- 410-njy ýyl – Rimiň gotlar tarapyndan weýran edilmegi– Alarih
- 452-nji ýyl – hunnlaryň Italiýa çozup girmegi – Attila
- 455-nji ýyl – german wandal taýpalarynyň çozup girmegi
- 476-njy ýyl – Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagy



**Rimlileriň wandallaryň goşunlary bilen bolan söweşi**

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Rim armiýasy barada aýdyp beriň.
2. Rimliler kimlere «warwarlar» diýipdirler? Rimliler warwarlaryň haýsy taýpalary bilen çaknyşýarlar?
3. Rim imperiýasynyň Günbatar we Gündogar imperiýalara bölünmeginiň sebäbi nämede?
4. Rimiň basyp alynmagy barada aýdyp beriň.
5. Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagynyň sebäplerini sanaň.

**Ýatda saklaň!**

**476-njy ýylda** Günbatar Rim imperiýasy ýykyldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 44-§. Gadymy Rimiň medeniýeti



**Gurply rimliniň öý-galasy**

### Rimlileriň durmuş terzi

Gadymy zamanlarda rimli aristokratlar bolan patrisiýler bir gatly adaty jaýlarda ýaşaýardylar, hojalykda gullar hem köp däldi.

Wagt geçip rimlileriň durmuşynda ýiti özgerişler bolýar. Gurply adamlar ýaşaýan depeliklerde tomaşa baglary we çarbaglar köp, howasy bolsa tep-tekiz ýerleşişine garanda ep-esli sagdyn we arassarak bolupdyr. Imperatoryň ýakyn adamlary kaşaň binalara eýelik edýärdiler.

Ýönekeý rimliler depelikleriň ortasyndaky tekiz ýerlerde ýaşapdyrlar. Bu ýerlerde köçeler dar we hapa bolupdyr: zibili göni köçä taşlapdyrlar.



**Rim termalary.** *Häzirki surat*

Üstesine Rimiň ilaty sany hem barha artýardy, çünki Italiýanyň dört tarapyndan tozdurylan daýhanlar paýtagta gaçyp gelerdiler.

Rimli imperatorlar paýtagt ilaty üçin *«termler»* diýlip atlandyrylan kaşaň hammamlar gurdurypdylar (grekçe «yssy» sözünden, «termos» sözi hem şundan gelip çykan). Ujypsyz tölegiň hasabyna her bir rimli termlere düşmek mümkinçiligine eýe bolup, bu ýerde ýüzmek üçin basseýnler, sport zallary bardy. Termalaryň ýanynda tälim almak we ylymlar bilen meşgullanmak üçin kitaphana hem bolupdyr.



**Mum bilen örtülen ýazuw tagtasy**

### Tälim

Medeniýetiň esasy alamaty bolan tälim Rimde özboluşlydy. Çagalaryň mekdepde tälim almagy ata-eneleriň okamak üçin hak tölemek mümkinçiliklerine bagly bolupdyr. Garyp



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rimlileriň perzentleri hojalyk işlerinde ata-enelerine kömek berýänlikleri sebäpli mekdepde okamaýardylar.

Gurply maşgalanyň perzentleri bolsa 6 ýaşdan mekdebe gatnapdyr. Ýazmagy öwrenýän çagalar *stil* diýen metal taýajyk bilen harplary mum örtülen tagtajyklara gytyrdadyp, oýup ýazýardylar.

**Ýatda saklaň!**

*Stil* – mum bilen örtülen tagtajyga ýazmak üçin niýetlenen demir taýajyk.






**Latynça sanlar**

Okamagy, ýazmagy we hasaplamagy öwrenenden soň köpçülik tälim almagy tamamlaýardy. Käbirleri grammatikada (orta mekdepde) okuwyny dowam etdiripdir. Ol ýerde taryh, geografiýa, geometriýa, saz we astronomiýa okadylýardy.

Grek dilini öwrenmäge aýratyn üns berlipdir, çünki ylmyň dürli ugurlaryna degişli kitaplaryň aglabasy grek dilinde ýazylypdy. Syýasy işgär bolmagy islän her bir adam oratorlyk *ritorikany* – öwadan geplemegi özleşdiripdir.

## Binagärçilik we heýkeltaraşlyk

Rim imperiýasynda gurluşyk işleri aýratyn ösüpdi. Amfiteatrlar, sirkler, teatrlar, ybadathanalar, köşkler, triumfal arklar we köp etažly jaýlar gurulýar. Şäheri belent diwarlar gurşaýardy.



**Rimdäki ýol gurluşygy**

Rim binagärçiligi grek binagärçiliginden ymaratlarynyň reňbe-reňligi we owadanlygy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Akweduk gurluşygy**



**Panteon – ähli hudaýlaryň ybadathanasy**

**Ýatda saklaň!**
Ähli hudaýlaryň ybadathanasy – Panteona Rim imperiýasynda ýaşaýan her bir adam gelip özi uýýan hudaýa sygynmak mümkinçiligine eýe bolupdyr.

bilen tapawutlanypdyr. Milady I asyrda Rim iň iri we ilaty köp şähere öwrülipdir. Şol wagtlarda hatda şeýle bir nakyl dokalypdyr: «Ähli ýollar Rime barýar». Tokaýlar, daglar we batgalar arkaly ýollar geçirilipdir. Ýollar bilen bir hatarda, Rim wodoprowody – suw turbalarynyň galyndylary häzire çenli saklanyp galypdyr.

Turbalar ýapgytlyk esasynda gurlan bolup, dagdaky bulaklardan suwuň özi akyp gelýärdi. Suw turbalaryny jarlardan, derelerden we jülgelerden geçirmek üçin *akweduklar* – anhorlaryň ýokarky böleginden geçirilen köprüler gurlupdyr.

Ullakan köprüleri bütinleý daşdan gurmak gymmat düşýärdi we uzak dowam ederdi. Rimliler täze gurluşyk materialy bolan *betony* oýlap tapypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Binagärçilik stilleri. Sütünler**

Rim taryhçylary:



Kwint Kursiý Ruf



Plutarh



Tit Liwiý

Gatandan soň ol daşdan hem berk bolup galypdyr. Beton ulanmagy rimlilere tiz we pugta desgalary gurmaga mümkinçilik beripdir.

Rimiň iň uly amfiteatry bolan *Kolizeý* geçmişdäki mahabatlylyk nusgasy hökmünde häzire çenli saklanypdyr.

Beton oýlap tapylandan soň petikler gümmez şeklinde sütünlersiz gurulýan bolupdyr. Rimdäki *Panteon* (grekçede «ähli hudaýlaryň ybadathanasy» manysyny aňladýar) şu stilde gurlan.

Gadymy Rimde meşhur taryhy eserler döredilipdir. Taryhçy *Tit Liwiý* «Rimiň taryhy»ny ýazypdyr. *Plutarh* grek-rim serkerdeleriniň durmuşy barada kitap ýazyp galdyrypdyr. Kwint Kursiý Ruf «Makedoniýaly Aleksandryň taryhy» eserini döredipdir. Bu eserler bize çenli ýetip gelipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Hristiançylygyň emele gelmegi



Hristianlaryň ilkinji ybadathanasy

Milady I asyryň başlarynda Rim häkimiýeti astynda bolan Palestina ýerlerindäki *Wifleem* şäherinde «Hudaýyň ogly» adyny alan *Isa* doglandygy barada rowaýatlar giň ýaýrap başlapdyr.

Rowaýatlara görä, 30 ýaşynda Isa on iki sany *haworiýleri* (*apostollar*) bilen Palestina boýunça syýahat edip, Hudaýyň aýatlary barada hekaýa edip berýär we täsinlikleri görkezýär – ýaşamakdan umydyny üzen, bejerip bolmaýan näsaglary bejerýär.

Ýerli ruhanylar Isa pygamberi bar dini hakykatlary bozup düşündirmekde aýplap, ony ölüm jezasyna höküm edýärler. Rim naýyby *Pontiý Pilat* bu hökümi tassyklapdyr.



Isanyň haça asylmagy

Rowaýatlara görä, Isany ýer ýüzündäki ilkinji adam – Adam ata jaýlanan *Golgofa dagynda* haja asypdyrlar.

Aradan çykandan soň jesedini bir gowaga goýýarlar. Üçünji güni jaýlamak üçin gelenlerinde Isa Masihiň jesedi goýlan ýerinde ýokdugyny görüpdirler.

Adamlar Isa pygamberiň gaýtadan dirilip, asmana göterilmegine we Ýer ýüzüne gaýdyp geljekdigine ynanypdyrlar.

Isa Masih baradaky rowaýatlar *Ýewangeliýa* (*Injil*) adyny alan, grekçeden terjime edende bu söz «Hoşhabar» manysyny aňladýar. Isa pygamberiň taglymatynyň dowamçylary *hristianlardyr*. Şägirtleri apostollar diýlip atlandyrylypdyr. Hristianlar topa-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ryna *ýepiskoplar* ýolbaşçylyk edýär. **Milady I asyr** – hristiançylyk emele gelen senedir.

Rim hökümdarlary hristianlary yzarlaýarlar, ýyrtyjy haýwanlaryň penjesine taşlaýarlar, dürli sütemlere salýarlar. Bu bolsa adamlaryň närazylygyna sebäp bolýardy.

**Milady 313-nji ýylda** imperator Konstantin hristiançylyk başga dinler bilen deň bir din diýip yglan edilen perman çykardy. Perman hristianlara ybadathanalary gurmaga we açaçan ybadat etmäge mümkinçilik berdi.



**Imperator Konstantin**



**Rowaýata görä, imperator Konstantin hristiançylyk nyşanyny öz esgerleriniň galkanlaryna çekmegi buýrupdyr we ýeňiş gazanypdyr.**

**Ýatda saklaň!**

Hristiançylyk dini **milady I asyrda** emele gelipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## *Daýanç konspekti*

- termler
- ritorika
- binagärlik stilleri
  - Korinf
  - Ion
  - Doriý
- betonyň oýlap tapylmagy
- Panteon
- taryhçylar
  - Kwint Kursiý Ruf
  - Tit Liwiý
  - Plutarh
- Isa Masih
  - Pontiý Pilat
  - Golgofa
  - I asyr
  - Ýewangeliýa

**Ýatda saklaň!**

**Milodiy 313-yilda** imperator Konstantin xristianlik boshqa dinlar bilan teng bir din deb e'lon qilingan farmon chiqardi.

## *Soraglar we ýumuşlar*

1. Rimlileriň durmuş ýörelgeleri barada hekaýa düzüň.
2. Rim döwletinde tälimiň haýsy görnüşleri bolupdyr, nämeleri okadypdyrlar?
3. Rim binagärçiliginiň aýratynlyklaryny aýdyň.
4. Rimdäki iň uly desganyň adyny aýdyň.
5. Rim Panteony barada nämeleri bilýärsiňiz?
6. Isa pygambar kim? Hristiançylyk barada nämeleri bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Netije

Adamzat gadymdan döredilen deňi-taýsyz açyşlardan peýdalanyp gelýärler. Bolar ýeri işlemek usullary, tigir, suw kanallary, elipbiý, kalendar, sanlar, öý we şuňa meňzeş üstünliklerdir.

Biz henize çenli gadymy dünýä halkarynyň döreden medeni ýadygärliklerini görüp haýran galýarys. Häzirki günde gadymy awtorlaryň köp eserleri bizi mertlige, zähmetsöýüjilige, Watany söýmäge çagyrýar.

Döredijilik elmydama gadyrlanypdyr. Hatda gadymy döwürde uzak ata-babalarymyzyň durmuşy howp-hatarlara doly bolanda hem adamlaryň esasy maksady iýmit tapmak bolanda-da adamzat älemi düşünmäge çalyşypdyr. Bu bolsa ruhy-medeni ösüş üçin esas bolup hyzmat edýär.

Grek we rimlileriň Gündogar medeniýeti bilen özara gatnaşygy ylym we sungatyň ösüşiniň çaltlanmagyna, dünýä medeniýetiniň ösmegine getirdi.

Indi siz gadymy dünýä taryhynyň we Özbegistanyň taryhynyň näçe müň ýyllara baryp direlýändigini oňat bilýärsiňiz. Şol uzak geçmişde biziň ýurdumyzda baý medeni mirasyň ösmegi üçin esas döredilipdi. Bu ýerde gadymy şäherler we döwletler döredi. Daýhanlar, hünärmentler we gurluşykçylar özleriniň döredijilik zähmeti bilen ülkämiziň adyny äleme ýaýdylar.

Watana bolan söýgi köp basybalyjylara garşy göreşlerde halk gahrymanlarynyň edermenliginde görünýär. Tomaris, Şirak, Spitamen we başga köp mert gahrymanlar ýurduň azatlygyny özleriniň janlaryndan ýokary goýupdylar.

Ilkinji ýazuw çeşmesi – “Awesto”da iň oňat ýurt hökmünde Özbegistanyň gadymy ekerançylyk çäkleri agzalýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Amyderýanyň eteklerinde, gadymy Horezmiň ýerlerinde, Surhan, Kaşkaderýa we Zerewşan oazisle-rinde zarduşt dini ýaýradyjylary ýowuzlyk bilen gowulygyň arasyndaky ebedi göreş hakyndaky mukaddes kasydany ýaradypdyrlar. Olar adamlary parahatçylyga, adalata we gowulyga çagyrypdyr. Adamlar maşgalasyna, öýüne, suwa we ýere hormat bilen gatnaşykda bolup, perzentlerine adamyň jemgyýetdäki ýokary orny baradaky düsünjäni siňdiripdirler.

Ata-babalarymyzyň taryhdaky gahrymanlyklary, mertligi watansöýüjilik duýgularyny terbiýeleýär, öz Wananynyň bähbitlerini goramagy öwredýär.

Özbegistan Respublikasy Birinji Prezidenti Islam Karimow milli garaşsyzlyk taglymynyň manysyny açyp bermek bilen, ýurdumyzyň ösüşini milletine, diline we dinine seretmezden bütin Özbegistanyň raýatlaryny düzýän jemgyýetiň ruhy gülläp ösmegi we kämil adamy terbiýelemek bilen aýrylmaz baglap, ata-babalarymyzdan galan baý medeni mirasy gadyrlamak we gorap saklamak zerurdygyny nygtapdy.

Halkymyz ýagşylyga, parahatçylyga we ýaradyjylyga ymtylýar. Bu ymtylma baý ruhyýete esaslanan we ýurdumyzyň bu güni we geljekdäki ösüşi, gülläp-ösmegi bilen bagly.

Biz Watanymyzyň maddy we ruhy medeniýetini gorap saklap, toplanan ruhy gymmatlyklary köpeltmek bilen ata-babalarymyzyň haýyrly işlerini dowam etdirmelidiris.

Ruhyýetimizi ýokarlandyrmak babatdaky maksatlary we wezipeleri amala aşyrmak üçin her bir adam özüni öz ýurdunyyň hakyky raýaty diýip duýmagy üçin gadymy, köne taryhy, beýik eždatlarymyzyň baý mirasyny we medeniýetini çuňňur öwrenmeli, bu günki gündäki bütindünýä özgerişlere baý hakykaty aňly ýagdaýda akyl ýetirip bilmeli, jemgyýetimiziň we döwletimiziň ösüşine özüniň hem dahyllydygyny aňmalydyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TARYHY ADALGALARYŇ SÖZLÜGI

*Awstralopitek* – iň gadymy adamyň görnüşi.

*Agora* – Gadymy Gresiýa şäherlerinde halk ýygnanýan ýer, merkezi meýdan.

*Akweduk* – Rim döwründe şähere suw gelýän üstünde ýap bolan beýik köpri.

*Altamir* – Ispaniýadaky soňky paleolite degişli suratlar tapylan gowak.

*Amfiteatr* – sahnanyň töwereginde tomaşaçylar oturmaga niýetlenen gurluşlar bilen gurşalan tamsyz uly desga.

*Animizm* – adamy gurşaýan gurşawda janlaryň we ruhlaryň barlygyna ynanmak. Latynça «aname» sözi «jan», «ruh» düşünjeleri aňladýar.

*Antik* – latynça «gadymy».

*Antik taryh* – Gadymy Gresiýa we Gadymy Rim döwri taryhy.

*Antropologiya* – grekçe «antropos» – adam, «logos» – ylym sözlerinden ybarat bolup, «adam baradaky ylym» manysyny aňladýar.

*Argonawtlar* – altyn sütük (jadyly goçuň derisini) gözläp, «Argo» diýen köp kürekli gämide deňiz syýahatyna çykan Ellada gahrymanlary.

*Arheologiýa* – grekçe «arxayos» – gadymy,«logos» – ylym, diýen manylary aňladýar, maddy çeşmeleri öwrenýän we olar boýunça taryhy geçmişi gaýtadan dikeldýän; gadymşynaslyk.

*Budda* – Siddhartha Gautamanyň ikinji ady, lakamy; «Magaryflanan» ýaly terjime edilýär.

*Buddizm* – miladydan öňki VI asyrda Hindistanda Siddhartha Gautama tarapyndan esaslandyrylan dini taglymat.

*Demokratiýa* – grekçe «halk häkimiýeti», her bir raýat öz ýurduny dolandyrmak meselesi boýunça öz pikirini beýan edýän, şonuň ýaly-da, döwlet dolandyryşynda gatnaşýan jemgyýetçilik düzüm.

*Ellinler* – gadymy grekler; ilki Gresiýanyň ähli ilaty şeýle atlandyrylypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Etnografiýa* – grekçe adalga bolup, «halklaryň häsiýetnamasy» manysyny aňladýar.

*Emeli suwaryş* – kanallaryň we ýaplaryň kömeginde ekinleri suwarmak.

*Falanga* – agyr ýaraglanan esgerleriň birnäçe, adatda 9 ýa-da 16 hatar nyzama durmagy.

*Filosofiýa* – grekçe «filo» – söýmek, «sofiya» – paýhaslylyk düşünjelerinden alnan.

*Faraon* – Müsür hökümdary; «beýik maşgala» manysyny aňladýar.

*Forum* – Rimde ýygnak geçirilýän ýer we söwda-satyk meýdany bolup hyzmat eden şäher merkezi.

*Gilgamyş* – Mesopotamiýanyň mifiki gahrymany, taryhy şahs, Uruk şäheriniň patyşasy.

*Goplit* – Gadymy Gresiýa we Gresiýa-Makedoniya armiýalarynyň agyr ýaraglanan pyýada söweşijisi.

*Gul* – özge bir adamyň emlägi bolan we işçi güýji hökmünde ulanylýan erksiz adam («gepleýän zähmet guraly»); guly satyn almak we satyp goýbermek mümkin bolupdyr.

*Hronologiýa* – asyrlar, döwürler, wagt ölçegi baradaky ylym; dürlüçe wakalar senesi hronologiýanyň kömeginde anyklanýar.

*Ilkidurmuş adamy* – irki, iň gadymy adam.

*Imperator* – latynça «hökümdar», Rimde ilki – hormatly harby dereje, soňluk bilen absolýut hökümdara degişli at.

*Koloniýalar* – gadymy döwürlerde öz ýurduny terk eden adamlar tarapyndan täze ýerlerde esaslandyrylan menzilgähler we şäherler.

*Konsul* – Respublika döwründe Rimdäki ýokary syýasy wezipe. Her ýyl saýlanýan iki sany konsul Senata we armiýa ýolbaşçylyk edipdir.

*Neandertal adamy* – orta paleolit döwründe ýaşan ilkidurmuş adamy. Onuň süňküniň galyndylary ilki Germaniýadaky Neandertal jülgesinden tapylan.

*Nom* – grekçe «welaýat» düşünjesini aňladýar. Müsürdäki ilkinji döwlet.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Nomarh* – Gadymy Musrda ilk döwletiň hökümdary.

*Papirus* – baldagynyň maňzy ýazuw ýazmaga material taýýarlamak üçin ulanylýan gamyş.

*Patrisiýler* – Rimiň gadymy düýpli ilaty.

*Piramida* – mahabatly daş desga, faraonlaryň kümmeti.

*Pitekantrop* – grekçe «maýmyn-adam» manysyny aňladýar. Antropologiýa ylmynda zinjantrop we sinantrop ýaly «dik durup ýöreýän adam» diýlip atlandyrylan. Irki paleolit döwründe ýaşan ilkidurmuş adamy.

*Plebeýler* – Rime göçüp gelen adamlar we olaryň nesilleri.

*Polis* – grekçe «şäher».

*Ruhanylar* – ybadathana ruhanylary.

*Respublika* – «umumy iş» manysyny aňladýar; düzümiň ady.

*Sinantrop* – «Hytaý adamy» manysyny aňladýar. Irki paleolit döwründe ýaşan ilkidurmuş adamy.

*Senat* – «Aksakgallar geňeşi» manysyny aňladýar.

*Sfinks* – göwresi şiriňki we kellesi adamyňky bolan, piramidalary goraýan ullakan heýkel – legendar jandar.

*Termler* – Gadymy Rim şäherindäki jemgyýetçilik hammamlary.

*Siwilizasiýa* – gadymdaky jemgyýet ösüşiniň ep-esli ýokary derejesi (şäherler, ýazuw we döwletleriň ösüşi).

*Şäher-döwlet* – töweregindäki çäkleri tabyn eden özüni-özidolandyrýan şäher.

*Warwar* – ilki: grek dilinde gepleşmeýän islendik daşary ýurtly adam; soňluk bilen bu söz medenileşmedik adamlara görä ulanylýan boldy.

*Ybadathana* – mukaddes diýlip yglan edilen, adamlar hudaýlara sygynýan bina ýa-da ýer.

*Zikkurat* – depesinde ybadathanasy bolan basgançakly iri we belent desga.

*Zinjantrop* – ilkidurmuş adamy, bu adamyň ady onuň süňküniň galyndylarynyň tapylan ýeri «Zinj» jülgesi we grekçe «antropos» – adam sözleri bilen baglanyşykly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## *Jemleýji gaýtalamak*

Gadymy dünýä taryhyny öwrenende taryhy adalgalary we atlary nähili özleşdirendigiňizi synaň. *Jogabyňyzy barlamak üçin şu adalgalar berlen sahypalar hem getirilen.*

*awgurlar – 154*
*awstralopitek – 13*
*agora – 93*
*akweduk – 152, 174*
*akinak – 124*
*akropol –87*
*altar – 153*
*amfiteatr – 161*
*animizm – 15*
*antropologlar – 8*
*aramy ýazuwy – 139*
*aristokratiýa –93*
*arheologlar – 8*
*buddizm – 66*
*çopperler – 14*
*demokratiýa – 93*
*doriýler – 85*
*ellinler – 92*
*ellinleşdirme – 129*
*epigrafika – 5*
*etnograflar – 8*
*filosof – 112*
*falanga – 87, 99, 102*
*fetişizm –16*
*faraon – 30*
*gaýadaş suratlary – 16*
*gladiatorlar – 161*
*giksoslar –32*
*goplitler – 86*
*ieroglifler – 40*
*ilotlar – 89*
*imperator – 165*
*jykyr – 138*
*kasta (warna)lar – 63*
*koloniýalar – 91*
*kolonlar – 160*
*konsul – 148*
*kromanýon – 14,18*
*küýzegärçilik – 45*
*koloniýalar – 91*
*kolonlar – 160*
*konsul – 148*
*kromanýon – 14,18*
*küýzegärçilik – 45*
*liktor – 149*
*legion – 156*
*liqurlar –145*
*lingwistler – 8*
*matriarhat – 11*
*metekler – 87, 94*
*mezolit – 12, 18*
*mikrolitler – 20*
*mozaika – 152*
*mumyýalamak – 38*
*neandertal – 13*
*neolit – 12,20*
*«nom»lar – 30, 31*
*numizmatika – 5*
*ossuariý – 82*
*öndüriji hojalyk – 20*
*özleşdiriji hojalyk – 15*
*paleolit – 12, 23*
*palestra – 88*
*papirus – 28, 40*
*patriarhat – 12*
*patritsiýler – 148,*
*periekler – 90*
*pitekantrop –13*
*plebeýler – 149*
*polisler – 86*
*pontifik – 154*
*prokonsullar – 159*
*prowinsiýalar – 159*
*ruhany – 36, 81*
*sagaris – 124*
*sarkofag – 37*
*sanskrit – 66*
*satrap – 120, 125*
*Senat – 149, 156*
*siwilizasiýa – 5, 28*
*stil – 88, 173*
*strateg – 95*
*sfinks – 38*
*sinantrop – 13*
*şinehat – 44, 51, 60*
*toýun gap – 21, 77*
*tirmeler – 172*
*triera – 100*
*urug – 11*
*urug obşinasy – 11*
*ýazuw çeşmeler – 6,9*
*zarduştylyk – 80*
*zikkurat – 45, 47*
*zinjantrop – 13*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GADYMY DÜNÝÄ TARYHYNA DEGIŞLI TARYHY WE GEOGRAFIK ADALGALAR

Aýrytam – 139
Akkad – 43, 47
Altamir – 16
Apennin - 90,145
Afina – 87, 93
Afrasiýab – 78,124
Assiriýa – 53
Aşşur – 53
Baktra (Zariasp) – 125,126
Baktriýa – 76
Behistun – 9, 60
Dalwarzindepe – 139
Dawan – 135
Deşikdaş – 14
Finikiýa – 53, 55
Ekbatana – 59
Ellada – 91
Elam – 58
Eshata – 126
Eýran – 57
Fiwa – 31
Gang – 61
Golgofa – 176
Grek-Baktriya – 131
Gresiýa – 84
Galalygyr – 133
Gyzyldepe – 78
Goşulyş – 19
Goýungyrlangala –133
Garadepe – 139
Hind – 61
Harappa – 62
Hattusa – 54
Hersones – 91
Halçaýan –140
Huanhe – 68
Iki derýa aralygy – 43
Italiýa – 145
Jarkotan – 24
Janbasgala – 133
Kangýuý – 134
Karfagen – 146,157
Küýzeligyr – 78
Konstantinopol – 168
Korinf – 103
Korsika – 157
Koşala – 65
Krit (Knoss) – 85
Kuruşkat (Kiropolis) – 126
Lagaş – 45
Lakonika – 89
Lasko – 16
Liwiýa – 32
Magadha – 65
Makedoniýa – 102
Malla – 65
Marafon – 98
Margiana – 118
Marokanda – 126
Maurýa – 65
Maçaý – 19
Memfis – 30
Mesopotamiýa – 43
Midiýa – 58
Miken – 85
Müsür – 28
Mitanni – 54
Mohenjodaro – 62
Ninewiýa – 53
Nubiýa – 32
Obişir – 19
Oks (Amyderýa) – 125
Olwiýa – 91
Alympia – 106
Palestina – 55
Pantikapeý – 91
Parfiýa – 130
Pataliputra – 65
Peloponnes – 84
Persepol – 59
Pireý – 88
Rim – 146
Rozett – 40
Sardiniýa – 157
Selungur – 14
Sidon – 55
Sogdiana – 76
Toýunlydepe – 23
Sparta – 89
Suza – 59
Siriýa – 32
Şumer – 43, 47
Teýşebaini – 55
Tir – 55
Tigr – 43
Troýa –107
Tuşpa – 55
Uzyngyr – 78
Ur – 45
Urartu – 54
Uruk – 45
Ýewfrat – 43
Wawilon – 49, 51
Wezuwiý – 162
Wizantiý – 169
Ýerkorgan – 78
Ýahudiýa – 56
Zamanbaba – 23
Zarautsaý – 19
Zerdepe – 139
Zinj – 13



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Gadymy dünýä taryhyndaky atlar


Alarih – 169
Antioh – 130
Antoniý – 166
Aristofan – 109
Arrian – 9, 76
Arhimed – 112
Attila – 170
Aşoka – 65
Aşşurbanapal – 54
Awgust – 166
Bess – 124
Brut – 165
Budda – 66, 67
Çandragupta – 65
Çžan Sýan – 143
Demetriý – 131
Demokrit –112
Demosfen – 102
Diodot – 130
Diogen– 112
Doro I – 9, 59, 98,119
Doro III – 124
Drakont– 93
Dýuperron A. – 82
Eshil – 121
Feodosiý – 169
Fidiý – 110
Filipp II – 102
Frada – 119
Gannibal –157
Geraklit – 112
Gerodot – 9, 96, 112
Gilgamiş – 46
Gomer – 108
Hammurapi – 49
Hafra – 37
Hufu (Heops) – 37
Isa Masih – 176
Kaligula –167
Kambiz II – 34
Kanişka– 138
Kiaksar – 58
Kir II – 34, 58
Kleopatra –166
Konstantin – 169
Krass – 163
Kserks – 100
Kudzula Kadfiz – 138
Kwint Kursiý Ruf – 9
Leonid – 100
Lýu Ban – 73
Makedoniýaly Aleksandr – 65, 112
Menes – 30
Menkaura – 37
Menua – 55
Miltiad – 99
Miron – 88
Mitridat I –131
NEýran – 167
Oktawian
Perikl – 96
Platon (Aflotun) – 113
Poliýen – 120
Pompeý – 164
Pontiý Pilat – 176
Rihtgofen F. –141
Romul – 146, 170
Salawk – 130
Sargon I – 47
Sezar – 165
Sin Şihuandi – 72
Sin Skunha – 119
Sofokl – 109
Sokrat (Sukrot) – 113
Solon – 94
Spartak – 162
Spitamen – 126
Strabon – 9
Ssipion – 158
Şihuandi – 72
Şampol-ýon J.F. – 40
Şirak – 120
Tarkwiniý – 147
Tit Liwiý – 175
Tomaris – 118
Traýan – 167
Tutanhamon – 38
Tutmos II – 33
Tutmos III – 33
U-Di – 73, 143
Ýewtidem – 131
Wima Kadfiz – 138
Zarduşt – 80
Ýahmos – 33




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Gadymy dünýä taryhy senelerde

Mil. öň. 1 million – 100-nji müňýyl – Orta Aziýada irki paleolit döwri

mil. öň. 100 – 40-njy müňýyllyk – orta paleolit döwri

mil. öň. 40 – 12-nji müňýyllyk – soňky paleolit döwri

mil. öň. 12 – 7-nji müňýyllyklar – mezolit döwri

mil. öň. 6 – 4-nji müňýyllyklar – neolit döwri

mil. öň. 4 – 3-nji müňýyllygyň ortalary – eneolit döwri

mil. öň. 4-nji müňýyllyk. – Mesopotamiýada şumerleriň we akkadlaryň menzilgähleri, Uruk, Lagaş, Ur şäherleriniň emele gelmegi

mil. öň. 4-nji müňýyllyk. – Niliň kenarlarynda menzilgähleriň emele gelmegi

mil. öň. 2600-nji ýyl – Müsürde Heops (Hufu) piramidasynyň gurulmagy

mil. öň. 3-nji müňýyllygyň ahyrlary – Hytaýda irki döwletiň emele gelmegi

mil. öň. 3-nji müňýyllyk – Mohenjodaro we Harappa şäherleriniň emele gelmegi

mil. öň. 3-nji müňýyllygyň ortalary – 2-müňýyllyk – bürünç döwri

mil. öň. 2-nji müňýyllyk – Alynky Aziýanyň çäginde irki iri döwletleriň emele gelmegi: Assiriýa, Hett, Mitanni

mil. öň. 2-nji müňýyllyk – Wawilon patyşalygynyň döremegi

mil. öň. 3-nji müňýyllygyň ahyrlary – 2-nji müňýyllygyň başlary – Zamanbaba we Toýunlydepe menzilgäheriniň döremegi

mil. öň. 2-nji müňýyllyk – Miken we Krit döwletleriniň döremegi

mil. öň. XVIII asyr – Wawilon hökümdary Hammurapi (mil. öň. 1792–1750-nji ýyllar) Mesopotamiýany bitewi döwlete birleşdirdi

mil. öň. XVIII asyr – Mohenjodaro we Harappa şäherleriniň krizisi

mil. öň. 1500-nji ýyl – Faraon Tutmos II niň iri basybalyjylykly ýörüşleri

mil. öň. XII asyr – doriýler Lakonikany zabt etdiler we Sparta şäherini esaslandyrdylar



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mil. öň. XI asyr – Ysraýyl döwletiniň emele gelmegi
mil. öň. IX–VIII asyryň başlary – Urartu döwletiniň gülläp ösen döwri
mil. öň. VIII–VI asyrlar – Grek koloniýalarynyň döremegi
mil. öň. VIII–VI asyrlar – Olwiýa, Hersones, Pantikapeý koloniýalarynyň emele gelmegi
mil. öň. 1-nji müňýyllyk – Zarduştylygyň Orta Aziýanyň çägine ýaýramagy
mil. öň. IX–VIII asyrlar – Orta Aziýada demir asyryna geçiş döwri
mil. öň. VIII asyr – Italiýada 12 şäher-ýaranlygynyň döremegi
mil. öň. 776-njy ýyl – Olimpiýa oýunlarynyň ilkinji gezek geçirilmegi
mil. öň. 753-nji ýyl – Rimiň döremegi
mil. öň. VII asyr – Müsüriň ýene bitewi döwlete birleşmegi
mil. öň. VII asyr – Gadymy Baktriýa patyşalygynyň döremegi
mil. öň. VII – VI asyrlar – Gyzyldepe, Afrasiýab, Uzyngyr, Ýerkorgan, Küýzeligyr şäherleriniň ösmegi
mil. öň. VII – VI asyrlar – Hindistanda Magadha, Koşala, Malla döwletleriniň emele gelmegi
mil. öň. VII – V asyrlar – Hytaýda «köp patyşalyk» döwri
mil. öň. 621-nji ýyl – Drakont kanunlarynyň kabul edilmegi
mil. öň. 605-nji ýyl – Assiriýa patyşalygynyň ýykylmagy
mil. öň. 594-nji ýyl – Afinada Solonyň özgertmeleriniň geçirilmegi
mil. öň. 558-nji ýyl – Kir II – Pars patyşalygynyň hökümdary
mil. öň. 539-njy ýyl – Wawilonyň parslar tarapyndan basyp alynmagy
mil. öň. 530-njy ýyl – Kir II-niň Orta Aziýada heläk bolmagy (Tomaris)
mil. öň. 525-nji ýyl – Pars patyşasy Kambiz II tarapyndan Müsüriň eýelenmegi
mil. öň. 522-nji ýyl – Doro I – soltanlygy satraplyklara bölmegi
mil. öň. 522-nji ýyl – Doro I-e garşy Fradanyň gozgalaňy
mil. öň. 519-njy ýyl – sak taýpalaryna garşy Doro I-niň basybalyjylykly ýörişleri (Şiragyň edermenligi)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mil. öň. 509-njy ýyl – Rimde Respublikanyň yglan edilmegi
mil. öň. V – IV asyrlar – Orta Aziýanyň çäginde ilkinji teňňeleriň ýaýramagy
mil. öň. 490-njy ýyl – Marafon düzlügindäki söweş
mil. öň. 480-nji ýyl – Fermopil söweşi (üç ýüz spartalynyň edermenligi)
mil. öň. 480-nji ýyl – Salamin söweşi
mil. öň. 479-njy ýyl – Plateýa şäheriniň golaýyndaky söweş – grekleriň ýeňşi
mil. öň. 443 – 429-njy ýyllar – Afinada strateg Perikliň hökümdarlygy
mil. öň. IV asyr – Horezmiň ahemenileriň zulmundan azat bolmagy
mil. öň. 338-nji ýyl – Heroneýanyň golaýyndaky söweş – makedoniýalylar tarapyndan grekleriň derbi-dagyn edilmegi
mil. öň. 337-nji ýyl – grek şäherleriniň Makedoniýa häkimiýeti astynda şäher-döwletler ýaranlygyna birleşmegi
mil. öň. 334-nji ýyl – Makedoniýaly Aleksandryň Gündogara ýörişi
mil. öň. 330-njy ýyl – Makedoniýaly Aleksandr tarapyndan Ahemeniler soltanlygynyň eýelenmegi
mil. öň. 329-njy ýyl – Makedoniýaly Aleksandryň baştutan-lygyndaky grek-makedonlar tarapyndan Marokandanyň basyp alynmagy
mil. öň. 329-njy ýyl – Zerewşan derýasynyň kenarlaryndaky söweşde grek-makedon goşunlarynyň derbi-dagyn edilmegi (Spitamen)
mil. öň. 328-nji ýyl – Makedoniýaly Aleksandryň armiýasy bilen söweşde Spitameniň ýeňilmegi
mil. öň. 323-nji ýyl – Makedoniýaly Aleksandr aradan çykdy
mil. öň. 312-nji ýyl – Salawka hökümdarlygynyň başlanmagy – Salawkiler döwletiniň esaslandyryjysy
mil. öň. 280-nji ýyl – Antioh – Salawkiler döwletiniň hökümdary
mil. öň. III asr – Zarduşt taglymatynyň ähli tekstleri 21 kitaba jemlenmegi



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mil.öň. III asyr – Kang döwletiniň döremegi
mil. öň. III asyr – Dawan döwletiniň döremegi
mil.öň. 246-njy ýyl – Sin Şihuandi – Sin döwletiniň hökümdary
mil. öň. 216-njy ýyl – golaýynda Rim armiýasynyň derbi-dagyn edilmegi
mil. öň. 206-njy ýyl – Lýu Ban gozgalaňy
mil. öň. 202-nji ýyl – Zama şäheriniň golaýynda rimliler tarapyndan Karfagen armiýasynyň derbi-dagyn edilmegi
mil. öň. II asr – Beýik Ýüpek ýolunyň şekillenmegi
mil. öň. 146-njy ýyl – rimliler tarapyndan Karfageniň weýran edilmegi
mil. öň. 140 – 130-njy ýyllar – Grek-Baktriýa döwletiniň ýueçžiler tarapyndan basyp alynmagy
mil. öň. I asr – Hytaýda kagyzyň açyş edilmegi
mil. öň. 74-nji ýyl – Spartagyň gozgalaňy
mil. öň. 49-njy ýyl – Ýuliý Sezar – Rim imperatory
mil. öň. 29-njy ýyl – Oktawiana Senat tarapyndan imperator derejesi we Awgust lakamynyň berilmegi
milady 98-nji ýyl – Rim imperiýasynda Traýan hökümdarlygynyň başlanmagy
milady I asyr – hristiançylyk dininiň emele gelmegi
milady I – II asyrlar – Kuşan patyşalygynyň gülläp ösen döwri
milady III asyr – Kuşan döwletiniň pese gaçmagy
milady 330-njy ýyl – Rim imperiýasynyň paýtagty – Wizantiý (Konstantinopol)
milady 394-nji ýyl – Olimpiýa oýunlarynyň bes edilmegi
milady 395-nji ýyl – Rim imperiýasynyň bölünmegi: Günbatar we Gündogar
milady 410-njy ýyl – Alarihiň baştutanlygyndaky gotlar tarapyndan Rimiň ýykylmagy
milady 452-nji ýyl – Attilanyň baştutanlygyndada hunn taýpalarynyň Italiýa çozup girmegi
milady 455-nji ýyl – Rime wandallaryň hüjüm etmegi
milady 476-njy ýyl – Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**ANATOLIY SAGDULLAYEVICH SAGDULLAYEV**
**VASILIY ANUFRIYEVICH KOSTETSKIY**

*O‘quv nashri*

# TARIX
# QADIMGI DUNYO

(Turkman tilida)

Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 6-sinfi uchun darslik

*To‘ldirilgan beshinchi nashridan tarjima*

Toshkent – «Yangiyo‘l poligraf servis» – 2017
Nashriyot litsenziyasi AI №185, 10.05.2011 y.

Terjime eden – K. Hallyýew
Redaktor – J. Metýakubow
Tehredaktor – M. Riksiýew
Sahaplaýjy – K. Hallyýew
Korrektor – J. Metýakubow

Original-maketden çap etmäge 13.09.2017 da rugsat edildi. Ölçegi 70x90 1/16. «Arial» garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Çap listi 12,0. Şertli çap listi 14,04. 986 nusgada çap edildi. Buýurma № 17-313.

«O‘zbekiston» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň çaphanasynda çap edildi.
100129, Daşkent ş, Nowaýy köçesi, 30.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrlan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalaýyş kadalaryna esasan doldurylýar:

| | |
|---|---|
| Täze | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| Ýagşy | Kitabyň daşy bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Hemme listleri bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| Kanagatlanarly | Kitabyň daşy ýenjilen, birneme çyzylyp, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanypdyr. Goparylan listleri täzeden abatlanan, käbir sahypalaryna çyzylan. |
| Kanagatlanarsyz | Kitabyň daşy çyzylan, ýyrtylan, esasy esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanypdyr. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzylyp, boýalyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE